J. Ýagşyýew, M. Rahmanowa

PEDIATRIÝA

Lukmançylyk orta okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby

Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2011

UOK 373. 167,1 : 616 – 053. 2/7
Ý 11

Ýagşyýew J., Rahmanowa M.
Ý 11 **Pediatriýa.** Lukmançylyk orta okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

TDKP № 258, 2011 KBK 57.3 ýa 73

© Ýagşyýew J., Rahmanowa M., 2011.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

Gaýtalama:

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

Gaýtalama:

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

GIRIŞ

Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyz Hormatly Prezidentimiziň parasatly syýasaty, ýadawsyz aladalary netijesinde ylym-bilim ulgamynda durmuşyň beýleki ähli ugurlarynda täze Galkynyş döwrüni başdan geçirýär. Bilim ulgamyny özgertmek, ony dünýä derejesine çykarmak şu günüň öňe süren talabydyr. Sebäbi Hormatly Prezidentimiz özüniň belent wezipesine girişen ilkinji gününden başlap ylmy-bilimi özgertmäge uly üns berip başlady.

Türkmenistanda bu ugry kämilleşdirmek hakyndaky resminamalar ýurdumyzda ylym-bilim ulgamyny dünýä derejesine ýetirmäge uly ýol açýar.

1995-nji ýylyň 21-nji iýun aýynda kabul edilen «Saglyk» döwlet maksatnamasy ilatyň jan saglygy baradaky aladany döwlet syýasaty derejesine göterdi. Onda Saglygy goraýşy özgertmegiň, ýagny ony dünýä derejesine ýetirmegiň esasy ugurlary kesgitlenildi. Çagalaryň saglygyny bejermekde we anyklamakda häzirki zaman dünýä derejesindäki enjamlar bilen enjamlaşdyrylan Aşgabatda hem-de welaýat merkezlerinde iň döwrebap anyklaýyş we bejeriş merkezleriniň «Ene mähri» merkeziniň işe girizilmegi, bu möhüm maksatnamanyň iň aýgytly ädimleriniň biridir. Hormatly Prezidentimiziň okuw mekdeplerini döwrebap okuw kitaplary bilen üpjün etmek baradaky tabşyrygyna laýyklykda Türkmenabat lukmançylyk orta okuw mekdebinde «Pediatriýa» dersini okatmagyň maksatnamasyna laýyklykda «Pediatriýa» dersinden synag okuw taýýarlanyldy.

Bu okuw kitabynda çaganyň bedeniniň anatomo-fiziologiki aýratynlyklary, fiziki we psihiki ösüşi, çagalarda dürli keselleriň alamatlary, bejerilişi we öňüni alyş çäreleri, gözegçilik etmek, kiçi ýaşly çagalaryň iýmitlendirilişi, goşmaça naharlaryň berliş düzgünleri, çagalarda birek-birege geçiş infeksiýalarynyň geçiş aýratynlyklary ýazylyp beýan edildi.

Okuw kitaby lukmançylyk orta okuw mekdebiniň talyplary, orta medisina işgärleri üçin niýetlenendir.

PEDIATRIÝA YLMYNYŇ GYSGAÇA TARYHY

Pediatriýa – bu grek sözünden gelip çykyp «pais-çaga, iatreia – bejermek» diýen manyny aňladýar, diýmek, bu çagalary bejermek baradaky ylymdyr.

Pediatriýa çaganyň bedeniniň anatomo-fiziologik aýratynlyklaryny, fiziki we psihiki ösüşini, bedeni berkleşdirmegiň usullaryny we çagalarda dürli keselleriň alamatlaryny, bejerilişini we öňüni alyş çärelerini öwredýär.

Pediatriýa özbaşdak ylym hökmünde geçen XIX asyryň 30-40-njy ýyllarynda öwrenilip başlanyldy. Pediatriýa ylmynyň ösüşini 3 döwre bölmek bolar.

I döwürde Pediatriýa özbaşdak ylym hökmünde däl-de, eýsem, beýleki ylymlaryň, esasanam, akuşerçiligiň we terapiýanyň esasynda ösýär.

Pediatriýa ulgamynyň ösmeginiň II döwri XIX asyryň ikinji ýarymyndan XX asyryň başyna (1917-nji ýyllary) çenli dowam edýär.

Bu döwür pediatriýanyň aýratyn ylym hökmünde beýleki ugurlardan, esasanam terapiýadan, akuşerçilikden aýratynlykda seredilip başlanyldy. Bu döwürde pediatriýanyň ösmegine N. F. Filatow, G. N. Sparenskiý, B. I. Molçanow, A. F. Tur dagylar uly goşant goşdular.

N. P. Gundobin Peterburg mekdebiniň uçurymy, esasanam, çagalaryň gurluş-fiziologiki aýratynlyklaryny öwrenmekde örän köp işleri amala aşyrdy. Olar barada özüniň «Çagalyk döwrüniň aýratynlyklary» kitabyny ýazdy.

Rossiýada ilkinji çaga hassahanasy Peterburgda 1834-nji ýylda açyldy. 1842-nji ýylda Moskwa şäherinde 50 orunlyk çaga hassahanasy açyldy. Häzir ol klinika N. F. Filatowyň adyny göterýär.

Pediatriýa ylmynyň ösmeginiň III döwri 1917-nji ýyldan soňky döwri, ýagny sowet döwrüni öz içine alýar. Bu döwürde enäniň we çaganyň saglygy barada alada döwlet işi hökmünde garalyp ugrady we olaryň saglygyny goramagyň ulgamy döredildi. Onuň esasy ugry bolsa keseliň öňüni almak meselesi bolup durýar.

Türkmenistanda pediatriýa gullugynyň ösüşi

Pediatriýa ylmynyň ösmegi, esasanam, 1932-nji ýylda Türkmen Döwlet medisina institutynyň we şol institutda pediatriýa kafedrasynyň açylmagy bilen baglydyr. Pediatriýa kafedrasynyň ilkinji ýolbaşçysy I.I. Rozlowskiý boldy. 1979-njy ýyldan başlap bu kafedra professor I. Deryaýew ýolbaşçylyk etdi. 1962-nji ýylda lukmanlary kämilleşdiriş fakultetiniň pediatriýa kafedrasy açyldy we oňa 1962-1963-nji ýyllarda W. G. Paşikowa ýolbaşçylyk etdi. Türkmenistanda pediatriýa ylmynyň we gullugynyň ösmegi 1979-njy ýylda açylan Eneleriň we çagalaryň saglygy goraýyş ylmy-barlag institutynyň uly ýardam bermegini bellemelidir. Dürli ýyllarda bu instituta professorlar W. N. Bondarew (1979-1985 ý), W. Ýe. Radzinskiý (1986-1993 ý.), E. D. Rozyýewa (1994-1995 ý.) ýolbaşçylyk etdi. 1995-nji ýyldan bäri ylmy-barlag merkezine dosent Ç. M. Nazarow ýolbaşçylyk edýär. 1996-njy ýylda Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezine Türkmenistanyň gahrymany Gurbansoltan ejäniň ady dakyldy. Ýeri gelende Türkmenistanda pediatriýa ulgamynyň ösmegine görnükli professorlar I. Deryaýew, T. A. Baýramowa, G. Ç. Hanamowa dosentler W. R. Çaryýewa, S. Ç. Akmyradowa, O. H. Allanazarowa, Ş. A. Sähetdurdyýew, S. Babaýewa, A. Sapargeldiýew ýaly ençeme alym lukmanlaryň aýratyn goşant goşandyklaryny bellemelidir. Çagalaryň saglygyny goramakda, gözegçilik etmekde orta bilimli şepagat uýalarynyň hem roly uludyr, şonuň üçin hem ähli welaýatlarda orta medisina işgärlerini taýýarlamak üçin lukmançylyk orta okuw mekdepleri açyldy. Türkmenistan Garaşsyzlygyny alanyndan soň Enäniň we çaganyň saglygyny goramak, sagdyn nesli ösdürip ýetişdirmek esasy üns merkezine öwrüldi.

Welaýatlarda anyklaýyş merkeziniň hem-de «Ene mähri» merkeziniň açylmagy olaryň häzirki zaman döwrebap enjamlar bilen abzallaşdyrylyp, öz kärine ökde lukmanlaryň, şepagat uýalarynyň işlemegi enäniň we çaganyň kesellerini öz wagtynda anyklap bejermeklige uly ýardam berýär.

ÇAGA DÖWÜRLERI WE ONUŇ HÄSIÝETLENDIRILIŞI

I. Perinatal döwri – göwreliligiň 28 hepdesinden başlap, bäbek dünýä inenden soňky I hepdäniň ahyryna çenli döwri öz içine alýar. Ol öz gezeginde üç döwre bölünýär: giçki düwünçeklik (antenatal ýa-da giçki fetal), dogrum (intranatal) we doglandan soňky 7 gün (postnatal ýa-da irki bäbeklik) döwürleri.

Giçki düwünçeklik döwri – düwünçegiň göwredäki ösüşiniň 28 hepdesinden dogrumyň başlanýan wagtyna çenli aralygy öz içine alýar.

Dogrum döwri – dogrumyň başlan wagtyndan bäbegiň dünýä inmegine çenli döwür.

Irki bäbeklik döwri – bäbek dünýä inenden soňky I hepdäni öz içine alýar.

II. Bäbeklik döwri – bäbegiň dünýä inen pursadyndan 28 güne çenli döwri özüne birleşdirýär.

Bäbeklik döwri – irki (7 güne çenli) we giçki bäbeklik döwürlere bölünýär:

Giçki bäbeklik döwri – 7 günden 28 güne çenli bolan aralygy öz içine alýar. Bäbek bu döwürde täze ýaşaýyş şertlerine uýgunlaşýar, onda özbaşdak dem alyş, gan aýlanyş başlanýar, ähli içki synalary işläp başlaýar, göbek galyndysy düşýär, göbek ýarasy bitýär. Bu döwürde bäbekde käbir fiziologiki ýagdaýlar ýüze çykýar. Fiziologiki sarygetirme, fiziologiki agram ýitirme, mastit, fiziologiki eritema.

Bäbeklik döwründe çagany hökmany ýeke-täk ene süýdi bilen iýmitlendirmeli. Bu döwürde bäbeklerde piodermiýa, sepsis, omfolit ýaly keseller duş gelýär. Şepagat uýalary enelere bäbeklere dogry gözegçilik etmelidigini öwretmeli.

III. Ene süýdüni emýän döwri. Bu döwür bir ýaşa çenli dowam edýär. (1 aýlykdan – 1 ýaş aralyk döwri). Bu döwürde çaganyň nerw ulgamy ösýär, agramy 3 esse köpelýär, boýy 23-25 *sm*-e çenli ösýär. Çaga kellesini tutup başlaýar, oturýar, ýöreýär, ilkinji sözleri gürläp başlaýar, dişleri çykýar, Bu döwürde çagalarda iýmit siňdiriş ulgamynyň keselleri duş gelýär. Rahit, gipotrofiýa (iglemek), ekssudatiw – kataral diatezi we dürli ýokanç keselleri hem bolmagy mümkin.

IV. Süýt dişler döwri – bu döwür 1 ýaşdan 6-7 ýaşa çenli dowam edýär. Çaga gowy gepläp başlaýar, hereketleri gowulaşýar, daş-töwerek bilen gyzyklanmasy güýçlenýär. Bu döwürde çagalarda köp şikeslenmeler (trawmatizm) duş gelýär. Çagalar okamagy, ýazmagy öwrenip mekdebe taýýarlanýarlar, süýt dişleri düşüp hemişelik dişler bilen çalşyp başlaýar. Çagalarda diareýa, soguljan keselleri, anemiýalar, käbir çaga infeksiýalary (garamyk, gyzamyk, hapgyrtma, täjihoraz) duş gelýär.

V. Kiçi mekdep döwri. Bu döwür 6-7 ýaşdan 11-12 ýaşa çenli dowam edýär. Bu döwürde çagalaryň et – süňk ulgamlarynyň ösüşi güýçlenýär, süýt dişleriniň hemişelik dişleri bilen çalyşmagy tamamlanýar. Oglanlaryň we gyzlaryň merkezi nerw ulgamynyň ösüşi birneme tapawutlanýar. Meselem: her dürli oýunlary, özlerini alyp baryşlary. Bu döwürde, esasanam, çagalarda rewmatizm, ýürek keselleri, damar distoniýasy ýaly keseller köp duş gelýär.

VI. Jyns taýdan ýetişen döwri. Bu döwür 12 ýaşdan 16-17 ýaşa çenli dowam edýär. Bu döwürde çagalaryň fiziki we psihiki ösüşi tamamlanýar, endokrin ulgamynda üýtgeşmeler bolup, jyns mäzleriniň ýerine ýetirýän işleri ýokarlanýar. Şonuň netijesinde oglan-gyzlaryň daşky görnüşleri üýtgeýär, ilkinji jyns alamatlary peýda bolup başlaýar. Bu döwürde keseller edil uly adamlaryňky ýaly geçýär.

ÇAGANYŇ FIZIKI ÖSÜŞINE BAHA BERMEK

Çaganyň fiziki ösüşine baha bermek üçin onuň agramyny, boýunyň uzynlygyny, kelle we kükreginiň göwrümini ölçemekdir.

Eger çaganyň agramy, boýunyň uzynlygy onuň ýaşyna gabat gelýän bolsa, onda bu çaganyň fiziki ösüşi kadalydyr diýip hasaplanýar

we onuň kalendar ýaşy biologiki ýaşyna gabat gelýär. Şeýle çagalara **normotrofik** çagalar diýilýär.

Eger çaganyň fiziki ösüşi onuň ýaşyndan ep-esli öňe gidýän bolsa, onda bu çagalara **akselerat** çagalar diýilýär. Şeýle prosese **akselerasiýa** diýilýär.

Dogrumdan soňky çagalaryň islendik ýaşyndaky ösüşine garanyňda, birinji 6 aýlykda olar hasda tiz ösýärler, takmynan, bir hepdäniň dowamynda 200 *g* agram, alýarlar we 1 *sm* boýlary ösýär. Birinji ýaşynyň dowamynda wagty ýetik doglan çagalaryň agramy üç esse köpelýär we boýunyň ölçegi 50% uzalýar. Şeýle basym depginde ösýänligi bilen baglylykda çagalaryň iýmite bolan talaby agramynyň kilogram sanyna görä ýokary bolýar, hem-de esasy talap çaganyň *fiziki* ösüşi üçin gerekli beloklaryň hasabyna durýar.

Fiziki ösüş – bu bedeniň agramynyň we ölçegleriniň ulalmagydyr, ol bedeniň agramyny ýa-da boý alşyny öz içine alýar.

Bir ýaşa çenli çagalaryň agramynyň we boýunyň artyşy

Täze doglan çaganyň agramyň ortaça 3400-3500 *g* oglanlarda, 3200-3400 gyzlarda. Ýöne bu görkeziji köpelip we azalyp biler. Täze doglan bäbekleriň boýy 48-52 *sm* ortaça 50 *sm* bolmalydyr.

Bir ýaşa çenli çagalaryň agramynyň artyşy

Ýaşy, aýy	Her aýda goşulmaly agram *g*-da	Öňki aýlarda goşulmaly agram *g*	Ýaşy, aýy	Her aýda çaganyň bedenine goşulmaly agram *g*	Öňki aýlarda goşulmaly agram bilen bilelikde *g*
1	600	600	7	600	4900
2	800	1400	8	550	5450
3	800	2200	9	500	5950
4	750	2950	10	450	6400
5	700	3650	11	400	6800
6	650	4300	12	350	7150

Takmynan, çaganyň agramy I ýarym ýylda şu aşakdaky formula boýunça hasaplanýar.

Çaganyň agramy = Çaganyň doglan wagtyndaky agramy gramda + 800 · *n*.

Bu ýerde *n* – çaganyň aýy.

6 aýlykdan soň çagalaryň agramy şu aşakdaky formula boýunça kesgitlenýär.

Çaganyň agramy = Çaganyň doglan wagtyndaky agramy gramda + 800 · 6 + 400 · (*n* – 6).

Bu ýerde *n* – çaganyň umumy ýaşan aýyny aňladýar.

Bir ýaşdan 10 ýaşa çenli çaganyň agramy şu aşakdaky formula boýunça hasaplanýar:

$$X = 10\ kg + 2 \cdot n.$$

Bu ýerde *n* – çaganyň ýaşy.

Çaganyň agramynyň artyşynyň 10%-e çenli köpelip azalmagy patologiki ýagdaý hasaplanmaýar. Agramyň artyşy iýmitiň görnüşine, daşky gurşawyň täsirine baglydyr.

Çaganyň boýunyň ösüşi

Ýaşy, aýy	Her aýky boýunyň ösüşi, *sm*	Her kwartalda boýuň artyşy	Ýaşy, aýy	Her aýda boýuň ösüşi, *sm*	Her kwartalda boýuň artyşy, *sm*
1	3		7	2	
2	3	9	8	2	6
3	3		9	2	
4	2.5		10	1	
5	2,5	7,5	11	1	3
6	2,5		12	1	

Bir ýaşyna çenli çagalaryň boýy örän çalt ösýär. Olaryň boýy, takmynan, 25 *sm* artýar.

Kelle aýlawy – täze doglan bäbekde 34-36 *sm* bolýar, her aýda 1 *sm* artýar.

Döş kapasasynyň aýlawy – täze doglan bäbekde 32-34 *sm* bolýar, her aýda 1,2 *sm* artýar.

Doglan wagty çaganyň agramyny, boýunyň uzynlygyny we kelle aýlawyny ölçemek, soňra bäbeklik döwründe we ondan soňky döwürlerde çaganyň agram alşyna we boýunyň ösüşine yzygiderli ölçeg ge-

çirmek maslahat berilýär, mysal üçin, birinji üç aýdan her aýda bir gezek, soňra bir ýaşaýança üç aýda bir gezek, ondan soňky ýaşlarda alty aýda bir gezek ölçeg geçirmeli.

ÇAGANYŇ NERW – PSIHIKI ÖSÜŞI

1-2 aýlyk bolanda çaga gije-gündiziň dowamynda 20 sagada çenli uklaýar.

2-3 aýlykda çaga töweregindäki gözüne ilýän zatlary öwrenmek üçin gyzyklanýar, olary synlap başlaýar, özüne lak atýan adamlara tarap kellesini öwürýär, ýylgyrýar, kellesini gowy tutýar.

4 aýlyk bolanda töweregindäki zatlara gyzyklanmasy üns berşi has artýar. Lak atsaň sesli gülüp başlaýar, arkasyndan garnynyň üstüne öwrülýär.

5-6 aýlykda çaga nätanyş adam görende ýadyrgaýar, ýatan ýerinde ep-esli wagtlap özi seslenip oýanýar, gapdalyna öwrülýär, tutan wagtynda çaga oturýar.

7-8 aýlykda öz-özünden bir zatlar gepläp, oýnap, ýatan ýerinde uzalýar. Jaýyň içindäki zatlary tanaýar, köp oýunjaklarynyň arasyndan gowy görýänini tanap almagy başarýar.

9-10 aýlykda çaga janyna ýaramajak zatlary, gorkuly pursatlary saýgaryp başlaýar. Bir zada özi daýanyp bilýär. Emedekläp daş-töweregindäki oýunjaklary toplaýar. Oýnaýan oýunlary manylaşýar. Çaganyň akyl ýetirýän zatlary, düşünýän sözleri gün saýyn artyp has manylaşyp başlaýar.

11-12 aýlykda çaga ilkinji sözlerini aýdyp başlaýar. «Bolmaýar» diýen sözi bilýär, ýöräp başlaýar. Oýnaýan oýunlary has manylaşýar.

ÇAGALARYŇ NERW ULGAMYNYŇ ANATOMO-FIZIOLOGIKI AÝRATYNLYKLARY

Bäbekleriň nerw ulgamy ähli synalaryň we ulgamlaryň sazlaşykly işlemegini üpjün etmeli. Emma çaga doglan wagtyna çenli beýleki synalar we ulgamlar bilen deňeşdirilende nerw ulgamy örän gowşak ösendir, bu döwürde nerw ulgamynyň morfologiki we funksional aýratynlyklary bar.

Morfologiki aýratynlyklary

1. Täze doglan bäbekleriň kelle beýnisi öz bedeniniň göwrümi bilen deňeşdirilende örän uludyr (bäbeklerde kelle beýnisiniň agramy 1/8 bölegini tutýar, uly adamlarda 1/40 bölegini tutýar).
2. Beýniniň gasynlary, keşjagazlary doly ösüp ýetişen däldir.
3. Beýni dokumalary suwa baýdyr, emma belok maddasy azdyr.
4. Çagalarda nerw öýjükleriniň sany edil uly adamlardaky ýalydyr, emma olaryň ösüntgileriniň azlygy sebäpli biri-biri bilen gowy baglanyşmaýarlar.
5. Kelle beýnisi gan damarlaryna baýdyr.
6. Kelle beýnisiniň geçirijiligi örän ýokarydyr.
7. Çaganyň oňurga beýnisi gowy ösüp ýetişendir, sebäbi 2 ýaşyna ýeten çaganyň oňurga beýnisiniň gurluşy edil uly adamlaryňky ýalydyr.

Funksional aýratynlyklary

Täze doglan bäbeklerde şertsiz ýa-da dogabitdi refleksler bolup, olar çagany daşky gurşawa uýgunlaşmaga ýardam edýär. Dogabitdi reflekslere soruş, ýuwduş, asgyrmak, göz gyrpmak refleksleri degişli. Birinji aýyň ahyrynda şertsiz refleksler esasynda şertli refleksler döreýär we olar çylşyrymlaşýarlar, çagalarda şertli refleksleriň emele gelmegi uly beýniniň ösýändigini aňladýar.

Şertli refleksleriň emele gelmeginde duýuş synaglarynyň ähmiýeti uludyr, olara eşidiş, görüş, ys alyş, tagam biliş degişlidir.

Bäbeklerde **tagam biliş** gowy ösendir, şonuň üçin hem bäbek ajyny we süýjüni ilkinji günlerinden başlap tapawutlandyrýar.

Eşidiş – bäbek eşidýär, has gaty seslere tisginmek bilen jogap berýär.

Görüş – görýär, emma käbir ýagdaýda gözleri çaşýar. 2 aýa çenli çagalarda ýaş mäzleri göz ýaşyny bölüp çykarmaýar, netijede, çaga aglanda gözlerinden ýaş akmaýar, 3 aýlykdan başlap ýaş mäzleri işläp başlaýar. **Ys alyş** – gowy ösmedik, diňe has güýçli yslary tapawut-

landyryp bilýär. Şertli refleksler beýniň ösmegine getirýär we çaga ýuwaş-ýuwaşdan geplemegi öwrenýär. Çaganyň gepleýiş sözlügi 2-3 aýlykdan başlaýar. Ilki bilen çaga bir hili seslenýär. Soňra sesler bellibir harplary, bogunlary emele getirýär.

6 aýlykdaky çaga käbir sözleri gaýtalaýar. 1 ýaşyna ýeten çaga 8-10 sözi gaýtalap bilýär, 2-3 ýaşyndaka onuň geplemeginiň has ösen döwri hasaplanýar, bu döwürde onuň söz baýlygy artýar.

ÇAGALARYŇ IÝMIT SIŇDIRIŞ SYNALARYNYŇ ANATOMO-FIZIOLOGIKI AÝRATYNLYKLARY

Çagalaryň emýän döwründe iýmit siňdiriş synalary diňe ene süýdüni özleşdirmäge ukyplydyr.

Ýatda saklaň!

Ähli iýmit siňdiriş synalaryň nemli bardalary örän näzikdir we gan damaryna baýdyr.

Agyz boşlugy kiçidir.

Dili gysga we giňdir. Çeýneýiş myşsalary gowy ösendir.

Tüýkülik mäzleriniň ösüp ýetişmeýänligi sebäpli çaganyň agyz boşlugy birneme gurudyr. Emma 4-5 aýlygyndan başlap çagalarda tüýkülik mäzleriniň işleýşi başlaýar we tüýkülik köp bölünip çykýar. Netijede, çaganyň agzyndan hemişe tüýkülik akýar. Bu ýagdaý kadaly hasaplanýar. Oňa **fiziologiki tüýkülik akmagy** diýilýär.

Gyzylödek – onuň et gatlagy gowşak ösendir. Täze doglan bäbeklerde 10-11 *sm*, emiş döwründe 12 *sm*. Nemli bardalary gan damarlara baý.

Aşgazan – çaganyň aşgazany ilkinji aýlarda keseligine, ýöräp başlandan soň dikligine ösendir.

Gyzylödegiň aşgazana birleşýän ýeriniň et gatlagy (sfinkter) gowşak ösendir. Şonuň üçin hem sähel zada emen süýdüni gaýtarýar.

Içegeler – çaga dünýä inenden onuň içegelerinde hiç hili mikrob bolmaýar. Soňa baka ene süýdi bilen iýmitlenýän çaganyň içegelerinde, köplenç, **bifidum** bakteriýalary, emeli iýmitlenýän çagalaryň içegelerinde, köplenç, içege taýajyklary peýda bolýar.

Çaganyň içegesi olaryň boýunyň uzynlygyndan 6 esse uludyr. Diýmek, içegede siňdirilýän iýmitiň çaga geçmek mümkinçiligi köp bolýar. Ýöne, içegäniň iýmiti özleşdiriş ukyby gowşak bolýar. Içegede iýmitiň özleşdirilişiniň bozulmagy mikroblaryň zäheriniň aňsatlyk bilen gana geçip, çaganyň bedeniniň zäherlenmegine getirýär we ýagdaýyny agyrlaşdyrýar. Çaganyň ince içegesiniň et gatlagy gowşakdyr, şonuň üçin çaganyň içi çalt ýellenýär (meteorizm).

Täreti – onuň ýaşyna we iýmitiniň görnüşine bagly bolýar. Täze doglan bäbegiň ilkinji täreti goňur gara reňkde bolup, oňa mekoniý diýilýär. Ene süýdi bilen iýmitlenýän çaganyň uly täreti sary reňkde bolup, günüň dowamynda 1-2 gezek bolýar. Emeli iýmitlenýän çaganyň uly täreti günde 2-3 gezek bolup, açyk sary reňkde, ýakymsyz yslydyr.

KIÇI ÝAŞLY ÇAGALARYŇ IÝMITLENDIRILIŞI

1 ýaşa, hasam 6 aýlyga çenli çagalar üçin iň gymmatly, hiç zat bilen ýerini çalşyp bolmajak iýmit ene süýdüdir.

Köp sanly geçirilen ylmy-barlag işleriniň netijesinde Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy ÝUNISEF bilen bilelikde çaga üçin iň gymmatly, derwaýys, çaganyň talabalaýyk gelýän iýmit meselesi diňe ene süýdi diýen düşünjäni öňe sürdi we 1989-njy ýylda çagany ene göwsünden emdirmekligi gorap saklamak, goldamak we ýardam etmek barada Deklarasiýa kabul etdi, şeýle-de deklarasiýanyň esasy taglymaty çagalary ene göwsünden dogry iýmitlendirmek bolup durýar. Deklarasiýada «Ene süýdi bilen üstünlikli emdirmegiň 10-ädimi» atly düzgünnama beýan edilen. Bu düzgünnamanyň her bir ädiminiň dogry ýerine ýetirilmegi çaganyň we onuň ejesiniň saglyk ýagdaýyna gönüden-göni, hemme taraplaýyn täsir edýänligi doly subut edilen. Türkmenistan dünýäde ilkinjileriň hatarynda bolup bu düzgünnamany goldady we ýurdumyzyň bejeriş-anyklaýyş edaralarynda iş ýüzünde ulanmaga girizilip başlady. Ilki bilen, 1998-nji ýylyň 9-njy dekabrynda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň 408-nji buýrugyna laýyklykda Gurbansoltan eje adyndaky enäniň we çaganyň saglygy goraýyş ylmy-kliniki merkeziniň nutrisiologiýa

bölüminde «Türkmenistanda ene süýdi bilen emdirmekligi gorap saklamak we goldamak baradaky merkezi» açyldy.

KIÇI ÇAGALARY IÝMITLENDIRMEGIŇ DÜRLI GÖRNÜŞLERINIŇ ATLANDYRYLYŞY

1. Ýeke-täk göwüsden emdirmek – ene süýdünden başga iýmit, suw ýa-da dürli içgiler (çaý, nabatly suw we ş.m.) goşmaça berilmeýär (dermanlar, witaminler we mineral goşmalary göz öňünde tutulmaýar). Saglan ene süýdüni bermek bolar, ony käseden ýa-da çemçeden içirmeli.
2. Köplenç, göwüsden emdirmek – ene süýdünden başga-da çaga az mukdarda suw ýa-da suwly içgiler (çaý, nabatly suw we ş.m.) berilýär.
3. Bellibir bölegini göwüsden emdirmek – çaga hem göwüsden, hem-de emeli süýtler, sygyr süýdi (garyşyk), aşlar ýa-da başga iýmitler bilen iýmitlendirmek.
4. Çüýşejiklerden emdirmek – çagany çüýşeden emdirmek, onuň içinde saglan ene süýdi, başga iýmitler hem bolup biler.
5. Emeli süýtler bilen iýmitlendirmek (emeli) – çagany ene süýdünden doly aýryp diňe emeli süýtler bilen iýmitlendirmek.

Göwüsden emdirmegiň artykmaç taraplary

Ene süýdüniň diňe bir çaga üçin ähmiýetli tarapyna garanyňda, göwüsden emdirmekligiň artykmaç taraplary has köp.

Ene süýdüniň çaga üçin ähmiýeti aşakdakylardan durýar;

– çaga üçin gerekli ýokumly maddalary düzüminde saklaýar;

– çaganyň bedeninde ýeňil özleşýär we peýdaly ulanylýar;

– çagany ýokançlyklardan goraýar;

Beýleki süýtleriň hemmesi düzümi boýunça ene süýdünden tapawutlanýar we olar çaga üçin şeýle bir peýdaly däl.

Göwüsden emdirmekligiň artykmaç taraplary aşakdakylardan durýar:

– emeli süýtlere garanyňda ol arzan düşýär;

– ene bilen çaganyň «birikmegine» kömek edýär – bu ýakyn, mähirli gatnaşygy ösdürýär;

– bu çaganyň kämilleşmegine kömek edýär;

– ol enäniň täzeden göwreli bolmagyndan goraýar;

– ol enäniň saglygyny goraýar: ýatgynyň ýygrylmagyna kömek edýär. Bu gan akmanyň azalmagyna ýardam berýär we gan azlygyň döremeginiň öňüni alýar;

– göwüsden emdirmek ene-de ýumurtgalyklaryň we süýt mäzleriň täze döremeleriň ýüze çykmak töwekgelçiligini azaldýar;

Süýtleriň ählisi hem öz düzüminde çaga bedeni üçin gerekli bolan kuwwat beriji ýagy we ösmegi üçin gerekli bolan belok saklaýar, şeýle hem olar düzüminde ýörite süýt gandyny – laktozany saklaýar, ol hem bedeni kuwwat bilen üpjün edýär.

Emeli süýtler dürli önümlerden taýýarlanylýar, onuň düzümine mal süýtleri, soýa we ösümlik ýagy girýär. Bu önümler çaga üçin gowy iýmit bolup bilmeýär.

Süýdüň dürli görnüşlerinde belok mukdar we hil taýdan tapawutlanýar. Sygyr süýdüniň belogynyň esasy bölegi kazeinden durýar, ol çaganyň aşgazanynda siňmegi kyn bolýar. Ene süýdünde bolsa albuminlar we globulinler bar, olar has ýeňil siňýär.

Ene süýdünde bar belok immunoglobulin ol çagany ýokanç kesellerden goraýar. Mal süýdünde bolsa çagany goraýan antiinfeksion beloklar ýok. Göwüsden emdirýän çagalara garanyňda mal süýtleri bilen iýmitlenýän çagalarda iç geçme, garyn agyry, örgün örmek ýaly alamatlar köp ýüze çykýar.

Süýtleriň dürli görnüşleriniň ýag düzümi boýunça hem düýpli tapawutlanýar. Ene süýdünde esensial ýag turşulary bar, ol sygyr süýdünde we süýt garyndylarynda bolmaýar. Bu esensial turşulary çaganyň kelle beýnisiniň we gözleriniň, şeýle hem gan damarynyň ösmegi üçin zerurdyr. Mundan başga-da ene süýdünde ferment lidaza bar, ol ýaglaryň siňmegine ýardam edýär. Sygyr süýdünde bolsa bu ferment ýokdur.

Sygyr süýdüne garanyňda ene süýdünde gerekli bolan *C* we *A* witaminler köp saklanýar. Sygyr süýdünde witaminleriň *B* topary köp saklanyp, *C* we *A* witaminleriň derejesi ene süýdündäki ýaly kän däl.

Gan azlygyň öňüni almak üçin demir zerurdyr. Çaga bedenine sygyr süýdündäki demriň bary-ýogy 10%-i siňýär, ene süýdündäki demriň 50%-e golaýy siňýär. Şeýlelikde, sygyr süýdüni alýan çagalar demri ýeterlik derejede alyp bilmeýärler we gan azlyga sezewar bolýarlar. Ýeke-täk ene süýdüni emýän çagalar ýeterlikli mukdarda demir alýarlar we gan azlykdan ejir çekmeýärler.

Ene süýdi düzüminde leýkositleri we birnäçe antiinfeksion faktorlary saklaýar, olar çagany ýokançlyklardan goraýar. Eger emdirýän aýala kesel ýokuşsa, onuň leýkositleri güýçlenýär we aýaly goramak üçin organizmde ýokançlyga garşy antitelalar baryp ýetýärler we emele gelen antitelalar süýtde bölünip çykýarlar, şeýlelik bilen çagany goraýarlar. Diýmek, enesinde ýokançlyklar bar hem bolsa, çagany ondan aýyrmaly däl, sebäbi ene süýdi çagany enesiniň ýokançlyklaryndan goraýar.

Ene süýdüniň düzümi hemişe birmeňzeş bolmaýar. Ol çaganyň ýaşyna görä üýtgeýär, şeýle hem emdirýän pursadynda başyndan soňuna çenli üýtgeýär.

Owuz süýt – bu aýratyn ähmiýetli ene süýdi bolup, aýallarda dogrumdan soňky ilkinji günlerde emele gelýär. Ol goýy we sarymtyl reňkli bolýar. Birnäçe günden soň owuz süýdi kämil süýde öwrülýär.

Owuz süýdünde antitelalar we beýleki antiinfeksion beloklar köp saklanýar. Kämil süýde garanyňda owuz süýdünde belogyň köp saklanýanlygy şonuň bilen düşündirilýär.

– kämil süýde garanyňda owuz süýdünde leýkositler, çaganyň dogumdan soň duçar bolup biljek kesellerine garşy ilkinji immunizasiýa bilen üpjün edýärler, owuz süýt täze doglan bäbek üçin howply bolan bakterial ýokançlyklaryň ölmeginiň öňüni almaklyga ýardam edýär.
– owuz süýdüniň ýeňiljek iç sürüji häsiýeti bar, ol çaganyň içegesini mekoniýadan (garamtyl reňkli ilkinji täret) arassalaýar. Şeýlelikde, çaganyň içegesi bilirubinden arassalanýar, bu dogumdan soňky fiziologiki saralmanyň öňüni alýar.
– owuz süýtde ösüş faktorlary bar, ol doglandan soňra çaganyň entek kämilleşmedik içegeleriniň ösmegine ýardam berýär. Owuz süýdi allergiýanyň döremeginiň we başga iýmitleri kabul edip bilmezligiň öňüni alýar.

– kämil süýdüne garanyňda owuz süýtde käbir witaminleriň derejesi köp, esasanam, *A*-witamin çagada islendik ýokançlygyň ýüze çykmak howpuny azaldýar we göz keseliniň öňüni alýar. Doglandan soň bäbegiň ilkinji iýmitiniň owuz süýdi bolmagy örän wajypdyr. Çaga dünýä inensoň, enäniň süýt mäzlerinde eýýäm owuz süýdi bar we ol tä kämil süýt emele gelýänçä çaga üçin gerek bolan ýokumly maddalary saklaýar. Owuz süýdüni almanka emeli süýtler bilen iýmitlendirmek çaga üçin has-da howpludyr.

Emdirýän wagty ilki gelýän süýt gögümtil reňkli bolýar, oňa «irki» süýt diýilýär, ahyrynda gelýän süýt doýgun ak reňkli bolýar, oňa «giçki» süýt diýilýär. Irki süýde garanyňda giçki süýtde ýag köp derejede saklanýar we ol ene süýdüne ýokary energiýa berýär, hem-de çaga üçin iýmit hökmünde hyzmat edýär. Irki süýt bilen bolsa çaga özüne gerekli mukdarda suwuklygy alýar. Hatda howanyň yssy pasyllarynda hem, 6 aýlyga çenli çagalara suw içirmegiň geregi ýok. çaganyň hem irki, hem giçki süýdi emip almagy wajypdyr, şeýlelik bilen, ol özüne gerekli «iýmit» hem-de ýeterlikli suw alýar. Göwüsden emdirmegiň ene üçin-de, çaga üçin-de ruhy taýdan artykmaçlygy bar. Käbir geçirilen barlaglar göwüsden emdirmeklik çaganyň akyl ýetirip bilijilik ukybynyň ösmegine ýardam edýändigini tassyklaýar. Çaganyň iki ýaşynyň içinde we ondan uly ýaşynda hem ene süýdi çaga üçin energiýanyň hem-de ýokary hilli ýokumly maddalaryň esasy ojagy bolup galýar.

GARYŞYK IÝMITLENDIRIŞ

Ene süýdi ýetmezçilik eden ýagdaýynda çaganyň ene süýdüniň gapdalynda süýt garyndylary bilen iýmitlendirilmegine garyşyk iýmitlendiriş diýilýär.

Sebäpleri:

1. Gipogalaktiýa – ene göwsünde süýdüň azalmagy.
2. Ene bilen çaganyň aýry bolmagy.
3. Çaganyň ilkinji gezek giç emdirilmegi.
4. Enäniň doly iýmitlenmezligi we gün tertibiniň bozulmagy.

5. Göwüsden emdirilmegiň çäklenilmegi.
6. Fiziki we psihiki şikesler.
7. Enäniň çagasyny öz süýdi bilen ýeterlikli emdirmäge şübhelenmegi.
8. Enäniň agyr keselleri.

Ene süýdüniň ýetmeýänliginiň alamatlary: ene göwsi bilen emdirilenden soň çaganyň rahatlanmazlygy, derisiniň maýyşgaklygynyň peselmegi.

Ene süýdüni köpeltmek barada maslahatlar

1. Çaga doglan badyna enesiniň göwsünden emdirmeli.
2. Enäniň we çaganyň bedeni biri-birine degip durup ýakyn gatnaşykda bolmaly.
3. Çagany emýän mahaly dogry saklamaly we çaga emzigiň ujuny dogry tutup almaly.
4. Çaganyň islegine görä tiz-tizden emdirmeli.
5. Çaganyň emzigi özi goýberýänçä garaşmaly.
6. Enäniň özüne bolan ynamyny mylaýymlyk bilen we emdirmäge bolan höwesini artdyrmak arkaly berkitmek.
7. Enäniň iýmiti ýokumly, witaminlere mineral duzlara baý bolmaly.
8. Ýeterlikli mukdarda suwuklyk içirmeli (1,5-2 litre çenli).
9. Enäniň ukusy doly bolmaly, arassa howada gezmeli.
10. Enäni nerw-psihiki şikeslerden goramaly.

Garyşyk iýmitlendirişe geçirmek üçin çagany hökman saglyk öýlerinde barlag ölçeginden geçirmeli.

Garyşyk iýmitlendirişde süýt garyndylar ulanylýar.

EMELI SÜÝT GARYNDYLARYNYŇ GÖRNÜŞLERI

Çagalar üçin niýetlenen emeli süýt garyndylarynyň ählisi sygyr süýdüniň esasynda taýýarlanylýar. Emeli süýt önümlerini taýýarlamak üçin ulanylýan sygyr süýdüne aýratyn talaplar bildirilýär we

onuň hökmany öz kepilnamasy (garantiýasy) bolmaly. Kepillendirilen sygyr süýdi aşakdaky talaplara laýyk gelmeli:

1. Ýagyň mukdary 35 *g/l* az bolmaly däl;
2. Gandyň mukdary 40-45 *g/l* az bolmaly däl;
3. Terner boýunça turşulygy 20° C-den artyk bolmaly däl;
4. Gury galyndynyň mukdary 85 *g/l* az bolmaly däl;
5. Bakteriýalaryň sany 1 *ml* sygyr süýdünde 50.000 köp bolmaly däl;
6. Içege taýajyklaryň sany 1:10 artyk bolmaly däl;
7. Düzüminde kesel dörediji mikroblar düýbünden bolmaly däl.

Bu talaplary doly ödeýän sygyr süýdüne kepillendirilen süýt diýilýär.

Ähli emeli süýt garyndylary iki sany uly topara bölünýär:

I – süýji süýt garyndylary;

II – turşy süýt garyndylary.

Bu süýt garyndylar öz aralarynda hem 2 topara bölünýärler:

a) uýgunlaşdyrylan (adaptirlenen) süýt garyndylary;

b) uýgunlaşdyrylmadyk (adaptirlenmedik) süýt garyndylary.

Uýgunlaşdyrylan (adaptirlenen) süýt önümleri – bu ene süýdüne ýakynlaşdyrylan, ýagny sygyr süýdüniň düzümindäki iri molekulýar beloklar döwrebap tehnologiki usullar bilen has kiçi beloklara dargadylan, düzümine goşmaça witaminler, mineral duzlar we mikroelementler goşulan süýt önümleridir.

Uýgunlaşdyrylmadyk (adaptirlenmedik) süýt önümleri – bu adaty sygyr süýdi we ondan taýýarlanylan garyndylar, bu uýgunlaşmadyk süýt garyndylary çaga üçin amatly iýmit bolman, örän seýrek ýagdaýlarda (adaptirle-nen süýt garyndylary ýok, daş ýerlerde ýaşamak we ş.m.) berilýär.

1. Süýji uýgunlaşdyrylan (adaptirlenen) süýt önümleri – laktogen I, II Malýutka, Malyş, Detolakt, Witolakt, Nutrilakt, Bona, Pilti, SMA we başgalar.
2. Süýji uýgunlaşdyrylmadyk (adaptirlenmedik) süýt garyndylary – sygyr süýdi we onuň garyndylary.
3. Turşy uýgunlaşdyrylan (adaptirlenen) süýt önümleri – hemme adaptirlenen süýji süýt önümlere turşy gönezlik goşulýar

we olar adaptirlenen turşy süýt önümlere öwrülýär. Bulara turşadylan «Malýutka», «Malyş», «Laktogen» we ş.m. degişlidir.

4. Turşy uýgunlaşdyrylmadyk (adaptirlenmedik) süýt önümleri – biolakt, gatyk we onuň garyndylary.

Çaganyň fiziki, psihomator taýdan ösmegi üçin oňa uýgunlaşan (adaptirlenen) süýt önümleri berilse göwnejaý bolar. Türkmenistanyň howa şertlerine görä (yssy, gurak) çagalara turşy adaptirlenen süýt önümleri berilse, has amatly bolar, sebäbi olar içegedäki çaga üçin wajyp bolan mikrofloranyň (bifidumyň, laktofaktorlaryň) ösmegine kömek edýär.

Uýgunlaşdyrylmadyk (adaptirlenmedik) süýt garyndylarynda belogyň, kalsiniň, fosforyň köplügine garamazdan olaryň aşgazan içege ulgamynda dargamagy, siňmegi kynlyk bilen geçýär, şol bir wagtyň özünde peşew çykaryş ýollarynyň işjeňligine hem agram salýarlar. Şeýlelikde, çagalara mümkin boldugyça uýgunlaşan (adaptirlenen) süýt garyndylaryny bermeli.

EMELI IÝMITLENDIRIŞ

Haýsydyr bir sebäplere görä çaga ene süýdüni alyp bilmese, onda ony diňe süýt garyndylary bilen iýmitlendirmeli. Şeýle iýmitlendirilişe **emeli iýmitlendiriş** diýilýär. Sebäpleri: enäniň keselleri (inçekeseli, ýürek, böwrek keselleri, psihiki we çiş keselleri). Çaganyň keselleri: agyr dogabitdi keseller (towşan dodak, möjek agzy, agyr dogabitdi ýürek keselleri).

Çaga gerekli süýdüň mukdaryny hasaplamak.

1. Finkelşteýniň formulasy. Çaganyň doglan gününden 2 hepdeligine çenli döwürde ulanylýar.

$$X = 70 \text{ ýa-da } 80 \cdot n.$$

Bu ýerde n – çaganyň güni.

Eger-de çaganyň doglandaky agramy 3200 gramdan az bolsa formulada 70 ulanylýar. Eger-de çaganyň doglandaky agramy 3200 gramdan köp bolsa onda formulada 80 ulanylýar.

2. 2 hepdeliginden soň çaga gerekli süýdüň mukdaryny anyklamak üçin **göwrüm usuly** ulanylýar.

a) 2 hepdeliginden soň 2 aýa çenli çaga gerekli iýmitiň mukdary çaganyň agramynyň $^1/_5$ bölegine barabardyr.

b) 2 aýdan – 4 aýa çenli agramynyň $^1/_6$ bölegine.

ç) 4 aýdan – 6 aýa çenli agramynyň $^1/_7$ bölegine.

d) 6 aýdan – 9 aýa çenli agramynyň $^1/_8$ bölegine barabardyr.

Çagany iýmitlendirmegiň tertibi:

Çagany ene süýdi bilen islegi boýunça iýmitlendirmeli.

1. Çagany 3 aýlyga çenli her 3 sagatdan 8 gezek iýmitlendirmeli.
2. 3 aýlykdan 5 aýlyga çenli 7 gezek.
3. 5 aýlykdan 8 aýlyga çenli 6 gezek.
4. 8 aýlykdan 12 aýlyga çenli 5 gezek iýmitlendirmeli.

Çaganyň bir gezekdäki almaly iýmitiň mukdaryny emdirilmäniň sanyna bölmeli.

GOŞMAÇA IÝMITLERIŇ BERLIŞ DÜZGÜNLERI

Goşmaça iýmitlerine miweleriň şiresi, miweleriň pýuresi (gyrylan, ýenjilen), dorog (tworog), ýumurtga degişlidir. Bu iýmitler çaga bedeninde mikroelementleriň, minerallaryň, witaminleriň deň derejesini saklamak üçin berilýär.

Çaga 6 aýa çenli ene göwsünden iýmitlendirilendigine, hemme taraplaýyn ýaşyna görä kanagatlanarly ösýändigine garamazdan, onuň iýmit rasionyna goşmaça iýmitleriň girizilmegi hökmanydyr, sebäbi 6 aýlykdan soňra diňe ene süýdi ösüp barýan çaga bedeniniň talabyny ödäp bilmeýär.

Çaga goşmaça iýmitleriň wagtyndan ir berilmegi enäniň süýdüniň azalmagyna, käbir ýagdaýda kesilmegine, dürli keselleriň döremegine olaryň agyr derejede geçmegine, ene süýdüniň kontraseptiw täsiriniň peselmegine getirer.

Eger-de, goşmaça iýmitler giç berlip başlansa, onda çaga üçin gerek bolan esasy iýmit ingrediýentleriniň (belok, ýag, uglewod,

mikroelementleriň) ýetmezçiligi dörär, bu ýagdaý çagalarda gipotrofiýanyň, anemiýanyň, rahitiň dürli derejeleriniň döremegine sebäp bolup durýar. Goşmaça iýmitler berlip başlanandan soň hem, ene süýdi çaga üçin esasy iýmit bolup durýar, ýagny çaga islän wagty ene göwsüni emip biler.

Miwe şireleri çaga 6 aýlykdan berlip başlanýar. Ilki bilen çaga alma şiresi berilýär. Alma şiresi birnäçe damjadan berlip başlanýar, gün-günden onuň mukdary köpeldilip, 1 ýaşyndaky çaga 1 gije-gündiziň dowamynda 100 *ml*-e golaý dürli miwelerden taýýarlanan şireleri alýar.

Çaga alma şiresine öwrenenden soňra, oňa armyt, şetdaly, erik, garaly ýaly miweleriň şirelerini bermeli.

Miweleriň şirelerine öwrenişenden (takmynan, 1-2 hepde) soňra, çaga gyrgyçdan geçirilen alma berlip başlanýar.

Dorog (Tworog) – 6-6,5 aýlyk çagalara berip başlamaly (1/4--1/2 çaý çemçeden). Dorogy ene süýdi bilen garyp bermeli. 1 ýaşyndaky çaga berilýän dorogyň mukdary 50 *g* köp bolmaly däl. Çaga berilýän dorog öý şertlerinde taýýarlanmaly. 100 *g* dorog almak üçin 600 *g* gaýnadylan sygyr süýdüni 28-30° C-ä çenli sowatmaly, soňra oňa gönezlik üçin 30 *ml* (2 nahar çemçe) gatyk goşmaly. 12-14 sagatdan soňra uýan gatygy gaýnaýança otda saklamaly, sowatmaly. Sowan dorogy hasa bilen süzmeli, agaç çemçe bilen ýençmeli, ýumşatmaly. Taýýar bolan dorogy ene süýdi bilen garmaly we çaganyň ýaşyna görä bermeli.

Ýumurtga – 7 aýlykdan çaga 15 *min* dowamynda gaýnadylan ýumurtganyň 1/8-1/4 bölegi berlip başlanýar, ony ene süýdüne ýa-da dürli aşlara garyp bermeli. Çaga 8 aýlykda ýumurtganyň ½ bölegi, 1 ýaşda bolsa biri berilýär.

Goşmaça naharlary bermekligiň düzgünleri we möhleti

Goşmaça nahar – bu çaga 6 aýlyk bolandan soň, ene süýdüniň daşyndan goşmaça berlip başlanýan iýmitdir.

Goşmaça nahar aşakdaky ýaly bolmalydyr:

– öz möhletinde berilmelidir;

– iýmit ýokumlylygy boýunça talabalaýyk bolmalydyr;

– her gezek berilýän iýmitiň mukdary ýeterlikli bolmalydyr;

– howpsuz bolmalydyr.

Goşmaça nahar çaga 6 aýlyk bolandan soň berip başlamaly, sebäbi, takmynan, 6 aýlyk töwereginde çagalaryň iýmit siňdiriş ulgamy eýýäm süýtden başga iýmitleriň düzüminde saklanýan krahmaly, beloklary we ýaglary gowy siňdirmek üçin ýeterlikli kämilleşýär. Şeýle hem çaganyň ilkinji çeýnemek hereketleri ýüze çykýar, sormak güýji ýokarlanýar. Çagalar özbaşdak oturyp başlaýar, olaryň ilkinji dişleri peýda bolýar we iýmitiň gatyrak böleklerini ýuwudyp bilmek üçin diliniň maýyşgaklygy ýeterlikli derejä eýe bolýar. 6 aýlyk bolandan soň çaganyň ýokumly maddalara bolan talaby artýar we diňe ene süýdi çaganyň talaplaryny doly derejede kanagatlandyryp bilmeýär. Goşmaça naharlaryň öz möhletinde berilmegi çaganyň saglygynyň berkemegine, iýmit kadasynyň we fiziki ösüşiniň gowulaşmagyna ýardam edýär. Bu döwürde enesiniň süýdi çaga üçin esasy iýmit bolup galýar, goşmaça naharlaryň berlişi bolsa yzygiderli bolmalydyr.

Goşmaça nahary näçeräk we nähili berip başlamalydygy barada aýdylanda, ilki bir çaý çemçeden berip başlap, kem-kemden iýmitiň mukdaryny köpeltmeli. Ilkibaşda birmeňzeş iýmit önümlerinden taýýarlap bermeli we kem-kemden köp dürli önümlerden taýýarlamaly. Goşmaça naharlaryň girizilýän döwrüni «tranzitar döwür» diýip atlandyrylýar. Naharlaryň dürli görnüşini (ýarmalardan, gök önümlerden we miwelerden, etli önümlerden taýýarlanan naharlary) eýýäm bir aýyň içinde çaga bermeli, şeýlelikde, çaga günüň dowamynda üç goşmaça nahar bermeli. Iýmit önümleri çaganyň ýaşaýan ýerinde bitýän, öndürilýän bolmaly. 6 aýlyk çaga iýmiti ýenjilen görnüşde, 8 aýlyk çaga maýda owradylan böleklerini, 9 aýda has irimtigräk owradylan böleklerini we ondan soňra eli bilen tutup iýer ýaly iýmitleriň kiçiräk böleklerini kesip berse bolýar. Goşmaça ýarma nahary gök önümler we miweler bermekden başlap bolýar. Ýarma berip başlanyňda iň gowusy tüwi, greçka, mekgejöwen ýaly önümlerden taýýarlanan ýarmalardan bermeli. Et berlende ilkibaşda ýenjilen hili görnüşini berip başlamaly, soňra bir gezek üwelen, 9 aýlyk

mahalynda kiçiräk kesilen böleklerini berse bolýar. Suw garylmadyk sygyr süýdüni çagalaryň 9 aýlyk mahalyna çenli bermeklik çäklendirilýär. Ýarmaly aşlar taýýarlamak üçin ýarysyna suw garylan sygyr süýdi ulanylýar. 3 ýaşyna çenli çagalaryň iýmitine gant, duz, beýleki ys tagam beriji garyndylar goşmaly däl. Gandyň berjek kuwwaty ösümlik ýagynyň ýa-da mesgäniň berjek kuwwatyndan pesdir. Iýmite gant goşmaklyk – dişlerde kariýesiň ýüze çykmagynyň esasy sebäpkäridir. Kiçi ýaşly çagalaryň iýmitine duz garmak hem maslahat berilmeýär. Duz ulanylsa böwrekleriniň bölüp çykaryş işjeňligi entek pes bolan kiçi çagalaryň bedeninde osmatiki işjeň ionlaryň saklanmagyna ýardam edýär.

Gök önümler we miweler ýerli önümlerden bolmaly, miweleriň şiresini, miweleriň we gök önümleriň garyndysyny öýde taýýarlamaly. Naharlanan mahaly miweleriň şiresini suwuklyk hökmünde içse bolýar. Nahar taýýarlanan gap-çanaklar, iýmit önümleri, suw arassa bolmaly. Arassa el bilen nahar taýýarlamaly.

Çagalary iýmitlendirmek üçin emzikli çüýşeler ulanmaly däl.

ÇAGALARA GOŞMAÇA NAHARLARYŇ BERILMELI WAGTY

6 aýlykdan gök önümlerden taýýarlanan bulamaklar (püreler) ýagny kartoşkadan, kädiden taýýarlanan.

7 aýlygynda – ýarmalardan (tüwüden, mannadan, greçkadan) taýýarlanan şüleler, olar goýy bolmaly.

8-9 aýlygyndan arassa sygyr süýdi ýa-da gatyk bermeli.

Naharlary 1-2 çaý çemçesi möçberinde berip başlamaly we 10--14 günüň dowamynda az-azdan mukdaryny köpeldip, 150-200 *ml*-e ýetirmeli.

Nahar çaga ene süýdi bilen emdirilip bolandan soň berilýär.

7,5 aýlygyndan başlap çagalara ýagsyz et çorbasyny berip başlamaly. 20-30 *ml*-den 8 – 8,5 aýlygyndan gaýnadylyp owradylan ýagsyz et bermeli.

9,5 – 10 aýlygynda frikadelka bermeli.

11-12 aýlygyndan bugda taýýarlanan kotlet bermeli.

Göwüsden emende çaganyň saklanyşy

Ene çagasyny göwsünden emdireninde, çagany dogry tutup emdirmegiň 4 düzgünini berjaý etmeli.

1. Emýän mahaly çaganyň kellesi we göwresi bir göni çyzykda ýatýar.
2. Çaganyň ýüzi enesiniň göwsüne tarap bakdyrylan, burunjygy göwsüniň ujunyň deňinde.
3. Çaganyň göwresi enesiniň göwresine ýakyn gysyp saklanýar.
4. Täze doglan bäbegiň diňe kellesinden we arkasyndan saklanmaly däl-de, enesi eli bilen onuň bütin göwresini aşagyndan saklamaly.

Enesiniň göwsüni çaganyň dogry tutup almagynyň 5 alamaty:

1. Çaganyň agzy giňden açyk, aşaky dodagy daşyna çöwrülip dur.
2. Areolanyň köp bölegi bäbegiň ýokarky dodagynyň üstünden görünýär.
3. Çekgesi togalanyp dur.
4. Çaganyň eňegi göwse degip dur.
5. Haýaldan arasynda dynç alyp çuňňur sorýar, çaganyň ýuwdunyşyny görüp we eşidip bolýar.

Emdirilende ene göwsüni nähili saklamaly:

Başam barmagy bilen göwsüň ýokary tarapyndan çalaja gysyp saklamaly, süýem barmak göwsi aşagyndan tutup saklamaly, galan barmaklary göwsüň aşak tarapynda döş kapasasyna degip durmaly. Başam barmagy bilen ene göwsüni çalaja ýokarsyndan gyssa, çaga gowy tutup, kynçylyksyz emer ýaly bolýar.

Ene barmaklaryny göwsüň ujuna gaty ýakyn saklamaly däl. Çaga agzyny giňden açýança garaşmaly we çagany göwse tarap ýakyn getirmeli. Göwsüň köp bölegini çaga agzy bilen garbap alandygyna göz ýetirmeli.

Sagmagyň usuly:

– Areolanyň araçäginden iki barmagyň bilen tutmaly: başam barmagyň (ýokardan) we süýem barmagyň (aşakdan) – galan barmaklaryň göwsi aşagyndan tutmaly.
– Göwsi çalaja gapyrga tarap gysmaly.
– Barmaklaryň bilen sagyjy hereketler etmeli.

BIR ÝAŞDAN ULY ÇAGALARY IÝMITLENDIRMEK

Häzir Türkmenistanda Milli maksatnama boýunça çagalary 2-3 ýaşyna çenli ene süýdi bilen emdirmeklik maslahat berilýär. Eýýäm bir ýaşyna ýeten çaganyň 6-8 sany dişleri bolýar, çeýnemäge gatnaşýan etleri ösüp ýetişýär, aşgazanyň we 12 barmak içegäniň şireleriniň, fermentleri güýçlenýär we onuň turşulygy ýokarlanýar. Bu bolsa çagalara dürli hili önümleri iýmäge we olary özleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Çaganyň iýmitinde 500 *ml* süýt, bellibir bölegi gatyk görnüşde, dürli hili ýarmalar (greçka, bugdaý, tüwi) gök önümler, ir-iýmişler, et, balyk, ýumurtga bolmaly.

Çagalara nahar taýýarlananda etiň ýagsyz görnüşleri, bagyr ulanylýar. Ýaglardan mesge ýagy, gaýmak, 1,5 ýaşdan soň mekgejöwen, günebakar ýaglary ulanylýar, günaşa gaýnadylan ýumurtga bermeli. Her gün iýmitde gök önümler püre görnüşinde, salatlar, ir-iýmişler berilýär. Gök önümleriň, ir-iýmişleriň düzüminde köp mukdarda witaminler, mineral duzlary, mikroelementler saklanýar, olar bolsa çaganyň ösmegi, ulalmagy üçin uly rol oýnaýar. Çagalara öz mellek ýerinde ösdürip ýetişdiren gök otlardan (sogan, ukrop, şawel) berip başlamaly. 1,5 ýaşdan soň çagalara özbaşdak naharlanmagy öwretmeli, 2 ýaşyndaky çagalaryň iýmitine az-kem peýnir, selýodka, ikra, kolbasa ýaly önümlerden goşsa bolýar. Çaganyň suwuklyga bolan üpjünçiligini gowulaşdyrmak üçin çorbanyň ýany bilen dürli kompotlar, şireler, kisel, süýt, çaý berilýär.

Mekdep ýaşly çagalaryň sagdyn ösmegine we okuw ýetişiginiň gowy bolmagy üçin hökmany suratda olar gowy iýmitlenmelidirler. Şonuň üçin hem mekdep naharhanasy işlemeli. Onuň işine mekdep şepagat uýasy gözegçilik etmeli.

HOWPSUZ ENELIK BOÝUNÇA MILLI MAKSATNAMANYŇ ESASLARY

«Türkmenistanyň howpsuz enelik boýunça 2007 – 2011-nji ýyllar döwri üçin Baş ugry» Milli maksatnamasy halkara guramalaryň hödürnamalaryny, ministrlikleriň hem-de pudaklaryň tekliplerini nazara almak bilen işlenip düzüldi.

Maksatnamanyň esasy maksady:

– Dogruma ukyply ýaşdaky zenanlaryň saglyk ýagdaýyny gowulandyrmak.
– Göwreli, çaga dogurýan we çaga dogurjak zenanlary hem-de bäbekleri alyp barmakda we olara gözegçilik etmekde häzirki zaman usullary ornaşdyrmak.

Maksatnamanyň wezipeleri:

– Dogruma ukyply ýaşdaky zenanlaryň saglyk ýagdaýlaryny gowulandyrmak bilen antenatal ölümçiligiň her 1000 diri we öli doglan bäbeklerde 25 % peseltmek.
– Dogrumlary täze tilsimatlar boýunça subut ediji lukmançylyga esaslanyp guramaklyk bilen intranatal ýitgileri her 1000 diri we öli doglan bäbeklerde 20% peseltmek.
– Ene ölümçiligini 2 esse peseltmek.
– Maglumatlaryň doly ýygnalmagyny, resminamalaryň dogry doldurylmagyny we olaryň umumy düzgüne laýyklykda alyp barmagyny üpjün etmek.

Garaşylýan netijeler:

– Göwreli zenanlara gözegçilik barlag, bejeriş işlerini ýokary derejede talabalaýyk ýerine ýetirilmegini gazanmak.
– Göwreli zenanlary irki möhletlerde hasaba alynmagyny ýola goýmak.
– Zenanlaryň saglygyny gowulandyrmagyň esasynda ene keselçiliginiň we ölümçiliginiň derejesini peseltmek.
– Neonatal ýitgini derejesini peseltmegiň esasynda bäbek ölümçiliginiň görkezijisini peseltmek.
– Pes agramly, aýratyn hem 1500 *g* pes agramly çagalaryň dogulmagynyň derejesini peseltmek.

Maksatnamanyň esasy ýörelgeleri

Bu toplumlaýyn çärelere ene we çaga berilýän Saglygy goraýyş hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, zenanlaryň dogry iýmitlenmek, mikronutriýent ýetmezçiligi (demir, ýod, foliý turşulygy we başgalar) bar bolan ýagdaýlaryň öňüni almak, islenmedik göwreliligiň döretmeklik ähtimallaryny peseltmek, maşgalany meýilleşdirmegiň netijesinde abortlaryň sanyny azaltmak, şeýle hem jyns gatnaşygy arkaly geçýän keselleri bejermek we öňüni almak giríär.

Antenatal gözegçilik

– Göwreli zenanlara gözegçilik, barlag, bejeriş işlerini talabalaýyk ýerine ýetirmek.
– Göwreli zenany irki möhletinde hasaba almak.
– Zenanyň göwresindäki düwünçegiň ösüşiniň dürli bozulmalaryny perinatal anyklaýyş kömegi bilen ýüze çykarmak (göwreliligiň 9-10 we 21-22 hepde möhletinde düwünçegiň ultrases barlagyny geçirmek).
– Gatnawlaryň sanyny 7-8-e çenli azaltmak, zenana we onuň maşgalasyna ruhy taýdan goldaw bermek.
– Göwreli zenany dogruma we çaganyň ene süýdi bilen emdirmeklige ugrukdyrmak we taýýarlamak.

– *AIW/AIDS*-iň keseliniň geçmekliginiň öňüni alyş çärelerini geçirmek.

Intranatal we neonatal gözegçilik

– Dogruma ruhy taýdan goldaw bermek.
– Kadaly ýagdaýda geçýän dogrumy göbek enäniň alyp barmagy.
– Dogurýan zenanyň islegi boýunça hossarlarynyň doguma gatnaşmagy.
– Wagtyndan öňki geçýän dogrumlary bitewi alyp barmak.
– Çaga bilen enesiniň «Ten-tene» irki gatnaşygy (çaga doglandan soň dessine enesiniň garnyna 1,5-2 sagadyň dowamynda goýmaly) ulanmak.
– Çagany enesiniň göwsüne irki möhletlerde goýmak (çaga doglandan soň ilkinji 30 minutdan giç goýmaly däl).
– Ýyly düzgünini berjaý etmek (dogrum otagynda ýylylyk 25°-26° pes bolmaly däl).
– Bäbeklerde ilkinji reanimasiýa kömegi geçirilende häzirki zaman enjamlaryny ulanmak.
– Çaga mähirli garaýyşly hassahananyň esaslaryny ornaşdyrmak (enäniň we çaganyň bile bolmagy, çagany diňe ene süýdi bilen we onuň islegi boýunça emdirmek).
– Çaga dogrulýan öýlerden (enäniň we bäbegiň ýagdaýyna görä) irki möhletlerde çykarmak (3-4 gün).
– Maşgalada ene-atasynyň arasynda bäbege ideg etmek endikleri öwretmekligi ýola goýmak.

ÝETIK DOGLAN BÄBEGIŇ ANATOMO-FIZIOLOGIKI AÝRATYNLYGY

Ýetik ýa-da wagtynda doglan bäbek – göwreliligiň 38-42 hepde aralygynda (259-293 gün), boýy 47 *sm* uly, agramy 2500,0 ýokary, kelle aýlawy 34-36 *sm*, döş kapasasy 32-34 *sm* bolup doglan bäbeklere aýdylýar.

Bäbek doglandan soň plasentasy aýrylýar we çaga enesinden gan geçmeýär. Bäbegiň ganynda kislorod azalýar, kömürturşy gazy köpelýär. Kömürturşy gazy beýnidäki dem alyş merkezini gyjyndyrýar, netijede, çaga ilkinji gezek dem alýar. Ol gygyryp aglaýar, şonda öýkeni açylyp dem alyş başlanýar. Bäbek doglandan soň onuň bedeninde ilkinji günlerden başlap birnäçe özgerişler bolýar:

1. Öýken dem alşy başlanýar.
2. Gan aýlanyşynda we ýürekde birnäçe özgerişlikler bolýar (uly we kiçi gan aýlanyşygy).
3. Iýmit siňdiriş, bölüp çykaryş ulgamlary işläp başlaýar.
4. Bäbekde fiziologiki ýagdaýlar ýüze çykýar.

Ýetik doglan bäbegiň alamatlary

1. Ýetik doglan bäbegiň ortaça agramy 3400-3500 *g* oglanlarda, 3200-3400 *g* gyzlarda, boýy 48-52 *sm*, döş kapasasynyň aýlawy 33-34 *sm*, kellesiniň aýlawy 34-36 *sm*.
2. Bäbek gaty ses bilen aglaýar, gowy emýär, şertsiz refleksleri gowy ösüp ýetişen.
3. El-aýagynyň hereketleri işjeň.
4. Deri asty ýag gatlagy deriniň ähli ýerinde birmeňzeş gowy ösüp ýetişen.
5. Çaganyň derisi gyzyl, ýumşak mahmal ýaly, sebäbi onda maýdajyk tüýjagazlar bar.
6. Oglanjyk bäbekde ýumurtgasy ýumurtga haltajygynda, gyzjagazlaryň daşky jyns dodagy, kiçi jyns dodagyny gowy ýapýar.
7. Bäbekleriň göbek halkasy ortada döşüň galkan görnüşli ösüntgisi bilen gasygyň arasynda ýerleşýär.
8. Çaga birnäçe çiş bilen dogulýar, kellesinde dogruş çişi bolýar, derisinde ilkinji ýag örtügi bolýar.

Dogrum öýünde bäbeklere garaşyk etmek

Dogrum otaglarynda bäbek üçin daşky gurşawyň iň amatly şertlerini döretmek arkaly çaga bolan mähirli gatnaşyk başlanýar. Bu ýagdaýda ilki bilen amatly ýylylyk düzgüni göz öňünde tutulýar. Dog-

rum otagda howanyň ýylylygy +26 +28 gradusdan pes bolmaly däl. Doglan çagany göbek ene ýyljajyk arlyk bilen eline alýar, asfiksiýanyň alamaty bolmasa enäniň garnynyň üstüne ýatyrýar. Çalt süpüriji hereketler bilen çaganyň teni guradylýar we gury arlyk bilen üsti ýapylýar. Çaganyň kellesine şapka geýdirilýär we enäniň göwsüne emdirmäge tutulýar. Howanyň sowuk wagtlary (gyş pasly) goşmaça ýene-de üç sany ýyly arlyk we odeal bilen bäbegiň üsti ýapylýar.

Göbek damaryň urşy gutarandan soň, göbekden 10 *sm* aralykda birinji gysgyç, 8 *sm* aralykda ikinji gysgyç goýulýar. Iki gysgyjyň arasyndaky göbegi 95%-li etil spirtine batyrylan pagta bilen süpürilýär we zyýansyzlandyrylan gaýçy bilen kesilýär. Çaganyň göbeginiň kesilen ýerine 1% ýod ergini çalynýar we göbek halkadan 0,5-1 *sm* ýokardan rezin halkasy goýulýar.

Gonoblenoreýanyň öňüni almak işleri geçirmeklik, çaga bilen enäniň ýakyn we wizual gatnaşyklaryny ýola goýup dogrumdan iki sagat geçenden soň ýa-da eneden kolpit bar bolsa 15-20 minut geçenden soň başlanýar. Ýagny çaganyň gözüne tetrasiklin göz ýagy çalynýar.

Soňra bäbegiň agramy, boýy, döş, kelle aýlawy ölçenip bäbegiň ösüş taryhyna ýazylýar we gundalýar.

Çaganyň endamynyň daşyndaky ilkinji ýagyny aýyrmaly däl, ol täze doglan bäbegi daş-töweregindäki mikroblardan goraýar. Dogrum otagynda 2 sagat saklanylýar. Soňra hemme wagtyň dowamynda täze doglan bäbek ejesi bilen bile bolmaly.

Haçanda bilelikde saklansa, eneler bäbege esewan ediş endiklerini, şahsy arassaçylyk düzgünlerini basym öwrenýärler, enäniň çagasyna ysnyşmagy, çaganyň daşky gurşawa basym uýgunlaşmagyny, göwse süýt inmegini çaltlaşdyrýar.

Bäbege inçekesele garşy *BSŽ* waksinasiýasynyň geçirilişi

BSŽ waksinasiýasy dogrum öýlerinde bäbegiň ilkinji günlerinden başlanýar. Ähli sagdyn doglan bäbeklere 2-3 günlüginden inçekesele garşy immunizasiýa geçirilýär. Ony aýratyn taýýarlanylýan

şepagat uýasy, aýratyn şprisde, aýry otagda geçirilýär. *BSŽ* waksinasy agramy 1800 *g* ýokary bolan bäbeklere geçirilýär. *BSŽ* waksinasy çep eliň çigin böleginiň ýokarky daşky tarapyna 0,05 *ml* deri içine usuly boýunça sanjylýar. Bäbegiň ösüş taryhyna waksinasiýa geçirilendigi barada bellik edilýär. Onda waksinasiýanyň geçirilen güni, usuly, dozasy, waksiniň belgisi ýazylýar. Bäbek dogrum öýünden goýberilende onuň ejesine *BSŽ* waksinasynyň geçirilendigini düşündirmeli. Sanjym geçirilen ýeriniň gyzarmagynyň, gatamagynyň, käbir ýagdaýlarda bolsa iriňlemegiň, soňunda sanjym geçirilen ýerde yz (rubes) galýandygyny şepagat uýalary hökman bilmelidirler.

*yJMOQu QTSQVRQ XI\ZWVI{a

Patronaž – bu bäbegiň öýüne baryp görmek we şepagat uýalarynyň çaganyň ejesine çagany gözegçilik etmek barada gerekli maslahatlar bermekdir.

Bäbek dogrum öýünden öýüne gaýtjak güni saglyk öýlerine habar edilýär. Saglyk öýünden maşgala lukmany ýa-da şepagat uýasy bäbegiň umumy ýagdaýyny görüp maşgala çägine kabul edilýär we bäbegi öýüne alyp gaýdýar. Bäbegiň öýüne gelen gününden oňa ilkinji patronaž geçirilýär.

Şepagat uýasynyň wezipesi: şepagat uýalary täze doglan bäbekli maşgalanyň iň bir ýakyn adamy bolmaly. Her gezek patronaža baranda bäbegiň derisine, gözüne, burnuna nähili garaşyk etmelidigini, nähili gundamalydygyny, arlyklaryny nähili ýuwmalydygyny, bäbegi ene süýdi bilen iýmitlendirilişi barada, massažyň, gimnastiki maşklaryň geçirilişi barada, bäbegiň ýuwundyrylyşy, gigiýeniki wannalaryň geçirilişi, enäniň gün tertibi we iýmiti barada gürrüň geçirmeli.

Çaganyň ýaşyna görä gözegçilik geçirilişi

T/b	Çaganyň ýaşy	Maşgala şepagat uýalarynyň gözegçilik toparlary
1	2	3
1	Täze doglan çagany 40 güne çenli	Hepdede iki gezek
2	40 günden – 3 aýa çenli	Aýda 4 gezek

soňra geçiş täreti bolýar. Ol nemli, suwly, köpürjikli bolup gögümtil reňkde bolýar. Çagalaryň kadada 2-6 gezege çenli içi geçýär.

KEMIS DOGLAN BÄBEK. ALAMATLARY. GÖZEGÇILIK ETMEK

Ýetmez doglan bäbek – göwreliligiň 28-37 hepde aralygynda, boýy 35-47 *sm*, agramy 800-2500,0 *g*, kelle aýlawy 26-34 *sm*, döş kapasasy 24-33 *sm* doglanlara aýdylýar.

Kemis dogulmagyň sebäpleri

1. Göwreli aýalyň iýmiti we dowamly geçýän ýokanç keselleri. Ýiti geçýän kesellerden: dümew, gepatitler, pnewmoniýa. Dowamly infeksiýalardan – inçekesel, brusellýoz.
2. Jyns agzalaryň keselleri.
3. Göwreliligiň gestozlary.
4. Toksikozlar, abortlar.
5. Fiziki we psihiki şikesler.
6. Zäherlenmeler.
7. Narkotiki jisimleriň, spirtli içgileriň, nikotiniň ulanylmagy.
8. Iýmitiň ýetmezçiligi.

Ýetmezlik şu aşakdaky görnüşde kesgitlenilýär:

I. Doglanda pes agram – 2500 *g*-dan az. (1500 *g*-dan – 2499 *g* öz içine alýar.)

II. Örän pes agram – 1500 *g*-dan az (1000 *g* az – 1499 *g* öz içine alýar).

III. Çendenaşa pes agram – 1000 *g*-dan az (500 *g*-dan – 999 *g* öz içine alýar).

Alamatlary

Kemis doglan bäbeklerde ähli synalaryň we ulgamlaryň ýerine ýetirýän işleri doly ösüp ýetişen däldir.

Olar doglan wagty gowşak ses bilen aglaýar ýa-da aglamaýarlar, emiş we ýuwudyş refleksleri gowşak ýa-da düýbünden bolmaýar, deri asty ýag gatlagy gowşak ýetişen ýa-da ýok.

Derisi ýygyrtly, örän näzik, tüýjagazlar bilen örtülen. Göbek halkasy garnynyň aşagynda, gasyga ýakyn ýerleşen. Deriniň fiziologiki gyzarmasy we sarygetirmesi agyr geçýär. Kelle süňkleri ýumşak, biri-biriniň üstüne geçýär, köplenç, kiçi çeşmejigi açyk bolýar. Gulak ýelkenleri ýumşak, deň ýerleşmedik, kellesiniň göwrümi döş kapasasynyň göwrümine seredende uly bolýar. Boýy ince, saçlary gowy ösen. Dyrnaklary ince, ýumşak, dyrnak maýalaryny doldurmadyk.

Gyzjagazlarda uly jyns dodaklary kiçi jyns dodaklaryny ýapmaýar. Oglanjyklarda tohumlyklary tohum haltajyklaryna düşen däl. Kemis doglan bäbekleriň dem alşy kadaly däl, käbir ýagdaýlarda, arakesmeli dem alýar. Ýürek-damar ulgamynyň hem ýerine ýetirýän işleri doly ýetişen däl.

Çaga gundalanda, emdirilende onuň dem alşy, ýürek urşy tizleşýär. Bedendäki madda çalşygy durnuksyz, daşky gurşawyň täsirlerine kynlyk bilen uýgunlaşýar. Ýylylygy kadalaşdyrýan merkeziň ösüp ýetişmänligi sebäpli olar ýeňillik bilen üşeýärler ýa-da gyzdyrýarlar. Kemis bäbeklerde islendik keseller agyr geçýärler, olar rahit, iglemek, gan azlyk, diareýa, sepsis, pnewmoniýa ýaly keseller bilen kesellemäge ukyplydyrlar.

Eger-de çagalara dogry garaşyk edilse, iýmitlendirilse, terbiýelense kemis doglan bäbekler 1-1,5 ýaşyna çenli fiziki, psihiki ösüşi boýunça deň-duşlarynyň yzyndan ýetýärler.

Kemis doglan bäbege gözegçilik etmegiň aýratynlyklary

Bäbegi üşetmezlik üçin dogrum otagynda ýylylyk +26 +28° C bolmaly. Dogrum başlamazdan öň sollýuks lampany ýakmaly, zyýansyzlandyrylan arlyklary gyzdyrylan ýaly bolmaly. Bäbege ilkinji arassaçylyk çärelerini seresaply geçirmeli, gundak stoly her bir tarapyndan ýyladylan bolmaly.

Soňra bäbekleri kuwezlere ýerleşdirmeli, kuwezler bolmasa gyzdyryjy elektrik krowatlar ulanylýar. Bäbekleri gyzdyrmak üçin

ýyly gyzdyryjy haltajyk hem ulanylýar. Gyzdyrgyç 1/3 bölegine 60-70°C gyzgyn suw bilen dolduryp, arlyk bilen dolap bäbegiň iki gapdalyna we aýagynyň aşagyna goýmaly. Gyzdyryjy haltajyk yzygiderlilikde her üç sagatdan çalşyryp durmaly. Şepagat uýasy çaganyň bedeniniň gyzgynyna gözegçilik edip durmaly, eger çaganyň gyzgyny 37°C-den geçse, onda 2 gyzdyryjy haltajygy aýyrmaly. Çaganyň körpeçesiniň aşagynda gyzgyn 30-33°C bolmaly.

Asfiksiýanyň öňüni almak üçin çaganyň kelle tarapyny ýokarrak edip ýatyrmaly. Emdirmezden we emdirilenden soň bäbegi 2-3 hepdä çenli çyglandyrylan kislorod bermeli.

Göbek ýarasy doly bitenden soň çagany ýuwundyrmaly, suwuň ýylylygy 38°C bolmaly, hepdede 2 gezek agramyny ölçemeli. Arassa howada bir aýlykdan soň gezdirseň bolýar. Gezelenjiň dowamlylygy 10 minutdan 1,5-2 sagada çenli dowam edip biler.

2-3 aýlykdan howa wannalaryny, massaž, gimnastiki maşklary geçirip başlasaň bolýar.

Kemis doglan bäbekleriň iýmitlendirilişi

Esasy kynçylyk bu kemis doglan bäbekleri iýmitlendirmekdir. Sebäbi olaryň soruş, ýuwudyş refleksleri gowşak ösen. Bäbekde soruş we ýuwudyş refleksleri bolsa, onda ony ene süýdi bilen iýmitlendirmeli.

Soruş refleksi gowşak bolup, ýuwudyş refleksi bolsa onda bäbegi çemçe arkaly iýmitlendirmeli. Ýuwudyş, soruş refleksleri bolmadyk bäbekleri zond arkaly iýmitlendirmeli. Ýetmez doglan bäbekleri ýagdaýyna görä doglandan 6-10 sagatdan soň iýmitlendirmeli. Iýmitlendirmezden öň we soň çaga kislorod bermeli.

Iýmitiň gerekli mukdaryny menzurka guýup, ýyly 39-40°C suwly gapda gyzdyrmaly. Zondy 2-3 güne çenli çaganyň aşgazanynda galdyrsa bolýar. Bäbek üçin iň gowy iýmit ene süýdüdir, ýöne ene süýdi bolmadyk ýagdaýynda «Başlangyç» süýt garyndylary bilen iýmitlendirilýär. Günüň dowamynda iýmitiň gerekli mukdaryny şu aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

n +10 çaganyň her bir 100 *g* agramyna *n*-çaganyň günlügi.

M e s e l e m : 3 günlük bäbegiň agramy 1900 *g*.

Onda: $x = (3 + 10)* 19 = 247$ *ml* süýt.

15 günlükden soň iýmitiň mukdary çaganyň 1/5 agramyna laýyklykda hasaplanylýar. Kemis bäbekler ýeke-täk ene süýdi bilen iýmitlendirilýän bolsa olaryň agramy tiz köpelýär.

Bir aýlykdan başlap bäbeklere witamin *D*2 ýagly ergini berlip başlanýar.

ÇAGANYŇ DERI WE DERI ASTY ÝAG GATLAGYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

Deriniň morfologiki aýratynlyklary:

Deri 3 gatlakdan durýar:

1. Epidermis
2. Derma
3. Deri asty ýag gatlagy

Bäbegiň derisi açyk gyzyl reňkde bolup, mahmal ýaly ýumşak we örän näzik, gan kapilýarlaryna baý.

Täze doglan bäbegiň derisi ýuka, onuň bedeniniň daşy ilkinji ýag bilen örtülen sary bolýar, täze doglan bäbegiň 60%-iň derisi, nemli bardalary, gözleri sary bolýar, 7-10 günlüginde ol sarylar azalyp ýitip gidýär, bu ýagdaý bäbekleriň fiziologiki sarygetirmesidir. Deriniň ýag bölüp çykarýan mäzleri, der bölüp çykarýan mäzleri gowy ýetişen. Der bölüp çykarýan mäzleriň işi 3-4 aýlykda köpelýär. Çaganyň saçlary ýumşak, hüżżeren.

Deri asty ýag gatlagy çagalarda ilkinji 6 aýlykdan gowy ösýär, esasanam, çagalaryň ýüzünde garnynda haýal ösýär.

Deri asty ýag gatlagy oglanlara seredeniňde gyzlarda jyns taýdan ýetişen döwürde örän gowy ösýär.

Deriniň ýerine ýetirýän işleriniň aýratynlyklary

1. Goraýyş işi – gowşak, sebäbi deri ýuka, näzik, ýeňil ýaralanýar.
2. Dem alşy gowy ýetişen (gan damarlara baý).

3. Gyzgyny saklamaga gönükdirilen işi – ýetişen däl, şonuň üçin hem çaga tiz üşeýär.
4. Bölüp çykaryş işi gowy ýetişen.
5. Witamin *D* emele getiriş işi – uly rol oýnaýar, sebäbi ultramelewşe gün şöhleleriniň derä düşmegi netijesinde, deridäki prowitamin *D* witaminden *D*3 emele gelýär, bu bolsa çagalarda rahit kesselleriniň öňüni alýar.

Çaganyň derisine gowy gözegçilik etmeli. 6 aýlygyna çenli günde çaga gigiýeniki wannalar geçirmeli, 6-12 aýa çenli günaşa, 1-4 ýaşa çenli hepdede 2 gezek. Her uly täretden soň çaganyň jyns agzalaryny ýuwmaly, çaganyň 2-3 hepdeliginden başlap dyrnaklaryny almaly.

Çaganyň myşsa ulgamy

Çagalarda 3-4 aýlygyna çenli myşsa tonusy ýokary bolýar. Olaryň güýji gowşak. Jyns taýdan ösüş döwründe myşsalaryň güýji ösýär. Myşsalaryň ösmegi, berkemegi üçin çagalara wagtynda massaž geçirmeli, bedenini berkitmeli. Mekdep ýaşly çagalarda myşsa ulgamy oglanlarda gyzlara seredende has gowy ösendir. 20-25 ýaşynda myşsa ulgamynyň ösüşi doly tamamlaýar.

Çagalarda süňk ulgamynyň aýratynlygy

Çagalaryň süňkleri suwa baý, mineral duzlara garyp bolýar. Olar ýumşak, şol sebäpli hem olar gyşaryp, egrelip, döwülmegi mümkin. Gan damarlara baý. 2-3 ýaşynda çagalaryň süňki örän çalt ösýär. 12 ýaşynda uly adamlaryňky ýaly bolýar.

Kelle süňküniň aýratynlygy: bäbekleriň kellesindäki süňkleriň aralygyndaky tikinlerini ýeňillik bilen elläp görüp bolýar. Ol tikinler gowşak, gowy ösüp ýetişmedik. Maňlaý süňki bilen depe süňküniň birleşýän ýerinde dört burç (romb) görnüşinde süňküň bitmedik ýumşak ýeri bar, oňa uly çeşmejik diýilýär. Ölçegi 2 · 2,5 *sm*. Uly çeşmejik kadada çagada 12-15 aýlygynda ýapylýar.

Kelläniň depe süňkleri bilen ýeňse süňküniň birikýän ýerinde kiçi çeşmejik bar. Ölçegi 1 · 1,5 *sm* üçburçluk görnüşinde bolup, ol bäbekleriň diňe 20-25% açyk bolýar, esasanam, kemis doglan bäbeklerde we 2-3 aýyň dowamynda ýapylýar.

Çaganyň oňurga süňki – ýetik doglan bäbeklerde göni bolup, hiç hili egrem bolmaýar, sebäbi bäbekler hemişe ýatýarlar. 2 aýlygynda çaga kellesini tutup başlan wagtynda boýun lordozy emele gelýär. 6 aýlygynda haçanda çaga özbaşdak oturyp başlanda döş kifozy emele gelýär. Çaga ýöräp başlanda 11-12 aýlygynda bil lordozy emele gelýär. Oňurga sütüniň kadaly görnüşi (konfigurasiýa) çagalarda 1 ýaşynda emele gelýär.

Oňurga sütüniniň gapdal egrelmegine skolioz diýilýär. Bu ýagdaý patalogiki egremlerdir.

Çaganyň döş kapasasy – 6 aýa çenli silindr görnüşinde bolýar, gapyrgalary gorizontal görnüşinde bolup, 1 ýaşyndan başlap fiziologiki peselmegi başlanýar. Gapyrga aralygy giň bolýar. Kiçi ýaşly çagalaryň dem alşy ýüzleý we çalt bolýar. 12-13 ýaşyndan çagalaryň döş kapasasynyň ösüşi tamamlanýar.

Çaganyň dişleri – çaga 6-7 aýlyk bolanda ilkinji aşakdan iki sany süýt dişi, 8-9 aýlygynda ýokardan iki sany, 9-10 aýlygynda ýokardan iki gapdal, 11-12 aýlygynda aşakdaky gapdal dişleri çykýar. Çaga bir ýaşyna ýetende onuň 8 sany dişi bolmaly. 2 ýaşyna ýetende dişleriniň sany 20-ä ýetýär, Çagalaryň süýt dişleriniň sanyny anyklamak üçin 6-24 aýlyga çenli şu aşakdaky formula ulanylýar:

$$X = n - 4.$$

Bu ýerde X – dişleriň sany, n – çaganyň aýy.

M e s e l e m : çaga 15 aýlyk. Onuň $X = 15 - 4 = 11$ sany süýt dişi bolmalydyr. 6-7 ýaşynda süýt dişler hemişelik dişler bilen çalyşýar.

ÇAGANYŇ DOGABITDI ÖSÜŞ KEMISLIKLERI

Dogabitdi ösüş şikesleri 1000 sany doglan çaganyň 12-19 sanysynda duş gelýär. Göwreligiň 8-12 hepdeligine çenli aralykda göwredäki çaganyň içki organlary we ulgamlary emele gelýär. Şu döwürde daşky gurşawyň zyýanly täsirleri çaga düwünçeginiň ösüşine

zeper ýetirýär we çaganyň dürli hili dogabitdi ösüşi kemisçilik bilen dogulmagyna getirýär.

Sebäpleri:

1. Göwreli aýalyň wirus keselleri (grip, gyzylja, parotit, sitomegaliýa), ýürek keselleri, radiasiýa-rentgen şöhleleriniň täsiri, narkotiki maddalaryň, himiki birleşmeleriň täsiri, derman serişdeleri (antibiotikler, barbituratlar), fiziki we psihiki şikesler, awitaminoz, enäniň ýaşy, garyndaşlyk nikasy.
2. Atasynyň keselleri (içki sekresiýa mäzleriniň keselleri, alkogolizm, narkomaniýa), ýaşy.

Çaganyň göwredäki ösüş döwrüniň dürli möhletinde daşky gurşawyň zeper ýetiriji täsirleri birmeňzeş bolmaýarlar. Iň irki ösüş döwürleri (tohumlanma geçenden soň tä implantasiýa-ornaşma geçýänçä) daşky gurşawyň zeper ýetiriji täsirleri, köplenç, çaga düwünçeginiň ösüşden galmagyna ýa-da onuň ölmegine getirýärler. Implatasiýa geçip we 8-10 hepdelige çenli döwürde göwredäki çaganyň organlarynyň we plasentanyň düýbi tutulýar. Bu ösüş döwründe zeper ýetiriji täsirler netijesinde göwredäki çaganyň organlarynyň we ulgamlarynyň ösüşden galmaklygy hem-de dürli görnüşli kemçilikleri emele gelmegi mümkin. Ýaşaýyş üçin örän möhüm bolan organlaryň dogabitdi şikesleri doglan çagany ýaşamaga ukypsyz edýär. Göwredäki çaganyň ösüş kemisliklerine **embriopatiýa** diýilýär.

Has köp duş gelýän ösüş kemislikler

1. M.N.U-nyň ösüş kemisliklerine – mikrosefaliýa, gidrosefaliýa (kelle beýnisine suwuň ýygnanmagy), anasefaliýa (beýniň ýarym şarynyň bolmazlygy), kiçijik kellejik edil eginiň üstünde ýerleşýär, gözleri öňe pökgerip durýar, (gurbaga kelle), akraniýa (kelle çanaklygynyň ýokarky gapagynyň bolmazlygy), kelle beýni ingisi, oňurga ýiliginiň ingisi, oňurganyň bölünmegi degişlidir.
2. Iýmit siňdiriş ulgamynyň kemisliklerinden ýokarky dodagyň we gaty kentlewügiň bölünmegi ýa-da gaty kentlewügiň bolmazlygy, gyzylödegiň dar bolmagy ýa-da bellibir böleginiň

bolmazlygy, öt ýollarynyň bitişmekligi, içegeleriň bellibir böleginiň bolmazlygy, dar bolmagy, has uzyn bolmagy, artbujagyň bitişmekligi, daralmaklygy köp duş gelýär.

3. Ýürek-damar ulgamynyň ösüş kemisliklerinden ýüregiň ýok bolmagy, iki ýüregiň bolmagy, Botallaw akymynyň bitmezligi, ýüregiň we gan damarlarynyň ýerinden süýşmegi, ýüregiň gulajyklarynyň aralyk diwarynyň we garynjyklarynyň aralyk diwarynyň bitmän galmagy anyklanylýar.
4. Peşew bölüp çykaryş ulgamynyň ösüş kemisliklerinden bir ýa-da iki böwregiň hem ýok bolmagy, nal görnüşli böwrek, peşew akdyryjy ýollaryň dar bolmagy, bolmazlygy, ösüp ýetişmezligi duş gelýär.
5. Jyns ulgamynyň ösüş kemisliklerinden kriptorhizm (oglanlaryň ýumurtgasynyň ýumurtga haltasyna düşmezligi), ýatgynyň we jynshananyň aplaziýasy, gipoplazsiýasy, goşalanmagy ýaly ösüş kemislikleri çagalaryň, köplenç, ýetginjeklik döwründe anyklanylýar.
6. El-aýaklaryň dogabitdi ösüş kemisliklerine ameliýa (el-aýaklaryň ýok bolmagy), gemimeliýa (el-aýaklaryň bir böleginiň ýok bolmagy), sindaktiliýa (barmaklaryň birleşip, sanynyň az bolmagy), polidaktiliýa (el-aýaklaryň barmaklarynyň sanynyň köpelmegi) degişlidir. Aýaklaryň biri-biri bilen birleşmegi (sepleşmegi) netijesinde daban bolmaýar (balyk guýrukly, ýeke aýakly) bolýar.
7. Bitişen (sepleşen) ekizler ýa-da doly aýrylmadyk ekizler. Olar bir ýumurtga öýjüginden emele gelip, bedeniň dürli ýerlerinde kellesinde, döşünde, garnynda, çanaklygyň töwereginde sepleşip bilerler.
8. Seýrek duş gelýän görnüşlerine ses ýollarynyň bitişen bolmagy, göz almalarynyň ösüp ýetişmezligi, öýkenleriň ösüp ýetişmezligi degişlidir.

Bejerilişi: ösüş kemisliklerinin käbirlerini hirurgiýa ýol bilen bejerip bolýar: ýokarky dodagyň bölünmegi, pilorostenoz, ýüregiň ösüş kemisliklerini, kriptorhizm.

Öňüni almak: göwreli aýaly kesellerden goramaly, dogry iýmitlendirmeli, daşky gurşawyň zeper ýetiriji täsirlerinden goramaly.

NESIL YZARLAÝAN KESELLER

Soňky ýyllarda çagalaryň arasynda nesilden-nesle geçýän keseller köp duş gelýär. Nesilden-nesle geçýän keselleri öz wagtynda anyklamak üçin medikogenetiki konsultasiýalar bar. Medikogenetiki konsultasiýada Skrining maksatnama boýunça geljekki nesliň sagdynlygyny anyklap bolýar. Öýjügiň ýadrosynda adamyň nesilden-nesle geçýän häsiýetlerini saklaýan hromosom apparaty bardyr.

Hromosom apparaty 23 jübüt hromosomdan durýandyr. Olaryň 22 jübüti autosomlar, bir jübüti jyns hromosomy.

Aýallarda XX hromosom

Erkeklerde XY hromosom

Her bir hromosom öz gezeginde halka şekilinde düzülen genlerden durandyr. Genler bolsa adamyň nesilden-nesle geçýän häsiýetlerini, ösüş aýratynlyklaryny, gurluşyny, bedeniň ýaşaýyş ýagdaýyny özünde saklaýar. Eger-de hromosom apparatyndaky molekulalaryň işi bozulsa, onda madda çalşygynyň keselleri ýüze çykýar. Olara: fenilketonuriýa, sistinoz, alkaptonuriýa, glikogenoz, mukowissidoz. Eger-de hromosomalaryň gurluşy we sany üýtgese onda horomosom keselleri ýüze çykýar.

Eger-de jyns hromosomalarynyň anomaliýasy ýüze çyksa onda Klaýnfelteriň we Şereşewkiý – Terneriň sindromy, autosom-hromosomlaryň anomaliýasy bolsa onda **Dauna** keseli ýüze çykýar.

Klaýnfelteriň sindromy

Bu sindrom ilkinji gezek 1942-nji ýylda öwrenilen we 0,2% doglan çagalarda duş gelýär. Çagada 46 hromosomyň deregine 47 hromosom bolýar. Oglanlarda X derek XX hromosom düzümi anyklanan.

Bu kesel erkeklerde bolýar.

Alamatlary: çagalaryň boýy, el-aýaklary uzyn bolýar. Myşsa ulgamy gowşak ösen. Jyns taýdan gowşaklyk (infantilizm) duýulýar, ýumurtgalyklary kiçelen, kriptorhizm. Süýt mäzleriniň ösmegi mümkin, impotensiýa we önelgesizlik mahsusdyr. Bu ýagdaýlar çaganyň akyl taýdan ösüşiniň yza galmagyna getirýär.

Bejerilişi: ikilenji erkeklik jyns alamatlarynyň ýetişmegi üçin gormonal serişdeleri bellenilýär: metiltestosteron, tokosebol we ş.m.

Şereşewskiý-Terneriň Sindromy

Kesel 1925-nji ýylda ýazylyp öwrenilen. Bu aýallarda ikilenji jyns alamatlarynyň ýoklugy ýa-da ösmezligi bilen häsiýetlendirilýär.

Näsaglarda 45 hromosom bolup, bir sany jyns hromosomy bolýar. *XO*

Alamatlary: näsag çagalaryň boýy pes, boýny kelte, boýnunda ganat şekilli gasyn bolýar, döş kapasasy giň. Jyns taýdan ösüşden yza galýarlar. IV barmagy kelte, V barmagy egrelen. Bu çagalarda, köplenç, ýürek poroklary, böwrek kemislikleri ýüze çykýar. Aň tarapdan ösüşi ýaşyna laýyk.

Bejerilişi: boýunyň we jyns ösüşini kadalaşdyrmak üçin anaboliki gormonlar; metilandrostendiol, nerobol, estrogen preparatlary: estradiol dipropinat. Bejerginiň netijeli geçirilmeginde näsaglaryň ýagdaýy gowulaşýar. Ikilenji jyns alamatlary peýda bolup, käbir ýagdaýda menstruasiýa gelip başlaýar.

Dauna keseli

Bu kesel ilkinji gezek iňlis alymy Daun tarapyndan ýazylyp öwrenilipdir. 0,5% çagada duşýar. Esasy sebäbi hromosomalaryň 21-nji jübütinde trisomiýa bolýar. Netijede, 47 hromosom bolýar. 47XX2147XV21.

Alamatlary: näsagyň boýy pes, kellesi kiçi, gulaklary aşakda ýerleşen we deformirlenen, göz hanalary mongoloid, burny kelte, agzy ýarym açyk we içinden dili çykyp durýar. Barmaklary kelte, kiçi barmak egri. Myşsalaryň tonusy pes, çagalar psihiki taýdan yza galýarlar: olar kellesini giç saklap, giç ýöreýärler. Geplemegi giç öwrenip, gepine doly düşünip bolmaýar. Häsiýetleri boýunça çagalar örän hereketjeň, mähirli 30-40% çagada Dauna keselinde ýürek poroklary, gan damarlaryň kemisligi ýüze çykýar.

Bejerilişi: çaganyň fiziji we psihiki ösüşini gowulandyrmak üçin gün tertibini we terbiýesini dogry ýola goýup, massaž, gimnastiki maşklar geçirmeli. Çaga görkezme boýunça tireoidin, anaboliki steroidlerden: metilandrostendiol, nerobol, glutamin kislotasy, witaminler, serebrolizin bellenilýär.

BÄBEKLERIŇ GEMOLITIKI SARYGETIRME KESELI

Ene we çaganyň rezus faktory deň gelmese ýa-da *A.B.O* gan topar sistemasynyň deň gelmezligi bolanda göwreli aýallaryň bedeninde rezus faktoryň täsiri netijesinde antitelalar emele gelýär. Antigen we antitelanyň reaksiýasy netijesinde düwünçegiň eritrositleri bozulýar we ganyň düzüminde bilirubin köpelýär.

Kliniki alamatlary: gemolitiki sarygetirme keseliniň üç görnüşi bar; çiş, sarygetirme we ganazlyk.

Çiş görnüşi – bu has agyr geçýär. Çaga umumy çiş bilen dogulýar. Bagry we dalagy has ulalýar. Ganyň düzüminde eritrositleriň sany azalýar, gemoglobin pes bolýar. Doglandan soň bäbekler birnäçe sagatdan soň ölýär.

Sarygetirme görnüşi – iň köp duş gelýän görnüşi. Çaga doglandan soň ýa-da 1-2 günüň dowamynda çaganyň bedeni, nemli bardalary saralyp başlaýar. Bagyr we dalagy ulalýar, bäbekleriň emişi peselýär, ynjyk, gowşak bolýarlar. Deri astyna gan üýşmeleri, gan akmak duş gelýär. Çaganyň peşewiniň reňki üýtgeýär. Ganyň biohimiki analizinde göni däl bilirubin köpelýär. Sarygetirme görnüşiň agyr gaýraüzülmesi bilirubin ensefalopatiýasydyr. Şol ýagdaýda bäbek ukuly bolýar, myşsalaryň tonusy peselýär, titreme, nustagm, opistotonus bolýar. Soňra şu çagalarda nerw psihiki ösüşi peselýär.

Ganazlyk görnüşi – bu gemolitiki keseliň ýeňil görnüşidir. Bäbekleriň bedeni agymtyl bolýar, emiş bir az gowşak bolýar, bagyry, dalagy ulalýar. Ganyň düzüminde etitrositler, gemoglobin peselýär, bilirubin köpelýär.

Bejerilişi: bejerilişi keseliň görnüşine bagly. Gan azlyk görnüşinde bäbege gan goýbermeli, gowy gözegçilik etmeli. Sarygetirme görnüşinde çagany donor süýdi bilen iýmitlendirmeli, 7-17 güne çen-

li ultramelewşe şöhlesini ulanmaly, fenobarbital bermeli, witamin *E* 0,1 *mg* et aralygyna sançmaly, *ATF* 0,1 *ml* et aralygyna sançmaly. Wena gan damary arkaly glýukozanyň 5% erginini, albumin, reopoliglýukin goýbermeli. Sarygetirme agyr görnüşde bolsa bäbegiň ganyny çalyşmaly, soňra zäherlenmä garşy bejergi geçirmeli.

Gemolitik keseliň öňüni almak

Rezus «-» göwreli aýallary wagtynda hasaba almaly we hökmany birinji göwreliligini saklatmak üçin talap etmeli. Rezus «-» aýallara çagasyny aýyrtdyrandan soň we dogandan soň antirezus gammaglobulin goýbermeli. Çaganyň ganynyň düzüminde antitelalaryň mukdaryny barlap durmaly.

BÄBEKLERIŇ ILKINJI REANIMASIÝASY

Soňky wagtlara çenli bäbeklere berilýän ilkinji reanimasiýa kömeginiň göwrümi kesgitlenende Apgaryň şkalasyna esaslanylýardy. Ençeme ýyllaryň dowamynda toplanan tejribeler bu usulyň şeýle maksatlar üçin ulanylmaga talabalaýyk däldigini subut etdi. Bu ýagdaý birinjiden Apgaryň şkalasynda bahalandyrmaga degişli alamatlaryň köplügi (5 sany) we olara jogap almak üçin köp gymmatly wagtyň ýitirilýändigi, ikinjiden bu usulda bäbegiň ýagdaýyna birinji minutyň ahyrynda jogap alynýandygy, onuň bolsa giç bolýandygy bilen esaslandyrylýar.

Täze doglan bäbeklere geçirmeli ilkinji reanimasiýa çäreleriniň göwrümini çaga dünýä inen pursadynda iki alamata (dem alyş we ýürek urgularynyň ýygylygyna) baha bermek bilen kesgitlenilýär.

Bu usula geçilmegi bäbegiň dünýä inen pursady ýagdaýyna baha berlende gymmatly wagty tygşytlamaga, ulanylýan derman serişdelerini azaltmaga mümkinçilik berýär. Sebäbi täze usula laýyklykda ilkinji reanimasiýa kömegi, esasan, emeli dem bermeklige we ýüregiň göni däl owkalamasyna esaslanandyr. Şeýle şertlerde Apgaryň şkalasy bäbegiň ýaşynyň 5-10-15-nji minutlarynda geçirilen ilkiji reanimasiýa kömeginiň netijelerine baha bermekde peýdalanylýar.

Doglanda reanimasiýa çärelerini geçirmeklige itergi berýän ýokary howply alamatlary

Intranatal sebäpleri:

1. Gaýragoýulmasyz görkezmeleri boýunça geçirilen Kesarewo kesimi.
2. Düwünçegiň otyr ýeri ýa-da beýleki nädogry ýagdaýlarda gelmegi.
3. Uzaga çeken ýa-da aşa tiz geçen dogum, dogrumyň derman bilen güýçlendirilmegi.
4. Uzak suwsuzlyk döwri.
5. Düwünçek ýan suwunyň mekoniýa bilen hapalanmagy.
6. Göbek bagynyň öňe düşmegi.
7. Plasentanyň öňde ýerleşmegi ýa-da wagtyndan öň gopmagy we ş.m.

Antenatal sebäpleri;

1. Süýjüli diabet keseli
2. Dogrum wagtyndaky gan akmalar
3. Agyr derejeli ganazlyk
4. Köp suwsuzlyk
5. Enäniň ýürek, öýken, böwrek, newrologiki ýa-da endokrin keselleri.
6. Köp düwünçekli göwrelilik.
7. Narkomaniýa.
8. Ösüşiň dogabitdi kemislikleri.

Agyr ýagdaýda (agyr asfiksiýada) doglan bäbekleriň geljekki ykbaly, köplenç, çaganyň umumy ýagdaýyna öz wagtynda baha bermeklige, ilkinji kömeginiň talabalaýyk geçirilmegine baglydyr. Ýagdaýy kesgitleme düwünçek ýan suwunda ýa-da bäbegiň deri örtüginde mekoniýanyň barlygyny, çaganyň dem alşyna, myşsalaryň tonusyna we deri örtüginiň reňkine baha bermäni, şeýle-de bäbekleriň ýetik ýa-da ýetmez doglandygyny kesgitlemegi öz içine alýar. Bäbege geçirilýän reanimasion çäreler bir kliniki alamata däl-de ähli görkezijilere esaslanandyr.

Wagtynda doglan bäbekleriň, takmynan, 90%-i erkin dem alyp, gaty ses bilen aglap, el-aýaklarynyň işjeň hereketleri bilen kadaly ýagdaýlarda dogulýarlar.

Bäbekleriň anamnezinde ýokary howp alamatlary ýok we olar arassa düwünçek ýan suwy gidenden soň dogulýarlar. Bu bäbeklere haýsy-da bolsa bir kömek bermek üçin enesinden aýyrmak zerurlygy bolmaýar. Ol çagalara ýylylyk goragy berjaý etmeklik üçin guradyp ejesiniň garnyna ýatyryp, ýyladylan gury arlyklar bilen üstüni ýapmaly. Ýylylyk çaga bilen enäniň göni galtaşmaklygy arkaly saklanýar. Ýokary dem alyş ýollaryny arassalamaklyk gerek bolan halatynda çaganyň agzyny we burnuny süpürmek bilen çäklenilýär. Ýokary perinatal howp alamatlary bolmadyk ýagdaýynda doglan bäbek daşky gurşawyň täsirini işjeň jogap berýän bolsa, onda ejesi bilen galdyrmaly we çaga adaty idegi berjaý etmek (ýylatmak, gerek bolan ýagdaýynda ýokary dem alyş ýollarynyň geçirijiligini dikeltmek, bäbegiň deri örtügini guratmak) ýeterlikdir.

Eger-de bäbek dünýä inen pursadynda onuň janyna ýokary howp salýan ýagdaýlar ýüze çyksa, onda bäbegi ýagtylyk arkaly ýyladylan stolda ýatyryp tizara reanimasion çärelerini geçirmekligi ýola goýmaly. Bäbeklere ilkinji reanimasiýa çärelerini geçirmeklik ýokarlandyrýan howp alamatlary:

1. Düwünçek ýan suwunda ýa-da bäbegiň deri örtüginde mekoniýanyň barlygy.
2. Bäbegiň doglan badyna aglaýşy, dem alşy we hereketleriniň işjeňligi ýok ýa-da pes.
3. Endamynyň gögermekliginiň durnukly saklanmagy.
4. Bäbegiň wagtyndan öň dogulmagy (gestasiýa ýaşy 36-37 hepdelikden az).

Bäbekde görkezilen alamatlaryň biri bolsa-da onda ol çaganyň kömegine mätäçdigini görkezýär, şeýle ýagdaýda şu aşakdaky çäreleri amala aşyrmak zerurdyr.

1. Bäbegi ýyly arlyga dolap, ýyladyjynyň aşagyna geçirmeli.
2. Ýokary dem alyş ýollarynyň geçirijiligini dikeltmeli, kellesi çala yza gaýyşdyrylan bolmaly.
3. Ilki agyz boşlugyndan, soňra burnunda rezin topjagaz arkaly nemlerini sorup almaly.

Elektro sorujy arkaly ýokary dem alyş ýollary arassalananda örän seresaplyk bilen hereket etmeli, katetri gaty çuň we bat bilen goýbermeli däl.

Eger-de bu çäreler geçirilende bäbekde bradikardiýa ýüze çyksa, onda emeli dem geçirmekligi bes etmeli we bäbegiň ýürek urşuna gaýtadan baha bermeli.

4. Çalt hereketler bilen ýyladylan arlyk arkaly bäbegiň endamyny we kellesini guratmaly. Öl arlygy aýyrmaly, täzeden bäbegi ýyladylan gury ýerde dogry ýatyrmaly.

Ýatda saklaň!

Ýokary dem alyş ýollaryny arassalamaklyk we bedeni guratmaklyk bäbegiň dem alşyny gyjyndyrýar we özbaşdak dem alşynyň ýüze çykmagyna ýardam edýär.

5. Eger-de ýokarda agzalan çäreler bilen kadaly dem alşy dikelmese, aşaky gyjynmalaryň, dabanynyň aşaklaryna kakma ýa-da oňurgasynyň gyralarynyň sypalaşdyrma birini ulanmak bilen emeli iki gezekden köp gaýtalaman ýerine ýetirmeli.
6. Eger-de bäbegiň derisi we nemli bardalary dem alýanlygyna garamazdan, göklügine galýan bolsa, onda göni akym bilen kislorod bermeli.

Göni akymly kislorod berlende şu aşakdaky enjamlaryň bolmagy zerurdyr:

1. Göni akym bilen doldurylan dem alyş turbajygy.
2. Kislorod turbajygy.
3. Kislorod maskasy.

Göni akymly kislorody maska bilen berilse talabalaýyk bolýar. Reanimasion çäreleri geçirilende kislorodyň derejesi 100%-e golaý bolmaly we otagyň howasy bilen garyşdyrylmagyna ýol bermeli däldir.

Derman serişdeleriniň ulanylyşy

Bäbeklerde reanimasiýa geçirilende, derman serişdeleri seýrek ulanylýar. Öýkeniň howalanmasy peselip ganda agyr derejeli gipoksiýa dörände bäbeklerde bradikardiýanyň alamatlary ýüze çykýar. Şol

sebäpden, netijeli emeli dem bermek wajyp bejeriş çäresidir. Ýüregiň göni däl owkalamasy hem 30 sekundyň dowamynda geçirilýänligine garamazdan, ýürek urgusy 1 minutda 60-dan az bolan halatynda, derman serişdeleri ulanylmak gerekligi döreýär.

Dogrum otagynda ulanylýan derman serişdeleri: adrenalin, gany kadalaşdyrýan serişdeler Natriý hloridiň 0,9% ýa-da Ringer ergini ulanylýar, natriý gidrokarbonaty, nalakson.

Bäbegi reanimasiýa geçirilende adrenalin endotraheal usuly bilen goýberilişi çalt täsir edýänligi bilen tapawutlanýar. Derman serişdeleri ulanylmaly bolanda hökman göbek damaryna katetr goýmagy berjaý etmeli.

BÄBEKLERIŇ DOGLUŞ ŞIKESLERI

Sebäpleri:

1. Çaganyň iri bolmagy.
2. Enäniň dar çanaklygy.
3. Enäniň ilkinji çagany dogurmagy.
4. Dogrumyň nädogry alnyp barylmagy.

Dogluş-şikeslerine şu aşakdakylar degişli:

I. Dogluş çişi.
II. Kefalogematoma.
III. Kelle beýnä gan üýşmeleri.
IV. Süňkleriň döwülmekleri.
V. Ysmazlaryň emele gelmegi.

Dogluş çişi – bu çaganyň kellesiniň deri asty gatlagynda gan we limfa suwuklygynyň toplanmagy netijesinde emele gelýär. Dogrum çişi kelläniň depä, ýeňsesinde ýa-da dogruma ilki gelýän böleginde emele gelýär. Dogruş çişi bir süňküň deňinde saklanman 24 sagadyň dowamynda ýaýrap deri asty gatlagyna siňýär. Seýrek ýagdaýlarda 2-3 günüň dowamynda siňýär.

Bejergi talap etmeýär.

Kefalogematoma – (ganly çiş). Keseliň bu görnüşinde kelle süňküniň üstündäki gatlagyň arasyna gan ýygnanýar. (Süňk ýorkasynyň aşagyna gan toplanmagy). Ol gaty walik görnüşinde süňkden

aýrylyp durýar we süňk tikinleriniň aralygyndan geçip bilmän diňe bir süňküň duşunda saklanýar.

7-10 günden kefalogematoma azalýar, 2-3 hepdäniň dowamynda siňýär.

Bejerilişi: çaga rahatlyk bermeli. Kellesi tarapyna sowadyjy haltajyk asmaly, gan saklaýjy derman serişdelerinden ulanmaly: wikasol, ýa-da askorbin turşusy. Eger-de kefalogematomada ganyň mukdary has köp bolsa onda aseptikanyň we antisepetikanyň kadalaryny berjaý edip şprisiň kömegi bilen gany sorup almaly.

Kelle beýnä gan üýşmeleri

Olara beýniniň çişmegi we beýnä gan üýşmeleri degişlidir.

Sebäpleri:

1. Enäniň umumy keselleri.
2. Göwreliligiň gestozlary.

Keseliň bu görnüşi 2 döwürde geçýär:

1. Keseliň ýiti döwri.
2. Keseliň koma döwri.

Keseliň ýiti döwründe bäbeklerde el-aýaklarynyň birmeňzeş awtomatiki hereketlenmegi, gaty biynjalyk, aglaýar. Soňra çaga koma ýagdaýyna düşýär. Bäbek aňyny ýitirýär, çaganyň bedenininň gyzgyny peselýär, seýrek ýagdaýlarda birneme ýokarlanýar.

Üýşen ganyň mukdary köp bolsa uly çeşmejik çişýär we çagada kloniki-toniki titremeler gaýtalanyp durýar. Beýnä şikes ýetip doglan bäbekleriň 30%-e golaýy ýogalýar, 40%-e golaýy çagalar fiziki we psihiki taýdan yza galýar.

Bejerilişi:

1. Keseliň ýiti döwründe bäbegiň kellesine buzly haltajyk goýmaly.
2. Zond arkaly ene süýdi bilen iýmitlendirmeli. Eger-de ýuwudyş refleksi bar bolsa saglan ene süýdüni çemçe bilen bermeli.
3. Çaganyň kelle tarapyny birneme ýokarrak etmeli.
4. Gan saklaýjy derman serişdelerini ulanmaly: wikasol, askorbin turşusy, rutin, kalsiý hlor, kalsiý glýukonat.

5. Titreme alamatlary ýüze çykanda 0,25% droperidol, 2,5% pipolfen, dimedrol 1% 0,5-1,0 myşsa sanjylýar.
6. Beýni çişini aýyrmak üçin 25% magniý sulfat, 20-40% glýukozanyň erginini, konsentrirlenen plazma, poliglýukin ulanylýar.
7. Diuretiki serişdelerinden: furasemid, mannit çaganyň ýaşyna görä.
8. Beýnidäki biohimiki we biologiki hadysalary kadalaşdyrmak üçin wit B_1-B_6, kalsiniň preparatlary we 4% gidrokarbonat natriniň ergini ulanylýar.
9. Titremeler aýrylandan soň 5-7 günüň dowamynda fenobarbital, bromuň preparatlary ulanylýar.
10. Keseliň esasy alamatlary ýitenden soň ýene göwsi bilen iýmitlendirmeli.
11. Dogluş şikesleri bilen doglan bäbekleri hasaba alyp, newropatolog lukmany bilen bilelikde gözegçilikde saklamaly.

BÄBEKLERIŇ GÖBEK WE DERI KESELLERI

Bäbekleriň göbek kesellerinin esasy sebäpleri: göbege dürli mikroblaryň düşmegi netijesinde, esasan hem, şepagat uýalary aseptikanyň we antiseptikanyň kadalaryny ýerine ýetirmese ýüze çykýar.

Kliniki görnüşleri:

1. Kataral omfalit – bu görnüşde göbek uzak wagtlap suwjaryp durýar. Suwuklyklar gatap göbegiň ortasynda kesmek emele gelýär. Bäbegiň umumy ýagdaýy kanagatlanarly. Emişi we ukusy kadaly.
2. Iriňli we flegmonoz omfalit – bu görnüşde göbegiň daş-töweregi gyzaryp çişýär. Sowuklama hadysasy garnyň daş-töweregine çenli ýaýraýar. Çaganyň gyzgyny göterilýär, birahatlyk, ukusyzlyk, işdäsizlik, agramynyň peselmegi ýüze çykýar.
3. Gangrenoz omfalit – bu has agyr, seýrek duş gelýän görnüşi. Göbegiň çişmegine getirýär. Çaganyň umumy ýagdaýy has agyr bolýar, gyzgyny 38-39°C-ä çenli ýokarlanýar, ynjalyksyzlanýar.

Bejerilişi: ýerli bejergi – göbek ýarasyny 3% perikis wodorodyň, 70% etil spirtiniň ergini bilen arassalamaly. Et aralygyna antibiotikler, witaminler, agyr görnüşinde damar arkaly 5% glýukozanyň, witamin *C* erginini goýbermeli, gan, plazma görkezme boýunça goýberse hem bolýar.

Çagalaryň deri keselleri

Sebäpleri:

1. Çaganyň derisine oňat gözegçilik edilmese.
2. Aseptika we antiaseptika düzgünleri berjaý edilmese.

I. Oprelost (bişmek) – bu iň köp duş gelýän ýagdaý bolup, bişmekler, köplenç, deriniň epinlerinde, butlaryň arasynda, goltuk boýun epinlerinde duş gelýär. Bişmekler bolanda çaganyň derisi gyzarýar we onuň üstünde eroziýalar emele gelýär, çaga ynjyk bolýar.

Bejerilişi:

Çaganyň her bir uly we kiçi täretinden soň ýuwundyryp durmaly. Onuň üçin suwuň içine permanganat kaliniň gowşak erginini ýa-da çopan telpek erginini goşmaly. Soňra gigiýeniki wannalar geçirip durmaly. Bişen ýerleri zyýansyzlandyrylan ösümlik ýagy bilen ýa-da krahmal, Jonson Bebbi, çaga prysypkalar bilen arassalap durmaly.

II. Piodermiýa – bu deriniň iriňli keselidir. Olaryň sebäbi deriniň üstüne stafilakokk, streptikokklar düşýär.

Wezikula-pustulýoz – bu deriniň üstünde maýdaja güberçek emele gelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Onuň içiniň suwuklygy ilki bilen iriňsiz soňra iriňli bolýar. Çaganyň bedeniniň gyzgyny ýokarlanýar.

Bejerilişi:

Her bir güberçegi 96% spirtli tampon bilen süpürip, onuň üstüni brilliant ýaşylyny çalmaly, derini bolsa 70% spirt bilen süpürmeli. Gigiýeniki wannalar geçirmeli.

III. Puzyrçatka – deriniň üstünde uly gabarçaklar emele gelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Olaryň içinde iriň bolýar. Gabarçaklar ýarylyp olaryň astynda eroziýa emele gelýär..

Bejerilişi:

Her bir gabarçaga zyýansyzlandyrylan iňňe ýa-da gaýçy bilen kesmeli. Suwuklygy zyýansyzlandyrylan pamyk bilen aýyrmaly. Ýarany brilliant ýaşyly bilen süpürmeli hem-de çaga umumy bejergi geçirmeli. Keseliň bejergisinde antibiotikler, witamin topar dermanlar, Simptomiki, bedeni gurplandyryjy derman serişdeleri, plazma ulanylýar.

BÄBEKLERIŇ SEPSISI

Sepsis – bu patologiki ýagdaý bolup, mikroblaryň gan we limfa ýollary arkaly infeksiýa sowuklama çeşmesinden yzygiderli ýa-da wagtal-wagtal gana düşüp durmagy bilen häsiýetlendirilýär.

Kesel döredijiler – stafilokokklar, streptokokklar, içege taýajygy, ýöne, köplenç, stafilokokklardyr.

Geçiş ýollary – göwrelilik döwründe enäniň dürli keselleri, çörekçäniň gan aýlanyşygynyň bozulmagy, deriniň iriňli keselleri, göbek ýarasy, gulagyň iriňli sowuklamasy, içegeleriň sowuklamasy.

Mikroblaryň girelge ýoluna baglylykda göbek sepsisi, deri we gulak sepsisleri tapawutlanýar.

Alamatlary: irki alamatlaryna göbek ýarasynyň giç bitmegi, deriniň iriňli keselleri, bäbegiň agramynyň artmazlygy, emişiniň gowşamagy, az-kem gaýtarmaklygy degişlidir. Sepsisde ilki bada bäbegiň gyzgyny 38-39°C-ä çenli ýokarlanýar, soňra peselip, subfebril derejesinde saklanýar (37,0°C – 37,3°C). Keseliň 2-3-nji hepdesinden çaganyň ýagdaýy beterleşip başlaýar. Deri örtükleri agymtyl – kül reňkde agyr ýagdaýlarda topragyň reňkine geçýär. Myşsalaryň tonusy gowşaýar, refleksleri peselýär. Emmekden ýüz öwürýär, çaga biynjalyk bolup, ukusy bozulýar, gaýtarýar, içiniň geçmegi mümkin. Bagry, dalagy ulalýar, çaga horlanýar. Sepsis sarygetirme alamatlary bilen geçip biler.

Anyklanylyşy – kliniki alamatlaryna, bakteriologiki we laborator barlaglaryna esaslanyp kesgitleme goýulýar.

Beterleşmeleri – stafilokokk pnewmaniýasy, stafilokokk enterekoliti, iriňli meningit, osteomiýelit, peritonit, piýelonefrit, içki synalaryň abssesi, flegmonasy bolup biler.

Bejerilişiň maksady:

a) kesel döredijä täsir etmek;
b) çaganyň bedeniniň goranyş güýjüni ýokarlandyrmak;
ç) madda çalşygyny kadalaşdyrmak;
d) ilkinji we ýaýran iriňli ojaklary ýok etmek ýa-da bejermek.

Sepsisiň bejergisi ir başlanmaly, uzak wagtlap bejermeli:

1. Antibiotiklerden – giň täsir ediji antibiotikler ulanylýar we her 7-10 günden çalşyp durulýar (50-75% antibiotikler wena damaryndan, 25-50% myşsa içine).
2. Kandidomikoz, disbakteriozyň öňüni almaklyk üçin nistatin, leworin, mersaform, bifidumbakterin ulanylýar.
3. Gan goýbermeli, stafilokokka garşy plazma goýbermeli, stafilakokka garşy gamma-globulin sançmaly.
4. Madda çalşygyny gowulaşdyrmak üçin glutamin kislotasy, kokarboksilaza, witaminleri sançmaly.
5. Wena damaryndan damjalap duzly ergini (Ringeriň erginini, 5%-li glukozanyň ergini bilen) goýbermeli.
6. Ýürek glýukozitleri (korglýukon, digoksin).
7. Tahikardiýa, ýürek çäkleri giňelende, içegeleriň parezinde – kaliniň preparatlary.
8. Gemorragiki sindromda – wit K, $CaCI_2$.
9. Antigistamin serişdeleri.
10. Gormonlary ulanmaly.
11. Iriňli ojaklary bejermeli.

Sepsisiň öňüni almak çäreleri: göwreliligiň irki döwründen başlamaly. Göwreli aýallarda ýokanç keselleri we jynshananyň patogen mikroflorasyny anyklamak üçin barlagdan geçirmeli we bejermeli. Enäniň immunitetini ýokarlandyrmak maksady bilen aýallara I gezek göwreliligiň 35 hepdeliginde, II gezek 38-39 hepdeliginde, III gezek dogruş öýünden çykarylýan wagtynda stafilokokk anatoksini sanjylýar. Dogrumdan soň enä we bäbege gowy gözegçilik etmeli. Dogruş öýlerinde sanitar-gigiýeniki talaplary berjaý etmeli. Medisina

işgärlerini stafilakokk göterijilige barlap durmaly. Bäbekleriň iriňli kesellerini wagtynda bejermeli.

RAHIT

Rahit – bu iki ýaşa çenli çagalarda köp duş gelýän kesel bolup gipowitaminoz netijesinde ýüze çykýar. Rahit, esasanam, witamin *D*-niň ýetmezçiliginde fosfor-kalsiý mineral çalşygynyň bozulmagyna getirýär we süňkler örän maýyşgak bolup egrelmäge, gyşarmaga ukyply bolýarlar. Rahit keseli çagalaryň bedeninde immunitetiň peselmegine getirýär we beýleki keselleri ýeňillik bilen özüne ýokuşdyrýar. Şeýle çagalarda kesel agyr geçýär.

Sebäbi: witamin *D*-iň bedeninde az bolmagyna emeli iýmitlendirýän çaganyň iýmitiniň düzüminde witamin *D* az saklaýan iýmitler bilen iýmitlenmegi, goşmaça iýmitleriň we naharlaryň çaga giç berip başlanmagy ýetmez doglan bäbekler, tiz-tiz keselleýän çagalar aýratynam içgeçme, salmonellýoz, pnewmoniýa keselleri hem-de ýaşaýyş we sanitar-gigiýeniki şertler gowy bolmadyk ýagdaýynda duş gelýär. Çaganyň bedenine witamin *D* birnäçe iýmit önümleri bilen düşýär: bagyr, balyk ýagy, ýumurtganyň sarysy, mesge ýagy, gün şöhlesiniň täsiri netijesinde witamin *D* deride hem emele gelýär.

Keseliň geçişinde 4 döwri bar.

Başlangyç döwri

Keseliň möwç alýan döwri.

Sagaldyş döwri.

Galyndylar döwri.

Geçişi boýunça rahit ýeňil, orta agyrlyk, agyr görnüşinde geçip biler. Rahitiň ilkinji alamatlary çaganyň 2-3 aýlygyndan başlanýar.

Başlangyç döwründe çaganyň nerw ulgamy tarapyndan üýtgeşiklikler ýüze çykýar. Çaga birahat bolýar, ukusy bozulýar, ukynyň ortasynda tisginip turýar. Uklaýan we emýän wagtynda köp derleýär. Çagadan deriň ysy gelýär. Çaga kellesini ikiýana tiz-tizden öwrüp ýeňsesini gaşajak bolýar. Şonuň netijesinde ýeňsesindäki saçlary gaçyp seýreklenýär, azalýar, hatda takyr bolýan wagtlary hem bolýar.

Bu döwür 2-3 hepde dowam edýär. Şu döwürde rahiti anyklamagyň uly ähmiýeti bardyr. Şu döwrüň ahyrynda uly çeşmejigiň gyralary,

süňkleriň tikinleri ýumşaýar. Ganyň düzüminde fosforyň we kalsiniň mukdary birneme azalýar.

Keseliň möwç alýan döwri:

Eger-de kesel öz wagtynda anyklanylmasa we bejerilmese onda nerw ulgamynyň bozulma alamatlary güýçlenýär we süňk-myşsa ulgamynyň bozulma alamatlary ýüze çykýar. Içki synalaryň funksiýasy bozulýar, aýratyn hem kelle çanagyň süňklerinde üýtgeşmeler peýda bolýar. Uly we kiçi çeşmejikleriň gyralary ýumşaýar. Maňlaý süňklerinde maňlaý tüňňüleri, depe süňklerinde depe tüňňüleri emele gelýär we çaganyň kellesi kwadrat görnüşi alýar, netijede, kellesi has uly görünýär. Uly we kiçi çeşmejikleri giç ýapylýar. Çagada diş giç çykýar, çykanda-da düzgün-tertip boýunça çykmaýar.

Çaganyň myşsalary gowşak, süňkleri ýumşan, oňurga bogunlary gowşaşan. Rahitli çaga oturmany öwrenende uzak wagtlap göwresini dik tutup bilmeýär. Käbir ýagdaýlarda döş süňki iç tarapa egilýär. Beýle ýagdaýa «ädikçiniň kükregi» diýilýär.

Rahitli çaga durup ýöräp başlasa ol göwresini saklajak bolup bilini içe egýär kükregi öňe gidýär we kem-kemden çaganyň döşi öňe çykyp başlaýar. Beýle ýagdaýa «towuk döş» diýilýär. Rahitli çaganyň etleri gowşak bolup onuň aşgazanynyň, içegeleriniň myşsasynyň ysgyny gaçýar. Iýlen iýmit içegelerde uzak wagtlaýyn saklanyp başlaýar. Netijede, çaganyň içegeleri giňelýär, garny uly bolýar, ýa-da oňa «gurbaga garyn» hem diýilýär.

Çagalaryň goşarynda rahit bilezikleri peýda bolýar. Çaga aýaga galyp başlanda aýak süňklerinde «*O*» we «*X*» görnüşinde egremler emele gelýär. Gyzjagazlaryň çanaklyk süňklerinde hem üýtgeşmeler bolup, ol dar çanaklygy getirýär. Çagalar fiziki taýdan ösüşden yza galýar. Olar giç kellesini saklap, emedekläp, oturyp, ýöräp başlaýarlar.

Süňkleriň egrelmegi myşsalarynyň tonusynyň peselmegi içki synalaryň funksiýalarynyň bozulmagyna getirýär. Köplenç, dem alyş synalarynda dem alşy çaltlaşýar, käbir ýagdaýlarda kükrek süňkleriniň deformasiýasy sebäpli demi gysýar. Öýken gerek derejesinde giňelip bilmeýär we çagada pnewmoniýa keselleri köp duş gelýär. Ýürek-damar ulgamynyň işi bozulýar. Çaganyň bagry, dalagy ulalýar. Keseliň bu döwründe anemiýanyň dürli derejeleri ýüze çykyp biler. Ganyň

düzümindäki fosforyň we kalsiniň mukdary has azalýar, peşew bilen ammiak we fosfatlat bölünip çykýar.

Sagaldyş döwri: keseliň alamatlarynyň gowşamagy we yza gaýtmagy bilen häsiýetlenýär. Ilki başga nerw ulgamynyň bozulma alamatlary ýitýär. Süňkler berkleşýär, dişler peýda bolýar. Çaga oturmany, dik durmany, ýöremäni öwrenýär. Ganyň düzüminde fosforyň derejesi ýokarlanýar, emma kalsiniň derejesi entek azlygyna galýar.

Galyndylar döwri: bu döwürde kelle çanagyň süňkleriniň deformasiýasy, döş kapasynyň myşsalarynyň tonusynyň pesligi, aýaklarynyň egrelmegi anyklanylýar. Bu alamatlar çagada 2-3 ýaşa çenli bolup biler.

Rahit bilen keselleýän çaganyň bedeninde onuň goraýyş funksiýasy bozulýar. Içgeçme, öýken sowuklama ýaly keseller rahitli çagalarda gaty agyr geçýär hem-de ölüm howpuny abandyrýar.

Rahitiň öňüni alyş çäreleri

Onuň iki görnüşi bolup, olar şu aşakdakylardan ybarat;

1. Ýöriteleşdirilen.
2. Ýöriteleşdirilmedik.

Ýöriteleşdirilmedik çäreler:

Göwreliligiň kadaly geçişini gazanmaly we göwreli aýalyň iýmitine gözegçilik etmeli, iýmitinde et, çekize, ir-iýmişler, gök önümler köp bolmaly.

Göwreli aýallar arassa howada köpräk gezelenç etmeli.

Göwreliligiň soňky 2 aýynda kalsiferola (witamin *D*) bolan talap güýçlenýänligi sebäpli ýöriteleşdirilen çäreler geçirmeli. Aýratynam güýz, gyş pasyllarynda göwreli aýallary ultramelewşe şöhleler bilen şöhlelendirmeli, käbir ýagdaýlarda ergokalsiferolyň ýagly erginleri hem ulanylýar.

Çaga doglandan soň ene süýdi bilen iýmitlendirmeli we goşmaça naharlary öz wagtynda bermeli.

Çaganyň derisini arassa saklamaly, bolýan otaglary arassa, gün şöhlesi düşýän we tämiz howaly bolmaly.

Howa, gün, suw wannalaryny geçirmeli. Çagalara 1,5 aýlygyndan başlap massaž, 2-2,5 aýlygyndan gimnastiki maşklar geçirmeli.

Ýöriteleşdirilen öňüni alyş çäreler

Çaga doglandan soň 2-3 hepdeliginden, esasanam, emeli we garyşyk iýmitlendirilýän çagalara geçirilýär. Wit «*D*» 1 damjasyny 400-500 H.B. bermeli. Rahitiň ýöriteleşdirilen öňüni alyş çäreleri çaganyň ýaşaýyş şertine, iýmitlenişine, ýylyň paslyna baglylykda geçirilýär. Keseliň öňüni almak üçin wit «*D*» ýagly erginini ulanmaly.

Bejerilişi:

Çagany doly, dogry iýmitlendirmeli. Wagtynda goşmaça naharlary, şireleri bermeli.

Çaga gün, howa wannalaryny geçirmeli.

Gün tertibini gowulaşdyrmaly, gowy gözegçilik etmeli.

Wagtynda massaž, gimnastiki maşklar geçirmeli.

Kalsiferolyň preparatlaryny keseliň derejesine baglylykda bermelidir.

Iň gowy usul ultramelewşe şöhleleri bilen 15 seans şöhlelendirmek maslahat berilýär. Käbir çagalara ergokalsiferolyň preparatlary ulanylýar. Onuň spirtli we ýagly erginleri bardyr. Rahitiň başlangyç döwründe 10.000 – 15.000 H.B. 30-45 günüň dowamynda kalsiferol bilen berilýär. Keseliň güýjän döwründe kalsiferolyň 20.000 H. B. 30-45 günüň dowamynda, şeýle-de retinol, (wit *A*) berilýär.

Witamin *A*, *C*, *B* toparlary berilýär: Fermentler pepsin, pankreatin, festal, mezim. Myşsalaryň tonusyny gowulaşdyrmak üçin prozerin 0,05, 0,1 *ml* her ýaşyna 10-12 günüň dowamynda.

Rahitiň bejergisinde leokal ulanylýar. Ol çagalara 5 *ml* gününe 2 gezek berilýär.

Eger-de çagalarda anemiýanyň alamaty bar bolsa onda demriň preparatlary, käbir ýagdaýlarda gan guýmaklyk maslahat berilýär.

Çagalaryň aýaklarynda süňk egremleriniň öňüni almak üçin parafin, palçyk ýaly fizioproseduralary ulanyp massaž, gimnastiki maşklary geçirilýär.

SPAZMOFILIÝA

Bu çagalaryň bedeninde mineral çalşygynyň (kalsiniň) bozulmagy bilen häsiýetlendirilýär. Myşsalaryň nerw uçlarynyň aşa gyjyn-

dyryjylygy bilen çaganyň bolsa kloniki we toniki titremelere ukyplylygy bilen häsiýetlendirilýär.

Spazmofiliýa – bu çaganyň bedenindäki myşsalaryň ýygrylmagy bilen häsiýetlendirilýär. Spazmofiliýa çagalarda 3 aýlygyndan 2 ýaşa çenli duş gelýär. Ol, köplenç, ir ýaz aýlarynda seýrek ýagdaýlarda gyşda we güýzde duş gelýär. Spazmofiliýa rahit bilen berk baglanyşykly bolup, köplenç, rahit bilen keselleýän çagalarda anyklanylýar.

Sebäpleri: spazmofiliýada, esasanda, kalsiferoly ýetmezçiliginde mineral çalşygynyň bozulmagy bilen düşündirilýär. Spazmofiliýa bilen, köplenç, emeli iýmitlenýän çagalar we gigiýeniki şertleri gowy bolmadyk çagalar keselleýärler. Spazmofiliýanyň ýüze çykmagynda iýmit siňdiriş ulgamynyň bozulmagy, beden temperaturasynyň ýokarlanmagy çaganyň uzak wagtlap aglamagy hem täsir edýär.

Patogenez: spazmofiliýada ganyň düzümindäki kalsiniň mukdary azalýar. Organiki däl fosforyň mukdary köpelýär. Spazmofiliýanyň ýaz aýlarynda ýüze çykýanlygy sebäpli, ilkinji gün şöhleleri organizme täsir edende, ganyň düzümindäki fosforyň mukdary ýokarlanýar, süňkde bolsa kalsiniň toplanmagy ýokarlanýar. Netijede, ganyň düzümindäki kalsini hem süňkler özüne çekip alýar. Bu ýagdaýa gipokalsimiýa diýilýär.

Gipokalsimiýa ýagdaýy nerw ulgamynyň aşa gyjyndyryjylygyna getirýär. Spazmofiliýanyň **gizlin** we **açyk** görnüşleri bardyr.

Spazmofiliýanyň gizlin görnüşde ýüz nerwiniň geçýän ugrunda, çekgä barmak bilen urlanda ýüzüň mimiki myşsalarynyň örän çaltlyk bilen ýygrylmagy anyklanylýar.

Bu **Hwostekanyň alamaty.** Çaganyň egniniň aşaky böleginden geçýän nerw damarlar toplumy gysylanda, çaganyň barmaklary akuşerkanyň barmaklarynyň görnüşi ýaly ýygrylýar. Baş barmagy yza görkeziji we orta barmaklar öňe 4-5 barmaklary içine epilýär. Bu **Trusonyň alamatydyr**.

Spazmofiliýanyň 3 sany açyk görnüşi bar:

1. **Laringospazm.**
2. **Penje-daban myşsalarynyň ýygrylmagy ýa-da karpopedal spazmy.**
3. **Kloniki titremeler.**

1) **laringospazm** – bu ses perdeleriniň ýygrylmagy ýa-da ses perdeleriniň aralygynyň azrak daralmagy netijesinde, çaganyň dem alşy sesli bolup kynlaşýar. Agyr ýagdaýlarda ses aralygy, umuman, ýapylýar. Dem alşy saklanýar. Çaga gögerýär, ýüreginiň işleýşi haýallanýar. Käbir ýagdaýlarda çaga aňyny ýitirýär. Emma birnäçe sekuntdan soň çaga sesli dem alýar, özbaşdak dem alşy başlanýar. Seýrek ýagdaýlarda çaganyň ölmegi hem mümkin.
2) **penje-daban myşsalarynyň ýygrylmagy** – birnäçe sagatdan birnäçe güne çenli dowam etmegi mümkin. Çaganyň elleri «akuşer eli» ýagdaýynda bolýar, aýaklary bolsa but-çanaklyk we dyz bogunlarynda ýarym epilýär. Bu barmaklar we aýagyň üst tarapy daban tarapa dartylýar. Uzak wagtlap dowam edýän ýygrylma ýagdaýy aýagyň çişmegine getirýär. Çaganyň uly we kiçi täretiniň bozulmalary anyklanylýar. Bu döwürde bronhlaryň myşsalaryň ýygrylmagy örän howpludyr.
3) **spazmofiliýanyň agyr görnüşi eklapsiýanyň:** tutgaýyny ýada salýar. Ýeňil görnüşde çaganyň reňki agarýar, gatan ýaly ýagdaýy alyp, ýüzüň mimiki myşsalary ýygrylýar. Agyr tutgaý ýüz gabak myşsalarynyň ýygrylmagyndan başlap boýnuň, el-aýaklaryň, bütin bedeniniň şol sanda dem alyş myşsalarynyň ýygrylmagyna getirýär. Çaganyň dem alşy bozulýar. Dem alşy wagtal-wagtal kesilýär, gögerýär, kellesi yza tarap dartylýar, ýüz myşsalarynyň gezekli-gezegine ýygrylmagy dowam edýär. Agyz boşlugyndan köpürjik gelýär. Çaganyň bütin bedeni ritmiki ýygrylýar. Pulsy çaltlaşýar, özüne bagly bolmadyk ýagdaýda uly we kiçi täret edýär, tutgaýyň başynda çaga aňyny ýitirýär, göreçleri ýagtylyga jogap bermeýär, uly çeşmejik çişen. Şeýle tutgaý birnäçe sekuntdan 20-30 minuta çenli dowam edýär. Titreme ýuwaş-ýuwaşdan azalýar we çaga uklaýar. Käbir ýagdaýlarda tutgaý gaýtalap birnäçe sagada çenli dowam edip bilýär. Bir ýaşa çenli çagalarda spazmofiliýa, umumy titreme we laringospazm görnüşde 2 ýaşdan soň penje-daban myşsalarynyň ýygrylmagy görnüşinde ýüze çykyp biler.

Spazmofiliýanyň anyklanylyşy

1. 2 ýaşa çenli çagalarda duş gelýär.
2. Rahitiň alamatlary bolýar.
3. Ýylyň ýaz aýlary köp duş gelýär.
4. Nädogry iýmitlendiriş.
5. Hwostekanyň, Trusonyň alamatlary.
6. Gipokalsimiýa.

Keseliň öňüni alyş çäreleri

1. Rahiti ýüze çykarýan sebäplerden goramaly.
2. Spazmofiliýany güýçlendirýän ýokanç kesellerden çagalary goramaly.

Bejerilişi: Laringospazm we umumy titreme ýagdaýynda çaga derrew gaýragoýulmasyz kömek bermeli.

1. Laringospazmda arassa howanyň gelmegini gazanmaly. Diliň düýbüni gyjyndyryp dem alşy ýola goýmaly, çaganyň ýüzüne sowuk suw sepmeli.
2. Ýyly wannalary, sowuk suwy guýmak bilen gezekleşdirmeli.
3. Ýürege göni däl massaž we emeli dem bermeli. Umumy titreme ýagdaýynda 25% magniý sulfat myşsa içine, eger peýda bolmasa 20% oksibutirat natriniň erginini ýuwaş-ýuwaşdan wena damaryndan goýbermeli.
4. Titreme tutgaýyndan soň birnäçe günüň dowamynda seduksen ýa-da relanium preparatlary bermeli.
5. Gipokalsimiýanyň öňüni almak üçin glýukonat kalsiý 2-3 günden soň kalsiferolyň preparatlary berilýär.
6. Ene süýdüni alýan çagalara turşy süýt önümleri berilýär. Çagalara şireleri, gök önüm pürelerini öz möhletinde bermeli.

EKSUDATIW-KATARAL DIATEZI

Eksudatiw diatezi nesilden-nesle geçýän kesel bolup, çagalar allergiki ýagdaýda dünýä inýärler, onuň ýüze çykmagyna daşky gurşawyň täsirleri (iýmit, gün tertibi, näsazlyklar, sanitar-gigiýena çäreleriň bozulmagy) sebäp bolýar. Bu allergiki ýagdaý ähli ulgamlaryň we synalaryň finksiýalarynyň işiniň bozulmagyna getirýär.

Eksudatiw diatezli çagalaryň nerw ulgamy, derisi, nemli bardalary özlerine sähel täsir edýän zatlara çakdanaşa artyk reaksiýa berýärler.

Madda çalşygynyň (suw, duz, uglewod, belok, ýag) bozulmasynyň netijesinde çaganyň bedeniniň infeksiýa görkezýän garşylyklary gowşak, şol sebäpli hem çagalar köp keselläp, keseli agyr geçirýär.

Kliniki alamatlary: eksudatiw – kataral diatezi, köplenç, çagalarda 2-3 aýlygyndan başlanýar we kem-kemden güýjeýär. Çaga 2 ýaşyny doldurandan soň gowşaýar. Ilki bilen çaganyň nerw ulgamynda üýtgeşiklikler duýulýar. Dogry, gowy terbiýelenýän çaga göze görnüp duran sebäp bolmasa-da, aglap özüne üns bermegini talap edýär. Ol uzak uklamaýar, sähel zada oýanýar. Eksudatiw diatezli çaganyň nerw ulgamy bilen derisiniň arasynda gaty ýakyn baglanyşyk bolýar, sähel zada onuň endamy gijeýär, çaga gaşynyp başlaýar, derisini dyrnaçaklap sypjyrdýar. Derisinde gijelewügiň güýjedigiçe onuň ukusy bozulýar, işdäsi erbetleşýär. Çaganyň saçlarynyň aşagy kesmekleýär. Balygyň teňňejikleri ýaly kesmekler çaganyň maňlaýyna, gaşyna, ýüzlerine çenli ýaýraýar. Kesmegiň zorlap goparylan ýerleri gyzaryp, suwjaryp durýar. Onuň ýaňaklary ilki gyzarýar, şol ýer deriniň beýleki ýerlerine görä guryrak bolýar, soňabaka ol ýeri suwjaryp çagada «süýjibaş» keseli emele gelýär. Çaga peşewlenenden soň, ol arlygyň degen ýerleri derrew bişýär. Eňeginiň, goltuklarynyň aşaklary, but aralyklary sähel zada bişip gyzarýar. Çaga ulalandan soň hem onuň endamyna gijelewükli düwürtikleriň örýän wagtlary bolýar. Eksudatiw diateziniň ilkinji alamatlarynyň biri «geografiki dili» diýilýän alamat bolýar. Munda çaganyň diliniň üstüniň käbir ýerleri gaty gyzaran, başga bir ýerleri agrak reňkli bolýar, gaty tekiz bolmaýar. Bu ýagdaý wagtal-wagtal aýrylyp, ýene-de emele gelip durýar.

Çagalaryň nemli bardalarynda üýtgeşiklikler bolup durýar. Olarda rinit, laringit, otit, bronhit keselleri köp duş gelýär. Iýmit siňdiriş ulgamy tarapynda içgeçme, gaýtarma ýüze çykýar. Diateziň alamatlary 2-3 ýaşa çenli dowam edýär. Ýöne käbir halatlarda çagalarda astmatiki bronhit, bronhial dem gysma, neýrodermit ýaly beterleşmeleri bolmagy mümkin.

Bejerilişi:

1. Antigistamin derman serişdelerini ulanmaly: dimedrol, suprastin, tawegil, fenkarol kalsiniň preparatlary we ş.m.
2. Ýerli bejergilerden boltuşkanyň permanganat kaliniň gowşak ergini furisiliniň erginini çaganyň ýüzüne ýapy etmeli.
3. Melhemler (maz) ulanmaly: sintomisin emulsiýasy, ftorakord, sinoflan, sinkiň melhemleri.
4. Çaganyň ýüzündäki, bedenindäki gijelewügi aýyrmak üçin anestezin we dimedrol melhemleri ulanylmaly.
5. Bejeriş wannalary ulanmaly.
6. Çaganyň bedeni gijände gaşamazlyk üçin ellerine ellik ýa-da eliň epinlerine kardon şinalaryny ýasamaly.
7. *UFO* we *UWÇ* terapiýa geçirmeli.

Ekssudatiw-kataral diatezi bilen kesellän çagalara gözegçilik etmek

Haýsy azyk önümi çaganyň keselini güýçlendirýän bolsa ony iýmit rasionyndan aýyrmaly. Şonuň üçin çaganyň ata-enesine iýmit gündeligini ýöretmek maslahat bermeli.

1. Allergiýa döredýän azyk önümleri – ýumurtga, bal, limon, mandarin, apelsin, şeker, ýertut, üzüm, balyk, şokolad we ş.m.
2. Çaga bedeni mal ýagyny gowy özleşdirip bilmeýär, şonuň üçin ösümlik ýagyny ulanmaly.
3. Käbir ýagdaýlarda çagada süýji gury garyndylar hem diatezi güýçlendirýär, şonuň üçin çagany turşy garyndylar bilen iýmitlendirmeli (biolakt, kefir we ş.m.).
4. Suwy we nahar duzuny az bermeli.
5. Gün tertibini saklamaly, köpräk arassa howada bolmaly, ukusynyň süýji we uzyn bolmagyny gazanmaly, örän serasaply beden berkidiji proseduralaryny ulanmaly.

Çagalara dispanser gözegçiliginiň geçirilişi

Eksudatiw diatez we allergiýa bilen kesellän çagalar maşgala lukmanynyň we şepagat uýasy tarapyndan gözegçilik edilýär. Şonuň

ýaly çagany her aýda görmeli, olaryň ösüş taryhynyň daşyna açyk reňk bilen bellik etmeli, sebäbi beýleki inçe hünärmentleriň ünsüni özüne çeker ýaly. Iň esasy zat öňüni alyş sanjymlary geçirýän şepagat uýasy şu çaganyň bedeninde sanjymlara güýçli ýerli we bütinleý reaksiýa bolýandygyny bilmelidir. Şonuň üçin öňüni alyş sanjym geçirmezden bir hepde – 10 gün öň çagany oňat taýýarlamaly. Bir kurs witaminoterapiýa, antigistamin, kalsiniň serişdelerini berip soň sanjym geçirmeli.

TÜRKMENISTANDA IÇGEÇME KESELLERINE GARŞY MILLI MAKSATNAMA DIAREÝALAR

Türkmenistanda ýaz aýynyň, tomsuň köp wagtlap dowam edýänligi, howanyň gaty gyzýanlygy sebäpli çagalaryň arasynda içgeçme ýaly kesel köp duş gelýär. Hem-de gysga wagtyň içinde çagalaryň gaýtarmagy, içiniň geçmegi bilen köp suwuklyk ýitirip agyr ýagdaýa getirýär.

DIAREÝALAR

Bu suwly içgeçme bolup bedeniň suwuklyk ýitirmegi bilen geçýän içege keselidir. Bu kesel çagalarda 6 aýlykdan – 2 ýaşa çenli köp duş gelýär. Diareýa bilen, köplenç, garyşyk we emeli iýmitlenýän çagalar keselleýärler.

Sebäpleri: hususy gigiýenanyň pes bolmagy, çaga, rezin emzik, çüýşe gaplary ulanmagy. Çaganyň iýmitiniň hiliniň we mukdarynyň onuň ýaşyna deň gelmezligi. Hajathana, kanalizasiýa sistemasynyň bolmazlygy.

Kliniki geçişi: çagalarda diareýa ýiti başlanýar we birnäçe gün dowam edýär. Eger-de diareýa 2 hepdeden köp dowam etse, onda oňa dowamly diareýa diýilýär. Çaganyň 1 günde 4-5 gezekden köp ýakymsyz ysly içiniň geçmegi, gyzgynyň göterilmegi, birahatlyk, gusmak, çygylmak, deri örtükleriniň we nemli bardalarynyň gurak bolmagy, gysgançlyk bilen suw içmek agyr ýagdaýda içki organyň finksiýasy

bozulýar. Çaga aňyny ýitirýär. Diareýanyň alamatlary onuň görnüşine, kesel döredijisine, agyrlyk derejesine, keseliň alamatlaryna baglydyr.

Rotowirusly diareýada uly täreti köp mukdarly, suwly, açyk sary reňkde bolýar. Dezinteriýa diareýasynda bolsa uly täretinde gan bolýar.

Diareýa keseli heläk edip bilýär. Sebäbi çaga gusmak, iç geçme, ýokary gyzgyn bilen köp suwuklyk ýitirýär. Şol sebäpli dokumalardan öýjüklerden, ganyndan suwuklyk gidýär. Bu ýagdaýa degidrotasiýa diýilýär. Bu agyr ýagdaýyň wagtynda öňi alynmasa çagany ölüme sezewar edýär. Diareýanyň *A*, *B*, *W* görnüşleri bar. Maşgala şepagat uýasy öz işinde çaganyň ýagdaýyna baha bermegi başarmaly. Baha berlende şu aşakdaky alamatlary göz öňünde tutmaly.

Alamaty	***A***	***B***	***W***
1	**2**	**3**	**4**
Içgeçme	Uly täret suw görnüşinde gije-gündiziň dowamynda 4 gezek	Uly täret suw görnüşinde gije-gündiziň dowamynda 4-10 gezek	Uly täret suw görnüşinde gije-gündiziň dowamynda 10 gezekden köp
Gaýtarma	Ýok ýa-da seýrek	Gaty ýygy däl	Ýygy-ýygydan
Suw içişi	Içýär	Gyssanyp içýär	Zordan içýär ýa-da içip bilmeýär
Umumy ýagdaýy	Kanagatly	Birahat	Aňyny ýitirmegi
Gözleri	Kadaly	Çöken	Has çöken
Göz ýaşy	Bar	Ýok	Ýok
Agyz boşlugy we dili	Gury däl	Gurak	Has gurak
Derisi	Deri ýygyrtlary tiz ýazylýar	Haýal ýazylýar	Has haýal ýazylýar
Çeşmejik	Kadada	Çöken	Has çöken
Näsagyň agramy	Her kilogram agramynda 25 *g* ýitirýär	Her kilogram agramynda 25-100 *g* ýitirýär	Her kilogram agramynda 100 *g* hem köp ýitirýär

dowamy

1	2	3	4
Netije	Degidrotasiýanyň alamaty ýok	Eger-de şu alamatlaryň ikisi bolsa orta agyrlykda degidrotasiýa	2 we ondan hem köp alamat bolsa degidrotasiýanyň agyr derejesi

Diareýanyň bejerilişi

I. Diareýanyň *A* görnüşiniň bejerilişi:

Bu görnüşini bejermegiň esasy maksady suwuklyk ýitirmegiň öňüni almakdyr. Çagada agramynyň her 1 *kg* 25 *g* az suwuklyk ýitirilen ýagdaýy.

Çaga suw we suwuk iýmit bermeli. Eger-de çaga tebigy iýmitlenýän bolsa, ony 2-3 gün diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmeli we oral regidratasion duzlaryny ýa-da şekerli, duzly erginleri bermeli. Gaýnadylan suw, çaý, gaýnadylan tüwüniň suwy, alma, şetdaly, käşir şirelerini, gatyk bermeli. Çaga suw näçe içse-de şonça suw bermeli.

II. Diareýanyň *B* görnüşiniň bejerilişi:

Çagada agramy ýitirmek 25 *g/kg* ýokary, 100 *g/kg B* görnüşinde çagany hassahanada bejermeli.

1. Çaga oral regidratasion suwuklyklaryny bermeli.
2. Suw, çaý, miwe şirelerini bermeli.
3. Tiz-tizden iýmitlendirmeli.
4. Lukmanyň görkezmesi boýunça dermanlary bermeli.

III. Diareýanyň *W* görnüşiniň bejerilişi:

Çaga 100 *g/kg* köp agram ýitirýär. Hassahana ýerleşdirmeli.

1. Eger-de suw içip bilse *ORD* we beýleki suwuklyklary bermeli.
2. Wenadan damjalaýyn suwuklyk goýbermeli.
3. Çaganyň ýagdaýyna görä her 2 sagatdan baha bermeli.
4. Suw içip bilmese burna goýulýan katetriň üsti bilen suwuklyk goýbermeli.

Dermanlar bilen bejermek

1. Iň esasy maksat bedeniň ýitiren suwuklygynyň öwezini doldurmalydyr.
2. Ýeňil görnüşde antibiotikler ulanylmasa-da bolýar. Bakterial görnüşde: tetraksiklin, rifampisin, ampisilin, gentamisin, lewomisin, eritromisin ulanylýar.
3. Ýene-de çaga furazolidon, metronidazol ulanylýar.
4. Fermentler: abomin, pepsin, aşgazan şiresi, festal, plestal berilýär.
5. Agyr ýagdaýlarda prednizalon, gidrokortizon ulanylýar.
6. Çaga keseliň alamatyna görä bejeriş berilýär. Şepagat uýasy näsag çaganyň enesi *ORD* duzuny nähili taýýarlamalydygyny, çaga nähili bermelidigini görkezmeli, gowy düşündirmeli we *ORD* duzlarynyň berlişine gözegçilik etmeli.

ORD duzlarynyň taýýarlanylyşy

Garaňky otagda 24 sagadyň dowamynda saklap bermek bolýar.

1. *ORD*-niň bir bukjasyny 1 *l* gaýnadylyp sowadylan suwda ezip, eretmeli.
2. 2 ýaşa çenli çagalara her 1-2 *min* 1 çaý çemçesi bermeli.
3. Ulurak çagalarda owurtlap içmeli.
4. Şepagat uýasy her 30 *min* çaganyň ýagdaýyna seretmeli. Eger-de *ORD* – duzuny içip, çaga gusup başlasa, *ORD* duzuny bermegi 10 min bes etmeli we soň bermegi dowam etmeli.
5. Eger-de çaganyň gabaklary çişse, *ORD* duzlaryny bermegi bes edip, suw bermeli. Çişleri gidensoň *ORD* duzuny bermegi dowam etmeli.

Diareýanyň öňüni almak:

1. Çagalary 6 aýlygyna çenli diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmegi gazanmaly.
2. Çagalaryň iýmiti diňe gaýnadylan suwda taýýarlanmaly.
3. Gök önümleri gowy ýuwmaly.
4. Iýmit taýýarlananda eller arassa bolmaly.

5. Hususy gigiýenany gowy berjaý etmeli.
6. Täret üçin gaplardaky nejesaty diňe hajathana dökmeli.
7. Hajathana agyz suwy çykýan ýerden 10 *m* uzaklykda bolmaly.

Peroral duzlaryna: oralit, apektral, regidron degişli.

GIPOTROFIÝA (IGLEME)

Gipotrofiýa – bu iýmit siňdiriş ulgamynyň dowamly bozulmagydyr. Bu keselde sçaganyň agramy azalýar, boýy kiçelýär, immuniteti peselýär. Ulgamlaryň ýerine ýetirýän işi bozulýar, synalarda ýaglar ýitýär, fermentleriň işjeňligi peselýär.

Paratrofiýa – çaganyň çendenaşa semremegi.

Normatrofiýa – kadaly ösýän çaga boýy, agramy, aňy ýaşyna görä kadaly ýagdaýda. Ulgamlaryň we agzalaryň ýerine ýetirýän işi kadaly, immuniteti oňat.

Sebäpleri

1. Alimentar faktor – çaganyň doýmazlygy, bir taraplaýyn iýmitlendirmek, nädogry iýmitlendirmek, iýmit düzüminiň bozulmagy.

2. **Infeksion faktor** – çaganyň ýokanç (içgeçme, salmonellýoz) keseller bilen ýygy-ýygydan kesellemegi.

3. Çaga nädogry gözegçilik edilende, gigiýena şertleri ýerine ýetirilmese, tämiz howada gezdirilmese ýüze çykýar.

Kliniki geçişi: Gipotrofiýa kliniki geçişi boýunça 3 derejesi bar.

I derejesi: ýeňil görnüşi bolup, deri asty ýag gatlaklar çaganyň garnynda, endamynda azalýar. Agramy 10-15% azalýar, boýunyň ösüşi kadada. Umumy ýagdaýy kanagatlanarly.

II derejesi. Ýaglar çaganyň endamyndan, ýüzünden, el-aýaklaryndan gidýär, boýy 1-3 *sm* az ösýär. Çaga bu derejede agramyny 20-30% ýitirýär (*1-nji surat*).

Çagada birahatlyk, ukusyzlyk bolýar, immuniteti peselýär. Käwagt işdäsizlik, gusmak, içgeçme ýaly alamatlar hem ýüze çykýar.

1-nji surat.
Iglemegiň II derejesi

2-nji surat.
Iglemegiň III derejesi

III derejesi. Bu has agyr görnüşi bolup, çagany atrofiýa ýagdaýyna getirýär. Bedende, ulgamlarda we synalarda çuňňur üýtgeşmeler ýüze çykýar, bütin deri asty ýag gatlaklar ýitýär, hatda çaganyň ýüzündäki «Biş» ýag tokgajygy hem gidýär, ýüzi ýygyrtly bolýar, şeýle ýagdaýda çaganyň ýüzi «garrynyň» keşbini ýatladýar. Sesi boguk, işdäsi pes, tiz-tizden içi gataýar, gusýar, käwagt içi geçýär. Çaganyň uly çeşmejigi we gözi çökýär, derisi hem nemli bardalary gurak, az buşukýar, gipowitaminoz ýagdaý ýüze çykýar (*2-nji surat*).

Sowuklama keseller, bronhit, pnewmoniýa bu çagalarda agyr geçýär we uzaga çekýär. Çagalar bu derejede agramyny 30% we ondan hem köpräk ýitirýär. Boýunyň ösüşi yza galýar. Gipotrofiýanyň III derejesinde çagalarda hemişe witamin ýetmezçiligi ýüze çykýar (retinol, wit *B* topar, askorbin turşusy). Soňky wagtda çagalary ýeke-täk ene süýdi bilen iýmitlendirmek, öz möhletinde goşmaça naharlary, şireleri bermek netijesinde gipotrofiýanyň agyr derejeleri duş gelmeýär.

Bejerilişi. Keseliň esasy sebäbini anyklamaly we esasy bejergini şoňa gönükdirmeli. Çaganyň iýmitini dogry ýola goýmaly, gün tertibini dogurlamaly. Çaganyň enesinden keseliň sebäbini anyklap, gipotrofiýanyň ýeňil görnüşini öý şertlerinde bejerse hem bolýar. Esasanam, kesel alimentar faktorlar bilen ýüze çykan ýagdaýynda çaga gowy gözegçilik etmeli (arassa howada, gezelenç, gigiýeniki wannalar geçirip durmaly) massaž, gimnastiki maşklary ýerine ýetirmeli.

Gipotrofiýanyň II,III derejesi ýokary kuwwaty talap edýär. Ilkinji günlerinden çaganyň esasy iýmiti ene süýdi bolmalydyr, eger emeli iýmitlendirilýän bolsa, onda çaga donor süýdüni bermeli. Iýmitlendirmek usullyk bilen geçirilýär, dozalaýyn iýmitlendirmek 2-3 gün, bermeli iýmitiň ½ bölegini bermeli, üstüni 5% glýukoza, beýleki suwuklyklar bilen, *ORD*, miwe şireleri bilen doldurmaly. Çagany her 2-2,5 sagatdan iýmitlendirip durmaly. 3 günden 1 hepdä çenli bermeli. Iýmitiň 4/3 bölegini bermeli.

Bir hepdeden soň çaga hakyky iýmiti bermeli.

Çaganyň agram alşyna gözegçilik edip durmaly, onuň üçin her 10-15 günden agramyny çekmeli. Iýmitine belok, dorog (two-rog) görnüşinde, ýag (gaýmak) görnüşinde uglewod (ýarma, gant, gök önüm, bulamak) görnüşinde goşmaly. Medikamentoz bejergide gipotrofiýanyň III derejesinde degidratasiýanyň öňüni almak üçin çaganyň wena damaryndan 5%-li dekstrozanyň, Ringeriň ergini damjalaýyn goýberilýär. Köpräk suwuklyk içirilýär. Gipotrofiýanyň bejergisinde witaminoterapiýa giňden ulanylýar: retinol, askorbin turşusy, wit *B* topary.

Iýmit siňdiriş ulgamynyň işini gowulaşdyrmak üçin pankreatin, mezim, festal ýaly dermanlar ulanylýar.

Bedende madda çalşygyny gowulaşdyrmak üçin meteonin, *ATF*, apilak şem görnüşinde berilýär. Bedeniň goranyş funksiýasyny dikeltmek we degidratasiýa ýagdaýynda plazma 30-50 *ml* her 4-5 günden, soňra bir toparlaýyn gan guýmak 5-7 *ml* her bir *kg* agramyna 5-7 günden bellenilýär.

Gipotrofiýanyň agyr derejesinde beloklaryň sintezini gowulaşdyrmak üçin anaboliki steroid garmonlar: nerabol 0,1 *ml/gr* agramyna 20-30 günüň dowamynda metillandrostendiol (5-8 *gr* gününe) bellenilýär.

Ganazlygyň alamatlary ýüze çykanda demir preparatlary ulanylýar: gemostimulin, ferrakol, ferrospan we ş.m.

Gipotrofiýany bejermekde, esasanam, I, II derejelerinde massažyň we gimmastiki maşklaryň roly uludyr. Olar çaganyň umumy ýagdaýyna gowy täsir edip, bedende madda çalşygyny, çaganyň dem alşyny, gan aýlanyşygyny, myşsa tonusyny gowulaşdyrýar.

Öňüni almak. Şepagat uýalary eneler bilen çagany ýeke-täk ene süýdi bilen iýmitlendirmek barada wagyz-nesihat işlerini geçirmeli.

Gipogalaktiýanyň alamatlaryny wagtynda ýüze çykaryp olary bejermeli. Öz wagtynda goşmaça naharlary, şireleri bermeli. Her aýda çaganyň fiziki ösüşine gözegçilik edip durmaly. Çagany ýokanç kesellerden goramaly.

AGYZ BOŞLUGYNYŇ NEMLI BARDASYNYŇ KESELLERI

Stomatit – bu çaganyň agyz boşlugynyň nemli bardasynyň sowuklama keselidir.

Kesel döredijiler – kokklar, wiruslar, kömelejikler. Olar çaganyň agyz boşlugyna gigiýenanyň şertleri doly berjaý edilmedik ýagdaýynda rezin emzikler, gap-çanak, oýnawaçlar arkaly düşýär.

Stomatitleriň görnüşleri:

1. Kataral stomatit.
2. Aftoz stomatit ýa-da gerpetiki stomatit.
3. Ýaraly stomatit.
4. Kandidoz stomatit.

Kataral stomatit – esasanam, bir ýaşa çenli çagalarda gowy gözegçilik edilmedik ýagdaýynda duş gelýär, çaga emmekden boýun gaçyrýar, agzyndan sülekeý suwy akýar, kä ýagdaýda gyzgyny galýar. Çaganyň agyz boşlugyna seredip görenimizde, onuň dişiniň etleriniň gyzaryp çişendigini, kä ýagdaýda ganandygyny görmek bolýar. Dili gurak, örtük bilen örtülen. Çaganyň sormasynyň kynlygy we gerek mukdardaky iýmiti almanlygy sebäpli onuň agramy azalýar.



3-nji surat.
Aftozly stomatiti

Aftoz ýa-da gerpetiki stomatit: çagalarda agyz boşlugynyň kesselleriniň arasynda iň köp duş gelýänidir. Keseli – wiruslar çagyrýar, çagalar 6 aýlygyndan 3 ýaşyna çenli köp keselleýärler. Aftozlar – akja ýüzli, daşy açyk gyzyl örtülen ýaralary emele gelýär. Aftozlar dürli ululykda bolup, esasanam, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň iç tarapynda, dodaklarda, dilde, çekgede, ýokarky kentlewükde ýerleşip, 1-2 sanydan 15-20-30 sana çenli keseliň agyrlyk derejesine baglylykda bolup biler. Käbir ýerde olaryň 2-3-üsi goşulyşyp giňişleýin ýaralaryň emele gelmegine getirýär (*3-nji surat*).

Kesel geçişi boýunça ýeňil, orta agyr, agyr görnüşde geçýär.

Ýeňil görnüşi – ýiti başlanyp çaganyň gyzgyny 37-37,5°C-ä çenli ýokarlanýar. Çaganyň umumy ýagdaýy kanagatlanarly. Onuň

agzynyň nemli bardalary gyzaryp, dişleriniň etleri az-kem çişýär, agzyndan tüýkülikleri akýar. Keseliň dowamlylygy 2-3 gün soňra keseliň alamatlary yza gaýdyp, ýagdaýy gowlaşyp başlaýar.

Orta agyr görnüşi – agyr geçip, bedende zäherlenme alamatlary ýüze çykýar. Çaganyň gyzgyny 37,5-39°C-ä çenli galýar, ynjalyksyzlanýar, işdäsi peselýär. Käbir ýagdaýda çagalarda angina ýa-da ýiti sowuklama keseli bilen utgaşyp geçýär. Çagalaryň äňasty lumfa düwünleri ulalýar. Ýüregi bulaşyp bedeniň reňki aksowult bolýar. Uly çagalar kellesiniň agyrýandygyna arz edýär.

Şol bir wagtda çaganyň agyz boşlugynyň nemli bardasyna 10 sanydan 25 sana çenli aftozlar emele gelýär. Çaganyň ýagdaýy erbetleşip agzyndan tüýkülikleri akýar, dişiniň etleri ganaýar.

Ganynyň umumy derňewinde leýkositoz, *EÇT* tizleşýär.

Keseliň agyr görnüşi – örän seýrek duş gelip, çaganyň umumy ýagdaýy has agyrlaşyp, gyzgyny 39-40°C-ä çenli ýokarlanýar. Aftozlar 25 sanydan 30-40 sana çenli ýetýär. Agyz boşlugynyň nemli bardasy gyzarýar, çişýär.

Ýaraly stomatit – diş çykan çagalarda, esasanam, çüýrük dişi bolan ýagdaýda duş gelýär. Ýaralar dişiň etinden başlanýar, dişiň eti gyzarýar. Ýaranyň üsti hapa sary örtük bilen örtülip ilki bilen maýda ýaralar dişiň etinde, dodakda has çuň ýerleşýärler. Çaganyň agzyndan ýakymsyz ys gelýär. Tüýküligi akýar, ol ynjalyksyzlanýar, iýmekden, içmekden ýüz dönderýär, ukusy bozulýar. Gyzgyny ýokary galyp, limfa düwünleri ulalýar.

Wagtynda bejerilse keseliň geçişi amatly.

Kandidomikoz stomatit – çagalaryň agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kömelejikleri bilen zaýalanmagy, esasanam, bir aýa çenli çagalarda köp duş gelýär. Sebäbi çaga emenden soň olaryň agzy hemişe süýji, kömelejikler hem ol ýerde mesgen tutmaga ukyplydyrlar. Kesel agyz boşlugynyň az-kem gyzarmagy, soňra bäbegiň diliniň, dişiniň etiniň üstünde ak kiçi, soňra uly, diliň



4-nji surat.
Kandidomikoz stomatiti

üstüne çykyp duran pagta ýaly ýumşajyk, uýamadyk süýde meňzeş örtükler emele gelýär. Örtükler agyz boşlugynyň nemli bardasynda, çekgede, dodakda, dilde hatda olar ýumşak we gaty kentlewüge çenli ýaýraýar. Bu bolsa çaganyň emişini we ýuwudyşyny kynlaşdyrýar, olar emmekden boýun gaçyrýarlar (*4-nji surat*).

Öňüni almak: gigiýenanyň düzgünlerini berjaý edip, çaga dogry gözegçilik etmeli. Ene çagany emdirmezden öň ellerini gowy sabynlap ýuwmaly, göwsüni arassalap ýuwup durmaly. Çaganyň oýnawaçlary arassa bolmaly, aldaýjy boş emzikleri ulanmaly däl.

Bejerilişi: bäbekleriň agyz boşlugyny şikeslenmezlik şerti bilen rezin topjagazyň kömegi bilen ýa-da pagta tamponynyň kömegi bilen arassalamaly. Bäbekleri gapdal edip ýatyryp rezin topjagaza permanganat kaliniň gowşak ergini ýa-da perekis wodorodyň 3% erginini sorduryp alyp, çaganyň agyz boşlugyny pürkdürip ýuwmaly. Soňra 1% metilen gögüň suwly erginini çalmaly. Stomatiti bejermekde antibiotikler, nistatin, leworin, dezintoksikasion, witaminaterapiýa, fizioterapiýa proseduralaryny ulansaň bolýar.

Ýaraly we aftozly stomatitlerde çagany aýratyn saklap gap-çanak, oýnawaçlaryny yzygiderli ýokançsyzlandyrmaly. Uly ýaşly çagalarda stomatitde ýokarda agzalan dermanlar bilen agyz boşlugyny günde birnäçe gezek çaýkamaly.

Çaganyň iýmiti witaminlere, mikroelementlere baý bolan ter gök önümler, şireler, miweler bolmaly. Iýmiti suwuk ýa-da ýarym suwuk görnüşinde bolmalydyr. Olar çaganyň agyz boşlugynyň nemli bardasyny gyjyndyrmaly däldir. Köpräk suwuklyk içirmeli.

Çagalary iýmitlendirmezden öň olaryň agyz boşlugyny 2-5% anesteziniň ergini bilen çaýkatmaly.

Desensibirzirlenen derman serişdelerinden dimedrol, pipolfen, diazolin, tawegil, glýukonat kalsiý ýaly derman serişdeler çaganyň ýaşyna görä ýazyp berilýär.

Ýerli bejergilerden 0,25% oksalin melhemi, 0,5% florinal melhemi, leýkositar interferony ulanylýar. Bu derman serişdeleri günde 3-4 gezek ulanylýar. Agyz boşlugynyň nemli bardasyny fermentler tripsin, pankreatin bilen arassalap durmak hem peýdalydyr.

Kandidoz stomatitiniň bejerilişi

Çaganyň agyz boşlugynda turşy ýagdaý döretmeli, onuň üçin çaganyň agyz boşlugyny nahardan öň 2% gidrokarbonat natriniň (soda) ergini bilen arassalap durmaly. Kömeleklere garşy derman serişdelerden nistatin, leworin ýaly dermanlar ulanylýar. Bu keseliň bejergisi ene bilen çagada bilelikde geçirmeli.

Gensianwiolet çalmaly: çaganyň agzyna her gün ýa-da günaşa 0,25% ergini 5 günüň dowamynda ýa-da keseliň alamatlary aýrylandan soň ýene-de azyndan 3 günüň dowamynda enäniň göwsüniň ujuna her gün 0,5% erginini 5 günüň dowamynda çalmaly.

Nistatin melhemi 100.000 *HB/gr* emdirip bolandan soň göwsüň ujuna günüň dowamynda 4 gezek çalmaly. Keseliň alamatlary aýrylansoň ýene-de 7 günläp dowam etmeli. Nistatin suspenziýasy 10000 *HB/ml* emenden soňra çaganyň agzyna 1 *ml* damdyrmaly günüň dowamynda ýa-da enesi näçe gün bejergi alsa, şonça gün hem çagany bejermeli.

Kä ýagdaýlarda çaganyň agyz boşlugyny nemli bardasyna 1% metilen gögüni ýa-da brilliant gögüniň hem-de100% gant siropynyň (bal) bilen arassalap çaýkap durmak hem maslahat berilýär.

ÝITI GASTRIT

Ýiti gastrit – bu aşgazanyň nemli bardasynyň sowuklamasydyr. Köplenç, ol mekdep ýaşly çagalarda köp duş gelýär. Mekdebe çenli çagalarda az duş gelýär.

Sebäpleri: bu kesel ajy hem-de agyr iýmitlerden birden köp iýlende, kislotalar, aşgarlar, agyr metallaryň duzlary bilen zäherlenende iýmit siňdiriş ulgamyna patogen mikroorganizmleriň aralaşmagy bilen toksin bölüp çykanda (mes: salmonella patogen içege taýajygy, stafilokokk we ş.m.) ýüze çykarýar. Ýiti gastrit käbir ýokanç keseller-den, (gyzamyk, grip) soň ýüze çykýar.

Alamatlary: bu kesel ýiti başlanyp nahardan soň 6-12 sagatdan soň ýüze çykyp biler. Çagalar garyn töwereginde agyry bardygyna arz edýärler. Kelle agyry, ysgynsyzlyk, ýüregi bulanýar. Bedeniniň

gyzgyny kadaly ýa-da ýokarlanýar, 37-38°C-ä ýetýär. Soňra gusup başlaýar. Çaga görlende – derisiniň reňkiniň agarmagy, diliniň üsti ak örtülmegi, garnynyň ýellenmegini görmek bolýar. Bu keseliň agyr görnüşi öýkeniň emfizemasyna getirip bilýär. Ondan başga-da ýüregiň urgusy gowy eşidilmeýär. Tahikardiýa ýüze çykýar. *AGB* peselýär. Basyp barlananda epigastriniň töwereginde agyry duýulýar. Peşew barlagynda oliguriýa, poliuriýa, silindriuriýa ýüze çykýar. Ýiti gastridiň sowuklamasy inçe içegä geçip, çaganyň täretiniň suwly bolmagyna getirýär. Çaganyň aňynyň üýtgemegi, titreme tutgaýy ýüze çykyp biler. Eger-de çaga dogry bejergi berilmese onuň ýagdaýy beterleşýär. Şonuň üçin çaga dogry bejergi berilse, onuň ýagdaýy 5-7 günden oňatlaşýar. Ýiti gastridi appendisitden, ganly içgeçmeden (dezinteriýadan), ýiti infeksiýadan tapawutlandyrmagy başarmaly.

Bejerilişi:

1. Çagalarda keseliň alamatlary ýok bolýança doly düşek düzgüni berjaý etdirmeli.
2. 0,5-1% gidrokarbonat natriniň ergini bilen aşgazany ýuwmaly. Eger-de çaga – aşgarlar, turşular, (uksus, limon turşular) bilen zäherlenende natriý hloridiň izotoniki ergini bilen ýa-da gaýnan ýyly suw bilen aşgazany ýuwmaly.
3. Köp mukdarda içmäge suwuklyk bermeli (bir gije-gündiziň dowamynda 1-1,5 litre çenli), çaý, natriý hloruň izotoniki erginini, mineral suwy, 5% glýukozanyň erginini bermeli. Bu içgiler çaga az-azdan, tiz-tizden bermeli. Eger-de, ýene-de birden gaýtarsa, onda Ringer-Lokkanyň ergini, 5% glýukozany, ýa-da gemodez wena damaryndan damja görnüşinde goýbermeli. Eýýäm soňky günler ýeňil berhiz bellenilýär: olara ýagsyz çorba, kisel, suhary bilen çaý bermeli. Gün-günden berhizi giňeldýär: kefir, gök önümleriň şiresi, çekize ýaly iýmitler berilmeli. Çaganyň işdäsi gowulaşandan soň doly iýmit düzgüni bellenilýär. Ol iýmitler bugdaýdan taýýarlanylýar.

Dermanlardan: kordiamin, koffein, agyry aýryjy spazmolitik serişdeler, witamin, analgetik, ferment dermanlardan bellenilýär. Spazmolitik dermanlardan noşpa, platfillin, spazmalgon. Fermentlerden: mezim, pankreatin, festal ýaly derman serişdeler çaganyň ýaşyna görä bellenilýär.

Haçanda wagtly-wagtynda iýmitlenmedik ýagdaýynda iýmit siňdiriş synalarynyň işiniň bozulmagy sebäpli hem-de ojaklaýyn infeksiýalardan soň dowamly gastride geçýär.

Gastroenterit

Gastroenterit – bu aşgazanyň hem-de inçe içegäniň nemli bardasynyň sowuklamasydyr.

Sebäpleri: ol, esasan hem, bir ýaşdan uly bolan çagalaryň bedeni salmonellalar, içege taýajyklary, stafilakokklar bilen zäherlenende ýüze çykýar. Bu kesel nädogry iýmitlenmegiň netijesinde (meselem; birden aşa doýup iýlende ýa-da agyr ýiti zaýalanan iýmitler bilen iýmitlenende ýüze çykyp bilýär. Ondan başga-da bu kesel iýmitden, derman serişdelerinden soň allergiki görnüşinde döräp bilýär). Gastroenterit bedeniň umumy infeksiýalaryndan soň (sepsis we ş. m.) turşularyň, aşgarlaryň, agyr demir duzlarynyň, awuly maddalar bilen zäherlenmede hem-de (autointoksikasiýada ýa-da endogen intoksikasiýalarda) olara uremiýe, bagryň serrozy keseliň döremegine sebäp bolýar. Gastroenteritde aşgazanyň hem-de inçe içegäniň nemli bardalary gyzarýar soňra çişýär we köp mukdarda nem bölünip çykarýar.

Alamatlary: kesel ýiti başlanýar, çagalar garyn töwereginde agyry bardygyny arz edýärler. Kelle agyry, ysgynsyz bolýar. Käwagt bedeniniň gyzgyny ýokarlanýar. Gusmaklyk ýüze çykýar. Täreti suwly bolup içi geçýär. Dili gurak bolup üsti ak örtülendir, garny ýellenýär.

Basyp barlanda – inçe içegäniň töwereginde agyry duýulýar. Täretiniň laborator barlagynda salmonellalaryň, içege taýajyklaryň döredijileri anyklanylýar.

Bejerilişi: keseliň agyrlygyna, bedeniň awuly maddalar bilen zäherlenmegine, bedeniniň guramak derejesine baglylykda toplumlaýyn bejergi berilýär. 12-18 sagadyň dowamynda suw-çaý berhizi berilýär, köp mukdarda suw içilýär, gemodez, duzly erginler wena damaryna damja görnüşinde goýbermeli. Soňra ýeňil berhiz (kefir, kisel we ş.m.). Ýiti gastritdäki ýaly antibiotikler, tetrasiklin, lewomisetin we ş.m. Ýürek-damar dermanlar, witaminler. Agyr ýagdaýlarda kortikosteroidler ulanylýar. Çaganyň ýagdaýy oňatlaşanda ferment

preparatlary; pankreatin, festal, plestal, gurplandyryjy bejergi (plazma γ-gloulin) berilýär. Bakterial serişdeler – kolibakterin we witaminler bermeli.

GELMINTOZLAR

Gelmintozlar – bu çagalarda köp duş gelýän parazit gurçuklaryň döredýän keselidir.

Parazitler ýa-da soguljanlar adam bedenine düşüp, onuň hasabyna ýaşaýarlar we kesel döredýärler.

Gelmintozlaryň ýaýramagyna, esasan hem, pes arassaçylyk şertleri we tebigat şertleri sebäpdir.

Gelmintozlar adam bedeniniň hemme ýerinde: iýmit siňdiriş synalarynda, öýkende, ganda, beýnide, süňkde, etde ýaşap biler. Birnäçe gurçuklar içegede ýaşap, ondaky witaminleri, mikroelementleri alýarlar.

Gelmintleriň ähli görnüşiniň kliniki geçişi birmeňzeş: göbek töwereginde agyry, ýürek bulanma, işdäsi pes, ganazlyk, eozinofil leýkositozy, käýagdaýda çagalarda titremeler ýüze çykyp huşuny ýitirýär.

Çagalarda, esasan hem: askaridoz, enterobioz, gimenoleoidoz köp duş gelýär.

Askaridoz

Askaridoz keseli – askarida gurçuklary döredýän keselidir. Bu aýry jynsly gurçuk bolup, erkek gurçuklarynyň uzynlygy 15-25 *sm*, urkaçylaryňky 25-40 *sm* togalak gurçuklardyr. Uly gurçuklar inçe içegede ýaşaýarlar. Bir urkaçy askarida bir günde 240 müň ýumurtga taşlaýar we adamyň uly täreti bilen daşary çykarylýar. Eger-de howanyň ýylylygy, ýeriň temperaturasy 26+24°C bolsa ýumurtgalar ýetişýärler.

Çagalar askaridanyň ýumurtgalaryny hapa eller arkaly, ýuwulmadyk ýa-da gowy ýuwulmadyk gök önümler arkaly, suw arkaly

ýuwudýarlar. Ýuwudylan ýumurtgalar agyz üsti bilen içegä düşýärler. Ol ýerde ýumurtgalaryň gabygy ereýär we içinden liçinkalar çykýar. Liçinka içege diwaryny deşip wena damaryna düşýär. Gan bilen aýlanyp bagra düşýär, ondan soň bagryň sag bölegine barýar, soňra öýkene baryp öýken kapilýarlaryndan geçip alweollara düşýär, ýene-de bronhalardan, traheýadan bokurdaga gelýär. Bokurdakdan gaýtadan ýuwdulýar we içegä düşýär. Bu kesel 9 hepdeden 15 hepdä dowam edýär. Askaridanyň ösüş sikli 2 fazadan durýar:

1. Migrasiýa fazasy.
2. Içege fazasy.

Kliniki alamatlar. Askaridoz keseliniň 1-nji fazasy alamatsyz ýüze çykyp biler ýa-da subfebril gyzgyn, üsgülewik bilen geçip biler. Käwagt bronhit, pnewmoniýa, plewritiň alamatlary ýüze çykýar. Näsagyň gakylygy derňelende onda askarida liçinkasy tapylýar.

Käbir çagalaryň bedeninde örgün, gijilewük, gyzgynyň ýokary bolmagy bilen geçýär.

2-nji fazasy (içege fazasy) – her hili görnüşde geçýär. Alamatsyz görnüşinden agyr kliniki görnüşine çenli, işdäsizlik, gusmaklyk, içgeçme, birahat, tiz ýadawlyk, gaharjaňlyk. Käbir çagada enterit, enterokolit ýüze çykýar. Şu fazada içege geçirijiligi bozulmagy, askaridoz peritonit ýüze çykmagy mümkin.

Bejerilişi: gelmintoks (pirantel) – 1 gerdejikden 125 *mg* 6 ýaşdan uly çagalara berilýär. 6 ýaşdan kiçi çagalara suspenziýasy berilýär. Suspenziýany bermezden öň ony oňatja çaýkap bir çaý çemçesi berilýär.

Mebendazol – ertir we agşam 1 gerdejik 3 günüň dowamynda, gerek ýagdaýynda iki kurs bejergi 2 hepdeden soň ýene-de bir gerdejik 3 günüň dowamynda berilýär.

Piperazin 1 ýaşa çenli 0,4;
2-3 ýaşa çenli 0,6;
4-5 ýaşa çenli 1 *g*.

Piperazin 2 günüň dowamynda her gün 2-3 gezek nahardan soň içmeli.

Enterobioz

Enterobioz – ownujak togalak ak gurçuklar – ostrisalar döredýän keseldir. Urkaçy gurçugyň uzynlygy 12 *mm*, erkek gurçuklarynyňky 3-4 *mm*.

Bu ýagdaýda ak gurçuklar inçe içegäniň aşaky böleginde, ýogyn içegede ýaşaýarlar. Aýal gurçuklar artbujagyň epinlerine öz ýumurtgalaryny taşlaýar. Ol ýumurtgadan 5-6 sagadyň içinde gurçuklar ösüp ýetişýärler we gijelewük döredýärler. Gyz çagalarda «wulwowaginit» keselini ýüze çykarmagy mümkin. Çagalar hapa ellerini agzyna almak bilen ýumurtgalar agyz boşlugyndan içegä geçýär, bu ýagdaýa autoinwaziýa diýilýär. Bu gurçugyň ömri 20-30 gün. Daşky gurşawda enterobioz döredýän gurçugyň ýumurtgasy 15 güne çenli ýaşap biler. Ol düşekde, oýnawaçda, howa tozanda bolup, howa arkaly hem adam bedenine düşüp biler. Enterobioz keseli dünýä ýüzünde iň ýaýran keselleriň biridir.

Alamatlary: kesel çaganyň aşgazan töwereginde agyry, birahatlyk, ukusynyň bozulmagy, işdäsizlik, artbujakda gijelewük, içgeçme, kä ýagdaýda ganly içgeçme bolýar. Gurçuklaryň tohumlary artbujak ýygyrtlaryndan alnan derňewden tapylýar.

Bejerilişi: enterebioz keselinde diňe bir derman bilen bejerilmän sanitar-gigiýeniki şertlere hem uly üns berilýär. Çagalaryň dyrnaklaryny gysga gyrkmaly, elleri arassa bolmaly. Çaga uklanda onuň endamyna gowy gysyp durýan balajyk geýdirmeli. Çaganyň geýmini, düşeklerini ýuwup ütüklemeli. Otagyň içini suw bilen arassalamaly.

Birwagtlaýyn maşgalanyň ähli agzalaryny bejermeli, bejergide gelmintoks 1 gerdejikden 1 gezek çagalara berilýär. Mebendazol 1 gerdejikden 1 gezek (100 *mg*) berilýär, iki hepde geçenden soň ýene-de 1 gerdejikden berilýär.

Soguljanlara garşy beýleki derman serişdeleri kabul edilende näsag çagalara ýaramaz täsir edende kädiniň çigidi bellenilýär.

Ulanylyşy. Kädiniň çigidini daşynyň gabygy bilen et üwelýän maşynda owradylýar. Alnan serişdäniň iki esse mukdarynda suw guýmaly we gyzgyn suwly gabyň içinde buglanmaly (ýöne gaýnatmaly däl). Alnan ergini hasadan süzýärler we galyndynyň ýüzündäki ýagly gatlary aýyrýarlar. Hemme ergini ajöze 20-30 min dowamynda kabul

etmeli. Ergini kabul edende 2 sagatdan soň duzly gowşadyjy serişde berilýär.

Gimenolepidoz

Gimenolepidoz – bu çagalarda duş gelýän soguljan bolup, karlik soguljanlary sebäpli ýüze çykýar. Bu gurçugyň uzynlygy 3 *mm* töweregi bolup sorguçlary we çeňňegi bardyr. Ol inçe içegede ýaşaýar. Ýetişen ýumurtgalar uly täret arkaly daşaryk çykýar. Çagalara hapa eller arkaly, oýnawaçlaryň üsti bilen we beýleki enjamlaryň üsti bilen geçýär.

Alamatlary: bu kesel agyr we uzak wagtlap geçip biler. Çagada iç agyrmak, içgeçmek, gusmak, işdäsiniň peselmegi, iglemek, anemiýa ýaly alamatlary bolup biler. Käbir ýagdaýda dizenteriýa keseli bilen çalyşdyrylýar.

Keseliň diagnozy dogry goýmakda laboratoriýa barlagy uly rol oýnaýar. Çaganyň uly täretinde karlik soguljanlarynyň ýumurtgalary tapylýar.

Bejerilişi: gimenolepidozda erkek paportnigiň ekstrakty ulanylýar (3 gezekden her 7-10 günden), fenosal (3 sikl) akrihin, amino-akrihin(3-4 sikl).

Ýürek-damar ulgamynyň aýratynlygy

Çaga doglandan soň özbaşdak gan aýlanyşygy başlanýar. Ýürek-damar ulgamynyň işlemegi üçin täze şertler döreýär. Göbek damarlary ýapylýar. 6 hepdeden soň arterial akdyryjynyň (botallow akdyryjy) 2-3 aýdan soň wenoz akdyryjy, 6-7 aýdan soň ýüregiň aralyk diwaryndaky deşik ýapylýar. Ýürekde we damarlarda morfologiki we fiziologiki üýtgeşmeler bolup geçýär. Ýetik doglan bäbekleriň ýüreginiň agramy 0,8%, ulularda bolsa 0,5% tutýar. Çagalarda ilkinji iki ýylyň dowamynda ýüregi çalt ösýär. Onuň agramy doglanda 20-25 *g* bolsa, 6-8 aýlygynda iki esse, 2-3 ýaşynda 3 esse, 7-12 ýaşynda bolsa ösmegi peselýär. Çaganyň jyns taýdan ýetişýän döwrün-

de ýene-de ösýär. Ýürek 16 ýaşa çenli 240 *g* bolup doglandaky agramyndan 11 esse ulalýar. Ýetik doglan bäbeklerde ýüregiň çep we sag garynjygynyň diwarlarynyň ýognalmagy birmeňzeşdir (5 *mm*). Çep garynjygynyň diwary sag garynjyga garanyňda ýognalýar, sebäbi hemme agram ýüregiň çep garynjygynyň paýyna düşýär. Ýüregiň myşsa dokumasy ýetik doglan bäbeklerde hem-de emýän çagalarda inçe we näzik gurluşy bolup olaryň arasyndaky birleşdiriji dokuma az ösendir. Ýaşy ulalmagy bilen ýüregiň süýümi arakesmesiz ösýär. Netijede, berkleşdiriji dokumanyň ösmegine ýardam edýär. Kapillýar damarlarynyň üsti bilen ýüregiň myşsa gatlagy gowy iýmitlenýär. Diafragmanyň ýokarda ýerleşmegi netijesinde ýetik doglan bäbegiň birinji aýlarynda ýüregi ýokarda we kese ýerleşendir.

1-nji ýaşyň soňlarynda haçanda çaga ýöräp başlanda ýüregi gytak ýerleşendir. 4 ýaşlarynda öýkeniň hem-de döş kapasasynyň ösmegi bilen diafragmanyň aşak düşmegi bilen ýürek dikligine ýerleşýär. Çaganyň arteriýa we wena damarlary uly adamlaryňkydan giň bolýar. Çagalaryň ýüreginiň myşsa gatlagynda kapillýar köp we uly adamlaryňka garanyňda giňdir. Çagalar 1 ýaşynda damarlaryň çalt ösüp jyns taýdan ýetişýän döwründe olaryň ösüşi gutarýar. Çaganyň ýüreginiň agramynyň ululygy, damarlaryň giňligi sebäpli uly adamlaryňka garanyňda gan aýlanyşygy gowy geçýär.

Ýürek-damar ulgamynyň funksional aýratynlygy

1. Çaganyň ýaşy näçe kiçi bolsa şonça-da ýüregiň ýygrylyşy köp bolýar.
2. Çaganyň ýaşy näçe kiçi bolsa ýürek urgusy çalt urýar.

Ýaşy	Puls 1– min	Ýaşy	Puls 1 – min	Ýaşy	Puls 1 – min
Täze doglan bäbek	120-140	5 ýaş	98-100	11 ýaş	78-84
6 aýlyk	130-135	6 ýaş	90-95	12 ýaş	75-82
1 ýaş	120-125	7 ýaş	85-90	13 ýaş	72-80
2 ýaş	110-115	8 ýaş	80-85	14 ýaş	72-78
3 ýaş	105-110	9 ýaş	80-85	15 ýaş	70-76
4 ýaş	100-105	10 ýaş	78-85		

Çaganyň ýürek ulgamynyň aýratynlygy

Çaganyň ýüreginiň urşy çalt üýtgemegi bilen tapawutlanýar.

M e s e l e m : gygyrmagy, aglamagy, işjeň sormagy, fiziki agramsalma, netijesinde üýtgäp biler. Çagalarda ýürek urgusy edil uly adamyňky ýaly bilek arteriýasynda, çekke arteriýasynda sanalýar. Çagalarda ýürek urgusy rahat ýagdaýda (uklap ýatanda) sanamaly. Ýöne ýüregiň urgusyny 1 minutda 20 gezek azalýandygyny bellemeli.

Çagalarda arterial gan basyşy pes bolýar. Bu bolsa ýüreginiň iteriji güýjüni, damarlarynyň giňligine bagly bolup durýar. Ýaşynyň ulalmagy bilen arterial gan basyşy 6-10 ýaşlarynda we jyns taýdan ýetişýän döwründe ýokarlanýar. Täze doglan bäbeklerde sistoliki gan basyş 70-74 *mm* simap sütünine barabar.

1 ýaşdan soň 80-85 *mm* simap sütünine barabardyr. Diastoliki gan basyş sistoliki gan basyşyň 2/3, 1/2 bölegini tutýar.

1 ýaşdan geçýän çagalaryň arterial gan basyşy W. Z. Molçanowyň usuly boýunça, takmynan, ölçenilýär. Ýagny 80+2**n*. *N* – çaganyň ýaşy. Arterial gan basyş göni däl. Korotkowyň usuly boýunça ölçenilýär. Oňa simaply ýa-da membranaly sfigmomonometr ýörite çagalar üçin manžet bilen ölçenilýär. Çaganyň jyns taýdan ýetişýän döwründe ýürek-damar ulgamynyň üýtgemegi, aritmiýa, arterial gan basyşyň üýtgemegi käwagt ýürek çäkleriniň giňelmegine getirýär. Bu özgertmeler neýroendokrin ulgamynyň üýtgemegi bilen ýetginjeklik döwründe we jyns taýdan ýetişýän döwründe tiz duş gelýär.

ÝÜREGIŇ DOGABITDI ÖSÜŞ KEMISLIGI

Ýüregiň dogabitdi ösüş kemisligi bu çaga ýaşyndaky patologiýa bolup ýüregiň hem-de uly damarlaryň ösmän galmagy. Bu ähli keselerde 0,5% tutýar.

Anyklanylyşy: bu keseliň sebäbi belli däl. Çaga zyýanly faktorlaryň täsir etmegi ýüregiň dogabitdi ösüş kemisligine getirip biler. Bu keseliň ösmegine enäniň wirus (grip, gyzylja) hem-de nädogry iýmitlenmegiň (iýmitinde belogyň, retinolyň, wit toparynyň az bolmagy) kemislige getirip biler.

Ýüregiň dogabitdi ösüş kemisliginiň klassifikasiýasy:

1. Ak porok (ganyň çepden saga zyňylmagy ýüregiň aralyk diwarynyň garynjyk aralykdaky deşik akdyryjynyň ýapylman galmagy).
2. Gök ýa-da gara görnüşli porok (ganyň sagdan çepe zyňylmagy, Tetrada Fallo, uly gan damarlarynyň süýşmegi – transpozisiýa) sag gulajygyň garynjygynyň klapanynyň bolmazlygy.
3. Bu porok ýürek garynjyklaryndan ganyň zyňylmagynyň kynlaşmagy (aorta başlangyjynyň daralmagy, öýken arteriýasynyň daralmagy, aortanyň saga süýşmegi bilen häsiýetlendirilýär).

5-nji surat.
Dogabitdi ýürek kemçiligi

Keseliň esasy alamatlary: deriniň we nemli bardalaryň gök bolmagy, käbir çagalarda derisi diňe aglan mahalynda ýa-da emende gögerýär. Keseliň agyr görnüşlerinde çaganyň ýüzüniň, gulaklarynyň, burnunyň, dodaklarynyň, elleriniň, aýaklarynyň gögermegi mümkin (*5-nji surat*). Ýene-de bir esasy alamatlarynyň biri ýürekde patologiki sesiň sistola sesiniň çaganyň doglanyna gaty köp wagt geçmän käwagtlar ilkinji aýlarynda anyklanylýar. Patologiki sistola sesi, köplenç, ýüregiň üstünde gaty tembrli we ýüregiň gapdallarynda we damarlarda hem eşidilýär. Käbir kiçi ýaşly çagalarda ýüreginde patologiki ses eşidilmän çagany diňe sianoz we dem gysma heläk edýär. Sianoz öýkene ganyň az mukdarda barmagyndan we wena ganynda kislorodyň azalmagyndan ýüze çykýar.

Kesel çaganyň barmaklarynda kapillýar gan çalyşmagynyň bozulmagy netijesinde barmaklarynyň ujy «deprek taýajygy» ýaly ýognalyp küteklenýär, dyrnaklary bolsa galyp durýar, edil «sagat aýnasy» ýaly. Ýürek damar kemislikleri bilen kesellän çagalar hor we boýy pes bolýar. Derisi keseliň görnüşine bagly agymtyl ýa-da gögümtil.

Diagnozy: wagtlaýyn – çaga emende, gundalanda, aglanda, işlände we hemişelik bolýar, demi gysma, burunlarynyň ganatlarynyň giňelmegi bilen ýüze çykýar. Käwagtlar näsaglar «mejbury ýagdaýy»

alýarlar, ýagny aýaklarynyň dyz we but bogunlaryna epip ýarym oturýarlar, ýa-da aýaklaryny garnyna çekip gapdal ýatýar.

Görlende – ýürek töwereginiň güberçek görnüşli ulalmagy, barmaklary deprek taýajygy ýaly, dyrnaklary sagadyň aýnasy ýaly, gögerme, demgysma, tahikardiýa ýaly alamatlar ýüze çykýar.

Anyklamak – EKG, rentgenografiýa, EHO, angiokardiografiýa, ganyň umumy derňewi we ş.m.

Bejerilişi:

1. Çaganyň gün tertibini dogry gurnamaly.
2. Saglyk öýlerinde kardiorewmatolog lukmanyň dispanser gözegçiliginde durmagy.
3. Çagany witamine baý iýmitler bilen naharlamaly.
4. Gerek ýagdaýynda ýürek glikozidlerini ulanmaly.
5. Kortikosteroid gormonlar.
6. Witaminaterapiýa.
7. Uzak wagtlap arassa howada gezelenç.
8. Ýokanç kesellerden goranmaly.
9. Soňky wagtlarda ýürek kemislikleri hirurgiýa ýoly bilen bejerilýär.

Öňüni almak: göwreli aýallary wagtynda hasaba alyp gözegçilikde saklamaly. Wirus kesellerinden, dartgynly ýagdaýlardan gorap saklamaly.

REWMATIZM

Rewmatizm – infeksion allergiki kesel bolup, ol birleşdiriji dokumalara şikes ýetirýär. Rewmatizm, köplenç, ýürek-damar ulgamyna, bogunlara, merkezi nerw ulgamyna şikes ýetirýär.

Sebäpleri: rewmatizm, köplenç, streptokok infeksiýalaryndan soň ýüze çykýar. Keseli döredigi betta gemolitiki streptokokk *A* – toparydyr. Rewmatizm dowamly tonzillit, faringit, angina, skarlatina, gaýmorit kesellerinden 10-15 gün geçenden soň ýüze çykýar. Keseliň ýüze çykmagyna sowuklama ýagdaýlary şert döredýär. Streptokokk infeksiýasy streptolizin, streptokinaza, gialuronidaza fermentlerini bölüp çykaryp, olar antigen häsiýetine eýe bolýarlar. Olara garşy

bedende antitelalar antistreptolizin, antigialuronidaza emele gelýär. Ganyň düzüminde antigialuronidazanyň (kadada 300-350 birlik), antistreptoliziniň (250-350 birlik) ýokarlanmagy rewmatizmiň işjeňliginiň ýüze çykmagyny aňladýar.

Rewmatizmiň klassifikasiýasy

Rewmatizmiň klassifikasiýasynda onuň fazasy, klinikasy, geçişi we gan aýlanyşygynyň funksional ýetmezçiligi häsiýetlendirilýär. Bu klassifikasiýasy boýunça rewmatizmiň aktiw we aktiw däl görnüşleri tapawutlandyrylýar. Aktiw rewmatizmde ilkinji rewmokardit, ýürek kemisligi bilen bolmagy mümkin, beýleki synalara hem şikes ýetendigini bellemeli.

Aktiw däl görnüşinde rewmatiki kardiosklerozyň bardygyny ýada kemisligiň bardygyny bellemeli, gan aýlanyşygynyň ýetmezçilik derejesini görkezmeli. Meselem: keseliň kesgitlemesi: Rewmatizmiň aktiw fazasy, gaýtalanýan rewmokardit. Mitral klapanlaryň ýetmezçiligi. Gan aýlanyşygyň ýetmezçiliginiň 2 derejesi. Poliartrit ýiti geçişi.

Bogunlardaky rewmatizm (Poliartrit)

Rewmatiki poliartrit, köplenç, streptokokk infeksiýalaryndan soň (angina, gripp, otit, gaýmorit) 1-2 hepdeden ýüze çykýar. Kesel näsagyň bedeniniň gyzgynynyň ýokarlanmagyndan başlanýar. Bedeniň gyzgyny 38-39° göterilýär. Egin, tirsek, dyz, penje bogunlary çişýär, hereket edende agyry peýda bolýar, bogunlar gyzarýarlar, elläp görende ýerli gyzgynyň bardygy kesgitlenilýär. Çagalar gijelerine we ertirine derleýärler, umumy ysgynsyzlyk, ýadawlylyk peýda bolýar. Hereket edende bogunlarda agyrynyň güýçlenýändigi sebäpli çagalar hereket etmekden saklanýarlar. Keseliň geçiş döwründe sowuklama ýagdaýlary bir bogundan beýleki bogunlara geçýär, kä ýagdaýda ýene şol bogunda gaýtalanýar. Bogunlardaky agyry, çişler, gyzarma, salisilatlar, gormonlar bilen bejerilende günüň dowamynda geçýär. Rewmatizm bogunlarda durnukly üýtgeşmeler ankiloz (hereketiň bozulmagy) galdyrmaýar. Bogunlaryň funksiýasy doly dikelýär. Deriniň ownuk damarlarynyň geçirijiliginiň ýokarlanmagy netijesinde aýak-

larda iňňe bagjygynyň kellesi ululykda gan öýmeler peýda bolýar, köplenç, bogunlaryň daşynda noýba şekilli ululykda gaty düwünler emele gelýär.

Rewmokardit – Rewmatizmiň ýürege şikes ýetirmegine rewmokardit diýilýär. Rewmatizm ýüregiň hemme gatlaklaryna şikes ýetirýär. Ol miokardy 80-100% ýagdaýda zaýalaýar, onuň bilen bir hatarda sowuklama ýagdaý endokarda hem ýaýraýar.

Rewmatiki miokardit – ýüregiň töwereginde agyry ýüregiň araçäkleriniň giňelmegi ýürek tonlarynyň peselmegi bilen häsiýetlendirilýär. Ýürek depesinde sistoliki äheňde ses eşidilýär. Soňa baka çaga horlanýar, ysgynsyz bolýar. Rewmatizm, köplenç, mitral klapana şikes ýetirýär.

Kiçi horeýa – bu nerw ulgamynyň rewmatiki zaýalanmagydyr. Kiçi horeýa mekdep ýaşly çagalarda aýratyn hem gyzjagazlarda 2-3 esse köp duş gelýär. Kesel ýuwaş-ýuwaşdan başlanýar, hereket kynçylygy ýüze çykýar, ol rahat oturyp bilmeýär, hereketleri oňaýsyz bolýar. Özüni alyp barşy üýtgeýär. Köp aglaýar, gaharjaň bolýar, ýazuwy bozulýar. Soňa baka bedeniň aýratyn et toparlarynda ýa-da böleginde kesele mahsus bolan, emma näsagyň özüne bagly bolmadyk hereketler peýda bolýar we daşky gyjyndyrmalaryň täsirinden has güýçlenýär. Çagalar özbaşdak naharlanyp bilmeýär, myşsalaryň tonusy peselýär, çagalar barmak, burun synagyny geçirip bilmeýärler.

Rewmatizmde diagnoz goýmagyň esasy alamatlary:

1. Kardit.
2. Poliartrit.
3. Horeýa.
4. Deriasty rewmatiki düwünler.
5. Halka görnüşli eritema.
6. Näsag çaganyň rewmatizme häsiýetli anamnezi.
7. Rewmatizme garşy bejerginiň täsiri.

Laborator barlaglar

1. Ganyň umumy derňewi: leýkositoz, neýtrofilýoz, EÇT ýokarlanmagy.
2. Ganyň biohimiki görkezijileri. Sialow kislotasynyň derejesiniň ýokarlanmagy, «*S*» reaktiw belogyň peýda bolmagy.

3. Keseli anyklamakda EKG, EHO barlaglaryň ähmiýeti uludyr.

Goşmaça alamatlary: näsag çaganyň gyzgynynyň ýokarlanmagy, çalt ýadamaklyk, deri örtükleriniň agarmagy, derlemeklik, bogunlaryň agyrmagy, burundan gan akmalary.

Rewmatizmiň bejerilişi: rewmatizmde 10-njy berhiz bellenilýär. Ýokary kaloriýa witamine baý bolan iýmitleri iýmek maslahat berilýär. Suwuklyklary, duzlary çäklendirmek zerurdyr.

Derman serişdelerinden:

1. Infeksiýanyň ojagyny doly ýok etmek üçin antibiotikler bellenilýär. Antibiotikler bellenilende näsagyň agyrlyk derejesi, mikrofloranyň antibiotiklere duýgurlygy göz öňünde tutulýar. Giň spektrde täsir edýän pensillin topary: benzilpensillin, sefazolin, ampisillin bellenilýär.
2. Ikinji topar dermanlar: steroid däl sowuklama garşy dermanlar salisilatlar, aspirin, woltaren, brufen, ibubrufen, indometasin ýaly dermanlar ulanylýar. Bu dermanlar sowuklama garşy, gyzgyny düşüriji, agyryny aýryjy täsiri bardyr.
3. Sowuklama garşy dermanlar topary – gormon serişdeleri, glýukokortikoidler; deksametazon, prednizalon, gidrokortizon.
4. Antigistamin dermanlary: dimedrol, pipolfen, suprastin, tawegil.
5. Witamin dermanlar: askorbin turşusy, witamin *B*1, *B*6.
6. Ýürek glikozidleri: strofantin, korglýukon.
7. Horeýaly çagalara – aminazin ýa-da fenobarbital, bromuň preparatlary.

Rewmatizmi bejermekde fizioterapiýa (ýyladyjy kompresler, kwars), sanator-kurort bejergileri hem ulanylýar.

Rewmatizmiň öňüni almak

Rewmatizmiň öňüni almak üçin streptokokk (angina, gaýmorit, otit) keselleriň öňüni almak zerurdyr. Agyz boşlugyndaky çüýrük dişleri bejermek, tonziloektomiýa geçirmek gerekdir. Bedeni berkitmek, fiziki maşklary ýerine ýetirmek hususy gigiýenanyň düzgünlerini berjaý etmek. Rewmatizmiň gaýtalanmagynyň öňüni almak üçin

aspirin, bisillin terapiýasyny geçirmeli. Bisillin terapiýasy ýaz, güýz aýlary geçirilýär.

Bisillin – 3 600 000 *Ed* hepdede bir gezek myşsa aralygyna.

Bisillin-5 1500 000 *ED* aýda bir gezek ýylyň dowamynda myşsa aralygyna sançmaly.

GAN WE GAN EMELE GETIRIJI SYNALARYŇ ANATOMA-FIZIOLOGIKI AÝRATYNLYKLARY

Adamyň gany suwuk böleklerden – plazmadan we onuň elementlerinden: eritrositler, leýkositler, trombositlerden durýandyr. Gan dokumasynyň emele gelşi daşynda limfositlere meňzeş bolan esas öýjüklerden başlanýar. Adam bedeninde gan birnäçe işi ýerine ýetirýär.:

1. Gan dokumalara we öýjüklere iýmit maddalaryny daşaýar.
2. Transport. Gan öýjüklere we dokumalara kislorody eltip, kömürturşy gazyny öýkene getirýär. Netijede, bedende gaz çalşygy amala aşyrylýar.
3. Gan goranyş işini ýerine ýetirýär. Ýagny leýkositler bedendäki mikroblary ýuwutmaga ukyplydyrlar. Ganyň düzüminde antitelalar, fermentler, gormonlar bar.
4. Bedende termoregulýasiýa işini ýerine ýetirýär.
5. Ganyň düzümindäki trombositler lagtalandyryş işini ýerine ýetirýär.

Gan emele geliş düwünçeginiň 2-nji, 3-nji hepdeliginiň soňunda mezenhima öýjüklerinde emele gelip başlaýar. Göwreliligiň 2-nji aýyndan başlap gan düwünçegiň bagrynda, 3-4 aýlarynda dalagynda emele gelip başlaýar. Göwreliligiň II ýarymynda düwünçegiň süňk ýiliginde gan emele gelip başlaýar. Çaga doglandan soň bolsa gan, esasan, süňk ýiliginde hem-de limfatiki düwünleriň limfatiki follikularynda we dalakda emele gelýär. Kiçi ýaşly çagalaryň ähli süňklerinde gan emele gelýär, 4 ýaşyndan başlap süňkleriň gyzyl ýiligi sary ýilige öwrülýär we gan emele getiriş işini ýitirýär. Jyns taýdan ýetişýän döwründe gan diňe ýasy süňkleriň süňk ýiliginde, gapyrgalarda,

öňurgalaryň bedenlerinde, turba görnüşli süňkleriň epifizinlerinde emele gelýär. Çagalaryň gany hil we mukdar taýdan birnäçe gezek üýtgeýär. Täze doglan bäbegiň ganynda gemoglobin we eritrosit örän ýokarydyr. Gemoglobiniň mukdary 170-245 *g/l*-e çenli. Eritrositleriň sany 5-7*10^{12} *l*-e çenli ýetýär. Bäbeklerde eritrositleriň çöküş tizligi sagatda 2-3 *mm/sag*. Leýkosit täze doglan bäbeklerde 10*10^9 *l*-den, 30*10^9 *l*. Trombositler bäbeklerde 200-250*10^3/*l*.

1 ýaşa çenli çagalarda:
Hb – 119-110 *g/l*.
Erit – 3,5 – 4*10^{12}/*l*.

Reňkli görkeziji 0,9:
EÇT – 3-5 *mm/sag*;
Trombosit – 200 – 300 * 10^3/*l*;
Leýkosit – 10 – 11 * 10^9/*l*;

1 ýaşdan geçen çagalaryň ganynyň kadaly görkezijisi:
Hb – 126 – 156 *g/l*;
Erit – 4,3 – 5*10^{12}/*l*;

Reňkli görkeziji 0,9:
EÇT – 4 – 10 *mm/sag*;
Trombosit – 200-300 * 10^3 /*l*;
Leýkosit – 4 – 10 * 10^9/*l*.

Gan emele getiriş synalaryna limfatiki düwünler degişlidir. Limfatiki düwünler ýumşak togalak gyzyl reňkde emele gelmeklikdir. Olar limfatiki damarlaryň ugrunda ýerleşýärler. Täze doglan bäbeklerde limfatiki düwünler uly adamlaryňka garanyňda uludyr. Limfatiki düwünler goranyş işini, antitela işläp çykaryş işini ýerine ýetirýär. Sagdyn çagalaryň boýnundaky, goltugynyň aşagyndaky, gasykdaky limfatiki düwünleri elläp anyklap bolýar, olar sagdyn çagalarda agyrysyz biri-biri bilen we töweregindäki dokumalar bilen birleşmeýärler.

Dalakda limfasitler emele gelýär, eritrositler we trombositler zaýalanýar, demir toplanýar, immunoglobulin sintezlenýär, ýene-de dalak artyk ganyň saklanan ýeri hasaplanýar.

Çarşak görnüşli mäz – bu limfositlere baý we ol ýerde limfositler emele gelýär.

Makrofaglar ulgamy– olara gan we limfa damarlarynyň içki diwarlary, birleşdiriji dokumanyň öýjükleri degişli. Makrofag ulgamynda **monositler** emele gelýär. Çaganyň gan emele getirijiligi durnukly däl. Gan emele getiriş ulgamlary, synalary ýeňillik bilen şikeslenýär hem-de çagalarda ganyň elementleri aňsatlyk bilen zaýalanyp ösüp ýetişmedik gan öýjüklerine öwrülmäge ukyplydyr. Gan emele getirişi güýçlendirmek üçin ýörite bedende madda – **gemopoetin** bölünip çykýar. Gan emele gelşini nerw ulgamy kadalaşdyrýar. Gan emele gelşi içki sekresiýa mäzleriniň hem (gipofiz, böwrek üsti mäziň gara maddasy, galkan şekilli mäz) täsiri uludyr. Gan emele gelşe ýene-de witaminlerden *wit* B_{12}, *wit C* gatnaşýarlar.

GANAZLYK

Ganazlyk – bu ganyň düzüminde eritrositleriň sanynyň azalmagyna we gemoglobiniň mukdarynyň peselmegine aýdylýar.

Ganazlyk 3 topara bölünýär:

1. Ýetmezçilik ganazlyk – demriň we beýleki elementleriň, witaminleriň we beloklaryň ýetmezçiligi netijesinde ýüze çykýan ganazlyk.
2. Postgemorragiki (gan akmadan soňky) ganazlyk.
3. Gemolitiki ganazlyk – eritrositleriň köp dargamagy netijesinde ýüze çykýan ganazlyk.

Çagalarda demir ýetmezçiligi netijesinde ýüze çykýan ganazlyk beýleki (anemiýalara) garanyňda 4-5 esse köp duş gelýär.

Demir ýetmezçiligi netijesinde ýüze çykýan ganazlygyň sebäpleri

1. Iýmitde demriň az mukdarda bolmagy. Bu, esasan hem, ösüp barýan çagalarda duş gelýär.
2. Ganyň emele gelýän synalarynda demriň mukdarynyň az bolmagy.
3. Içegelerde iýmitiň siňmegi bozulan ýagdaýlarynda.
4. Içege keselleri bilen tiz-tiz keselleýän çagalar.

5. Rahit, gipotrofiýa (iglilik) hem itergi berýär.

6. Gelmintozlar.

Göwreli aýal ganazlyk bilen keselleýän bolsa çagada hem ganazlyk ýüze çykýar.

Keseliň kliniki alamatlary. Deri örtüginiň agarmagy, guraklygy, saçynyň döwülmegi, inçelmegi, öwüşginliginiň ýitmegi, dyrnaklarynyň döwülmegi, çyzyklanmagy, myşsalaryň tonusynyň gowşamagy, işdäsiniň peselmegi, bagrynyň, dalagynyň ulalmagy. Çaga çalt ýadaýar, gowşaklyk we gaharjaňlyk ýüze çykýar. Sowuklama keselleri bilen köp keselleýär. Kähalatlarda çaganyň boýunyň, agramynyň kadadan yza galmagy, aňynyň peselmegi bolýar. Ýüreginde sistoliki sesiň eşidilmegi, kelle agyry, derlemek, diliniň üstüniň ýylpyldamagy, işdäsiniň bozulmagy ýaly alamatlar hem ýüze çykýar. Keseliň seýrek duş gelýän görnüşleri: ukusynyň bozulmagy, peşewini saklap bilmezligi degişli. Keseliň alamatlarynyň ýüze çykmagy onuň derejesine bagly.

Ýeňil derejesinde: çaga gowşak bolýar, gaharjaň, işdäsi peselýär, derisiniň reňki agarýar kä ýagdaýda dalagy ulalýar.

Orta agyr derejesinde – keseliň derejeleri anyk ýüze çykyp başlaýar; gowşaklyk, işdäsi peselýär, aglak, derisi gurak, gulaklary reňksiz gury bolýar, saçy inçe, dili ak örtülen, pulsy çalt, ýürekde sistoliki ses eşidilýär.

Agyr derejesinde aňy pes, işdäsi ýok, deriniň reňki agarýar, agzynyň gyralarynda ýara emele gelýär, dyrnagy, saçy inçelýär, öwüşgini ýitýär, dili ýylpyldaýar, bagry, dalagy ulalýar.

Ýürek-damar ulgamynda: ýüregiň urmagy çaltlanýar, sistoliki ses eşidilýär, käwagt ýüzleri ýellenip, aýagynda çiş emele gelýär, bagryň we dalagyň ulalmagy netijesinde garny ulalýar. Uly çagalarda palçyk, kesek, hek iýmek ýaly hadysalar ýüze çykyp bilýär. Demir bedende az bolanda çaganyň immuniteti bozulýar, kesellere garşy göreşmek ukyby peselýär.

1. Ganazlygyň ýeňil görnüşinde *HB* – 109-90 *g/l*,
ER – 3,5 – 10^{12} *g/l*.

2. Orta agyrlyk görnüşi: *HB* – 70-89 *g/l*,
Er – 2,8 – 10^{12} *g/l*.

3. Agyr görnüşinde: *HB* – 70 *g/l*,
ER– 1,4-10^{12} *g/l*.

Bejerilişi: ganazlykdan ejir çekýän çagalaryň bejerilişi birnäçe tapgyrdan durýar. Ilki bilen onuň sebäbini anyklamaly, iýmitine üns bermeli, arassa howada köpräk gezdirmeli, owkalama, bejeriş bedenterbiýesi hem-de derman serişdelerini bermeli. Ganazlykdan ejir çekýän çagalaryň iýmiti dürli hili, witamine, demre baý bolmaly. Witamin we demir şu aşakdaky iýmit önümlerinde köp bolýar; et, bagyr, gök önümlerde, ýumurtganyň sarysynda, ir-iýmişleriň şiresinde.

Demre baý önümler:
Doňzuň bagry – 29,7;
Goýnuň bagry – 9,0;
Göläniň bagry – 6,0;
Alma – 2,5.

Demir ýetmezçiligi netijesindäki ýüze çykan anemiýany diňe iýmit bilen bejerip bolmaýar, sebäbi iýmitiň düzümindäki demriň 10%-ne golaýy siňýär. Onsoň hem bu kesel bilen ejir çekýän çagalaryň işdäsi pes bolýar. Ganazlygy bejermekde demriň preparatlary giňden ulanylýar: ferrokal, feramid, ferospan, gemostimulun, nurifer, globeks.

Agyr görnüşinde: ferkowen wena damardan 2,5 *ml* 20%-li glýukozanyň 15 *ml* ergininde goýberilýär. Kurs bejergisi 7-10 gün ferbitol myşsa aralygyna, 2 ýaşyna çenli çagalara 0,5-1,0, 2 ýaşdan ululara 1-2 *ml* ferrumlek myşsa aralyga günaşadan 5 *kg*-a çenli 0,5 *ml*, 5-10 *kg* agramyna 1,0 *ml*. Çagalara wit *B* topary, askorbin turşusy we demriň preparatlary bilen bilelikde berilýär.

Has agyr görnüşinde plazma, bir toparlaýyn gan guýmaklyk bellenilýär.

Anemiýa keseliniň öňüni almak

Öňüni alyş çärelerini antenatal döwürden başlamaly. Gany az göwreli aýallara 4,5-5 aýdan soň düzüminde demir bolan dermanlary içirmeli. Çaga dogulmagyna 2-3 aý galanda göwrelilere demriň dermanlaryny bellemeli.

Bir ýaşynyň dowamynda anemiýa bilen kesellemek howpuna degişli çagalar:

– wagtyndan öň doglan çagalar;

– ýarowsyz enelerden doglan çagalar;

– köp keselleýän çagalar.

Demir ýetmezçilik netijesinde ýüze çykýan anemiýa keseliniň öňüni almak üçin ýaş çagalara dermanyň ergin görnüşini bermek maslahat berilýär.

Orferon düzüminde 26 *g* elementar demir saklaýar günde onuň bir çaý çemçesine günüň dowamynda 1 gezek bermeli. Ýylda 1-2 aý ýazda, gyşda berilýär. Çaganyň içgeçme keseli bar bolsa bu dermanlary bermek bolmaýar.

Spesifiki däl çäreler: arassa howada gezmeli, iýmiti oňat we kadaly bolmaly, massaž we gimnastiki maşklar geçirip durmaly. Häzirki wagtda gan azlygyň öňüni almak üçin uny demir bilen reňklendirilýär.

ÇKBAB maksatnamasy boýunça ganazlyk keseliniň alnyp barlyşy.

Çaga kesellerini bitewi alyp barmak ÇKBAB näsaglaryň keselini ýönekeý alamatlara esaslanyp anyklamagy we bar bolan tejribe esasynda bejergi bellemäge esaslanandyr.

ÇKBAB maksatnamasy 1 hepdeden 5 ýaşa çenli çagalaryň kesellerini anyklamany we bejermäni öwrenmek üçin şepagat uýalary we lukmanlar tarapyndan ulanylyp bilner. Maksatnamada saglyk öýüne näsazlyk boýunça ýa-da dowamly gözegçilik üçin niýetlenen näsaglaryň idegi bellenendir, şeýle-de çagalarda gündelik howp alamatlary, esasy ýaýran kesselleriň alamatlaryny, iýmitlendirmegiň kynçylyklaryny we ganazlyk hem-de beýleki kynçylyklary anyklamagyň usullary görkezilendir.

Çaganyň ýagdaýy ilki bilen çagada umumy howply alamatlaryň bardygyny, giňden ýaýran keseller baradaky soraglary bermek bilen çagany barlag we iýmitlenişine, ganazlygyň bardygyna, immun statusyna baha berip anyklamaly.

Ganazlyk keselinde şepagat uýasy çaganyň ejesine ilkinji ýüze çykjak howp alamatlaryny düşündirmeli. Çaganyň bedeniniň aksowult bolmagyny, çagada gowşaklyk, işdäsiniň peselmegi ýaly alamatlaryň haýsam bolsa 1 ýa-da 2-si ýüze çyksa, onda ol ganazlygyň ýeňil derejesiniň alamatydyr. Çaganyň ejesi öz eliniň aýasy, dyrnak maýasy, gulak ýelkeni bilen çagasynyňkyny deňeşdireninde bedende aksowult, solgun alamatlary ýüze çyksa, ol çagada ganazlygyň ilkinji alamatlarynyň bardygyny aňladýar, şeýle ýagdaýda çaganyň ejesi hökmany lukmana ýüz tutmalydyr.

Eger-de çaga hassahana ugradylmaklyga mätäç däl bolsa, onuň üçin bitewileşdirilen bejeriş meýilmanasyny düzmeli we gerek bolan derman serişdeleriniň ikinji möçberini saglyk öýünde bermeli.

LEÝKOZ (AK GANLYK)

Bu gan ulgamynyň iň agyr kesselleriniň biridir. Leýkozyň esasynda gan dörediji öýjüklerde çişiň döremegi netijesinde gyzyl süňk ýiliginde ganyň kadaly öýjük düzümi üýtgeýär we bedende kesel gan öýjüklerini dörediji ojaklar emele gelýär.

Soňky ýyllardan bäri leýkoz bilen keselleýänler köpelýär. Bu kesel, esasan, mekdebe çenli ýaşly çagalarda köp duşýar. Çagalarda leýkozyň ýiti görnüşi köp duşýar.

Sebäpleri: doly anyklanylmadyk. Leýkozyň döremeginiň birnäçe sebäpleri bar. Alymlaryň aýtmagyna görä leýkozyň ýüze çykmagyna birnäçe daşky täsirler sebäp bolýarlar. Ýagny käbir himiki maddalaryň, ionly şöhleleriniň täsiri, wirus infeksiýalaryň, käbir ýagdaýda nesil yzarlamagy hem mümkin. Leýkozyň birnäçe görnüşleri bar.

1. Limfoblastly leýkoz.
2. Miýeleoblastly leýkoz.
3. Monoblastly leýkoz.

Çagalarda 70% limfoblastly leýkoz duşýar.

Alamatlary; keseliň başlangyç döwründe alamatlary köp görnüşlidir, kä halatda keseliň alamatlarynyň örän kynlyk bilen ýüze çykýanlygy sebäpli ünsden düşürýärler. Keseliň bu döwründe näsag-

lar ýadaýanlygyny we işdäsizligine arz edýärler. Çagalarda leýkozyň irki alamatlary süňklerde agyrynyň döremegi we limfatiki düwünleriň ulalmagy bilen häsiýetlendirilýär.

Başga alamatlaryň hem bolmagy mümkin: burundan gan akma, derä we nemli bardalara ganyň öýmegi. Käbir çagalarda bolsa kesel birden güýçli bedeniň temperaturasynyň ýokarlanmagy, anginadan, gan akmalardan, ýüzüniň agarmagyndan başlanmagy mümkin. Soňra keseliň güýjän döwri başlanýar. Näsaglaryň ýagdaýy has agyrlaşýar, köpüsiniň temperaturasy ýokary, ähli çagalarda gemorragiki sindromy ýüze çykýar. Derä, nemli bardalara ganyň öýmegi, dişleriň etinden, burundan, aşgazan, içege gan akmalary, gematuriýa, beýnä gan urma ýagdaýlar ýüze çykýar. Käbir näsaglarda agyz boşlugynyň nemli bardalarynyň, damak mäzleriniň, bokurdagyň nekrozy ýüze çykýar. Ilkibaşdaky deriniň ak reňki ýeriň reňkine geçýär. Gemorragiki sindrom gan damarlarynyň diwarlarynyň geçirijiliginiň bozulmagy hem-de ganda trombositleriň mukdarynyň azalmagy bilen düşündirilýär. Bu döwürde ähli limfatiki düwünler ulalýarlar. Dalak ulalýar. Käbir çagalarda bagryň ulalmagy, onuň agyrýanlygy bellenilýär. Keseliň başlanyş döwründäki, süňkdäki agyrylar güýjeýär. Barmaklary çişýär, ýaýjygyň, buduň, pilçäniň töwereginde deriniň ýumşaklygynda ellände agyryly çişler peýda bolýar. Keseliň bu döwründe intoksikasiýanyň we anemiýanyň alamatlary bilen bilelikde nerw ulgamynyň üýtgeşmeleri peýda bolýar. Çagalarda kelle agry, ukusyzlyk, birahatlyk, ysgynsyzlyk ýaly alamatlar peýda bolýar. Käbir çagalarda ysmazlar, görüşiň we eşidişiň bozulmagy mümkin. Keseliň güýjän döwründe periferiki ganyň we süňk ýiliginiň düzüminde üýtgeşmeler bolup, keseliň hakyky häsiýeti anyklanylýar, ýagny leýkoz diagnozy goýmaga mümkinçilik berýär.

Esasan, leýkositleriň san düzümi üýtgeýär. Onuň düzüminde ösüp ýetişmedik patogen görnüşleri peýda bolýar. Anemiýa trombositleriň sany azalýar, *EÇT* ýokarlanýar. Leýkoz anyklanylanda süňk ýiligi deşilip barlanylýar. Esasan, döş we çanaklyk süňkleri deşilip barlanylýar.

Ýiti leýkozyň güýjän döwründe süňk ýiligi deşilende, kadaly süňk ýiligi elementleriniň bütinleý kesel görnüşleri bilen çalşandygy anyklanylýar. Eritrositleriň sany peselýär.

Ýiti leýkozyň terminal döwründe keseliň ähli alamatlary güýjeýär. Bu döwür uzak bolman bary-ýogy birnäçe gün dowam edýär.

Näsaglaryň ýagdaýlary has agyrlaşýar, toksikozyň alamatlary güýjeýär, biparh, ukusyzlyk näsag has horlanýar. Bedeniň gyzgyny üýtgäp durýar. Içki synalaryň funksiýalary bozulýar. Ýürek ýetmezçiliginiň alamatlary ýüze çykýar. Käbir ýagdaýlarda näsaglar pnewmoniýalar bilen keselleýär. Gematuriýa güýjeýär. Periferiki ganyň düzüminde ösüp ýetişmedik gan öýjügi köpelýär. Çagalarda ýiti leýkozyň limfoblast görnüşi has köp duş gelýär.

Bejerilişi: bejerginiň öz wagtynda başlanmagy çagalaryň ömrüni birnäçe uzaldýar. Tiz bejerilmese 5-6 aýda ýogalmagy mümkin. Näsag çagalary hassahanalara ýerleşdirmeli. Gowy gözegçilik etmek üçin gowy şertler döretmeli. Çagalaryň ýaşyna we ýagdaýyna görä iýmiti dogry ýola goýmaly. Batyrgaýlyk bilen dogry iýmitlendirmeli. Howanyň ýyly günleri arassa howada gezdirmeli. Sowuk günleri otagyň howasyny çalşyp durmaly. Näsagyň derisine we nemli bardalaryna gowy gözegçilik etmeli. Çagalaryň düşeklerini çalşyp, ýaralaryň öňüni almaly.

Ýiti leýkozy bejermekde gormon serişdeleri we sitostatik serişdeler ulanmaly. Gormon serişdelerinden prednizalon gidrokartizon köp ulanylýar. Sitostatik serişdelerden bolsa: merkaptopurin içmäge, Winkrestin hepde-de bir gezek wena damaryndan sanjylýar. Asparogenaza, Rubimissin gidrohlorid ýaly dermanlar gormon serişdeleri bilen bilelikde ulanylýar. Ýene-de bejerişde antibiotikler, gan guýmak, eritrosit massany guýmak, witaminler ulanylýar.

GEMORRAGIKI DIATEZLER

Diatezler gan öýmeler we gan akmalar bilen häsiýetlendirilýän keseldir. Gemorragiki diatezleriň 3 görnüşi bar.

1. Gemorragiki waskulit (Şenleýn Genohyň keseli).
2. Trombositopeniýa purpurasy (Werglofyň keseli).
3. Gemofiliýa.

Gemorragiki waskulit

Gemorragiki waskulit gemorragiki keselleriniň içinde has köp duş gelýändir. Ilkinji gezek iki alym Şenleýn we Genoh anyklapdyrlar. Şonuň üçin hem bu kesel alymlaryň atlary bilen atlandyrylýar. Bu kesel mekdebe çenli we kiçi mekdep ýaşly çagalarda duş gelýär. Häzirki döwürde gemorragiki waskulit allergiki kesel hasaplanyp, köplenç, kiçi gan damarlaryny zaýalaýar. Käbir derman serişdeleri antibiotikler, hinin, pask we iýmitler (ýumurtga, balyk, et, ýertudana allergenler bolup bilýärler. Käbir ýagdaýlarda bakterial infeksiýa bolup biler. Damarlaryň nemli bardalaryň sowuklamagy netijesinde geçirijiligi ýokarlanýar. Netijede, gan öýmeler emele gelýär. Käbir ýagdaýlarda gan akmalaryň ýüze çykmagy mümkin.

Kliniki alamatlary:

Gemorragiki waskulitiň 3 görnüşi bar:

1. Deri görnüşi.
2. Bogun görnüşi.
3. Abdominal görnüşi.

Keseliň deri görnüşinde çagalaryň derisinde gan öýmeler bilen häsiýetlendirilýär. Käbir ýagdaýlarda garnynda güýçli agyry bolmagy mümkin. Seýrek ýagdaýlarda bogunlar çişýär we agyryly bolýar. Kesel temperaturanyň ýokarlanmagy bilen başlanýar. Deridäki örgünler garşydaş ýerleşen bolup, köplenç, bogunlaryň töwereginde, otyr ýerlerinde, ellerde, aýagyň aşak böleginde, aýagyň ýüzünde peýda bolýar. Örgünler iňňe bagjygyň kellesi ýaly ölçegde bolup deriden güberçek görnüşinde galyp durýar. Deri gan öýmelerinden başga-da çuňňur etleriň aralygyna, boşluklara gan üýşmegi mümkin. Agyz boşlugynyň nemli bardalarynda hem gan öýmeleri peýda bolýar. Deridäki gan öýmeleri birnäçe gezek gaýtadan peýda bolmaga ukyply.

Bogunlaryň zaýalanmagy: rewmatiki poliartride meňzeşdir. Esasan, dyz, tirsek, injik, topuk bogunlary zaýalanýar. Bogunlardaky üýtgeşmeler uçujy häsiýete eýedir.

Abdominal görnüşi: çaganyň garnynda güýçli agyry başlanýar. Käbir ýagdaýlarda içege gan akmalary we içegeleriň inwaginasiýasy (içegeleriň biri-biriniň içine girmegi) gan akma ýaly beterleşme bolmagy mümkin. Gan öýmeleriň gaýtalap durmagy, çykyp derrew

ýitmegi mümkin. Gemorragiki waskulit agyr beterleşmesiniň biri böwregiň zaýalanmagydyr. Gemorragiki waskulitiň ýyldyrym çaltlygyndaky görnüşi örän agyr geçýär. Çagalaryň içki synalaryny zaýalap ölüm ýagdaýyna mejbur edýär.

Bejerilişi: hassahana ýerleşdirmeli. Düşek düzgüni bellenmeli, iýmitinden haýwan beloklaryny aýyrmaly ýa-da çäklendirmeli. Abdominal sindromynda iýmiti gowy üwelen görnüşinde we sowuk bolmaly. Emma şoňa garamazdan iýilýän iýmit witamine baý bolmaly.

Antibiotikler näsagyň duýujylygy anyklanylandan soň bellenilýär

Iriňli çeşmeleri, dowamly tonzilliti, çüýrük dişleri öz wagtynda bejermeli. Antigistamin derman serişdeleri:

Kalsiý hlor 10%-1 *ml* wena damardan goýberilýär.

Dimedrol 1% – 1 *ml* myşsa içine sanjylýar.

Suprastin gerdejik görnüşinde çaga bellenilýär.

Witaminoterapiýa.

Witamin «*C*» 5%-2 *ml*.

Witamin «*B*» topar dermanlary.

Simptomatiki bejergi.

Abdominal görnüşde Spazmolitik, analgetik derman serişdeleri.

Agyr görnüşde:

Geparin. Allergiýa we sowuklama garşy täsir edýär.

Geparin her *kg* 100-200 *Ed*.

Deri astyna, wena damaryndan 6 sagatdan sanjylýar. Ilkinji 5 günüň dowamynda ganyň lagtalanyş wagtyny hökmany gözegçilikde saklamaly.

Kortikosteroidlerden ulanmaly.

Prednizalon. Deksametazon.

Trombositopeniýa purpurasy

Trombositleriň sanynyň azalmagy we gan akmalar bilen häsiýetlendirilýär. Keseliň bu görnüşi mekdebe çenli we mekdep ýaşly çagalarda köp duş gelýär.

Sebäpleri:

1. Nesil yzarlaýan;
2. Çaganyň ýiti wirus infeksiýalary bilen kesellemegi (grip, gyzamyk, gyzylja);
3. Öňüni alyş sanjymlardan soň;
4. Fiziki-psihiki şikeslenmeden soň.

Alamatlary:

Deridäki gan öýmeler birden peýda bolýar. Gan öýmeler şikeslenme bilen baglanyşykly däl. Käbir ýagdaýlarda sähelçe şikeslenmede güýçli gan öýmeler emele gelýär. Çaganyň anamnezinde ýiti sowuklama keseli bilen kesellänligi anyklanylýar. Werlgofyň keselinde deridäki gan öýmeler örän ownuk bolup, käbir ýagdaýlarda uly tegmil görnüşinde bedeniň islendik bölegini köp mukdarda eýeläp bilýär. Has köp mukdarda aýaklaryň epilýän tarapynda ýüze çykýar. Kähalatlarda uly gematomalar emele gelýär. Emma çaga hiç zada arz etmeýär. Werlgofyň keselinde gan öýmeleriň gyrasynda sowuklama zona bolmaýar. Gan öýmeleriň ýitmegi bilen olaryň reňki üýtgeýär. Gyzyl reňkden gök reňke soňra ýaşyl reňke geçip, ýuwaş-ýuwaşdan deriniň reňki kadalaşýar. Deridäki gemorragiki örgünleriň gaýtalanmagy mümkin. Werlgofyň keselinde diňe deride däl, eýsem, nemli bardalarda hem, agyz boşlugynda, damagyň yzky diwarynda, gözüň nemli bardalarynda ownujak gan öýmeler emele gelýär. Ýene-de Werlgofyň keselinde burnuň, içege, aşgazan, ýatgy gan akmalary duş gelýär. Içgi synalardan dalak ulalýar. Çagalaryň beden temperaturasy kadaly ýa-da subfebril.

Bejerilişi: hassahana ýerleşdirip düşek düzgüni bellenilýär. Köp gan ýitirmede glýukozanyň, Ringeriň ergini, çaý köp içmäge berilýär. Naharlar witamine baý suwuk we sowuk görnüşinde bolmaly. Ir-iýmiş we gök önüm şirelerini bermeli.

Gan akmalarda gany saklaýjy, gany lagtalandyryjy dermanlar ulanylar.

Agyr ýagdaýda gan we trombositar massa guýulýar.

Kalsiý hlor 10%-10 *ml*.

Witamin «*C*» 5%-2 *ml* berilýär.

Gormon serişdeleri ulanylýar.

Ýerli bejergi:

Gemostatiki gubkalar, burun gan akmasynda yzky we öňki burun tamponadasy geçirilýär. Ýerli bejergi peýda bermese operatiw usul bilen dalak aýrylýar. Bu operasiýa **splenektomiýa** diýilýär.

Gemofiliýa

Bu seýrek duş gelýän nesil yzarlaýan keseldir. Gemofiliýa bilen erkekler keselleýärler. Göteriji bolup aýallar hyzmat edýär. Keseliň esasynda ganyň lagtalanmagynyň bozulmagy nesil yzarlaýan görnüşinde bolýar. Ganyň düzüminde ganyň lagtalanmasyna gatnaşýan VIII-IX faktorlar ýetmezçilik edýär. Gemofiliýanyň *A* we *B* görnüşi bardyr.

Alamatlary:

Bu kesel çaga ýaşka anyklanýar. Köplenç, 2-3 ýaşlarynda çagada duýdansyz şikeslenmeden soň kynlyk bilen soňlanmaýan gan akmalar ýüze çykýar. Eger-de şikeslenme derini zaýalasa onda deriniň astynda gematomalar emele gelýär. Gan akmalar gaýtalanýarlar. Käwagtlar birnäçe aýyň dowamynda hem gan akma ýüze çykmaýar. Emma deriniň sähelçe zaýalanmagyndan güýçli gan akmalar ýüze çykýar.

Çagalarda, köplenç, dişiň etinden, burundan, böwrekden gan akyp biler. Emma, gemofiliýa üçin bogunlara gan üýşmek örän mahsusdyr. Bu ýagdaýa gemartroz diýilýär. Esasanam, iri bogunlar: dyz, but, çanaklyk, tirsek, injik bogunlarynda ýüze çykýar. Birnäçe gezek gan öýmelerinden soň bogunlaryň hereketi çäklenýär. Bogunlar egrelýär, kynlyk bilen hereketlenýär. Umuman, hereketlenmän galmagy mümkin we maýyplyga getirýär. Çagalaryň dişi aýrylanda gan akmalar köp ýüze çykýar. Ganyň lagtalanyş wagty 30 *min*-a çenli we birnäçe sagada çenli bolmagy mümkin.

Bejerilişi:

Beýle çagalar ýaşlykdan gan akma gorkusy bilen ýaşaýarlar. Olary öý şertlerinde terbiýelemeli. Şikeslenmelerden, şowhunly oýunlardan saklamaly. Bogunlaryň şikeslenmesinden, ýokanç keselerden goramaly. Ähli dermanlary içmeli ýa-da wena damaryndan sanjym goýbermeli. Etiň içine sanjymdan soň gematoma emele gelme-

gi mümkin. Olara banka goýmak, aşgazanyny ýuwmak, arassalaýjy klizma geçirmek örän howpludyr.

ÇAGALARDA DEM ALYŞ ULGAMYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

Dem alyş ulgamynyň ähli bölümleriniň nemli bardalary näzik, gan we limfa damarlaryna baýdyr.

Burun – täze doglan çagalarda kiçijik, dar gysga, aşaky burun ýoly ýok. Burnuň ketirdewükleri örän ýumşak. Burnuň goşmaça boşluklary örän gowşak ösendir ýa-da umuman bolmaýar. Şonuň üçin hem kiçi ýaşly çagalarda burnuň goşmaça boşluklarynyň sowuklamasy duş gelmeýär.

Damak – täze doglan çagalarda dar we kiçidir. Damagy orta gulak bilen birikdirýän Ýewstahiýa turbanyň örän gysga we giňligi sebäpli burun damagyň sowuklama keselleri ýeňillik bilen orta gulaga geçip onuň sowuklama keselini ýüze çykarýar.

Bokurdak – jürdek görnüşinde ketirdewükleri örän näzik, maýyşgakdyr.

Ses perdeleri – aralygy dar, ses siňirleri gysga.

Traheýa – dar, ketirdewükleri ýumşak we maýyşgak.

Bronhalar – dar, sag bronha traheýanyň dowamy ýalydyr. Çagalarda del maddalar sag bronhda köp duş gelýär..

Öýkenler – täze doglan çagalaryň öýkenleri birleşdiriji dokuma baýdyr. Öýken dokumalarynyň maýyşgaklygy pesdir.

Plewra – kiçi ýaşly çagalarda plewra örän ýukadyr.

Diafragma – uly adamlar bilen deňeşdirilende ýokarda ýerleşendir. Gowşak ýygrylýar. Döş kapasasy bolsa edil dem alandaky ýaly ýagdaýda saklanýar.

Funksional aýratynlygy

1. Çagalaryň dem alşy ýüzleý.
2. Dem alşy:
   a) täze doglan bäbeklerde 1 minutda 40-60 gezek;

b) 1 ýaşa çenli 30-35 gezek;

ç) uly ýaşly çagalarda 15-20 gezek.

3. Dem alşy durnuksyz. Şonuň üçin çaganyň dem alşyny 1 min dowamynda sanamaly.

4. Dem alşyň görnüşleri:

a) 1 ýaşa çenli kükrek bilen;

b) 1-2 ýaşdan soň gatyşyk dem alyş;

ç) 8 ýaşdan başlap oglanlar garny bilen, gyzlar kükregi bilen dem alýarlar.

ÝITI RINIT

Burun boşlugynyň nemli bardasynyň sowuklamagydyr.

Sebäpleri: wiruslar, kokklar.

Ýiti rinit respirator wirus infeksiýasynyň başlangyç alamatlarynyň biridir. Ýiti rinitde çaganyň burun boşlugyndan ak suwuklyk, soňra iriň görnüşinde suwuklyk bölünip çykýar. Çaganyň burny dykylýar. Asgyrýar, ysgynsyz bolýar. Bäbekleriň emmesi kynlaşýar. Köplenç, çaga gowy gözegçilik edilip bejerilse, 5-7 günüň dowamynda sagalýar. Käbir ýagdaýlarda nemli bardasynyň sowuklamasy bokurdagyň, traheýanyň, bronhlaryň hatda öýkene hem ýaýramagy mümkin.

Bejerilişi: burun deşijekleriniň her gün pagta piltejikleri bilen arassalamaly. Soňra çaganyň burnuna protorgol, interferon, pinosolyň ergininde 1-2 damja damdyrmaly.

ÝITI OTIT

OTIT – bu ortaky gulagyň sowuklama keselidir. Keseliň esasy sebäbi çagalaryň ýokary dem alyş ýollarynyň sowuklama keseli, dümew, adenowirus infeksiýalary. Näme üçin çagalaryň bir ýaşyna çenli tiz-tizden gulagy agyrýar? Sebäbi damagyň orta gulak bilen birikdirýän Ýewstahiýa turbanyň örän gysga we giňligi sebäpli burun-damak ýollaryndaky infeksiýalaryň ýeňillik bilen orta gulaga geçip onuň sowuklama keselini ýüze çykarýar.

Alamatlary: kesel ýiti başlanyp, gyzgyny 39-40° C-ä çenli ýokarlanýar. Çaganyň gulagy güýçli agyrýar, ynjalyksyzlanýar, aglaýar, emmekden ýüz öwrüp, ukusy bozulýar, kellesini iki ýana öwrüp elleri bilen gulagyny tutýar. Bir ýaşyna çenli çagalaryň gulagynyň ösüntgisini basanymyzda gulagyň agyrýan tarapynda agyry güýçlenip, çaga aglaýar, gygyrýar, kellesini agyrmaýan tarapa öwürýär.

Bejergi:

1. Agyryny aýyrmak.
2. Infeksiýa garşy göreşmek.
3. Sowuklama garşy derman serişdeler ulanmak.

Gulagyndaky agyryny aýyrmak üçin çaganyň gulagyny furasilin spirtinden günde 1-2 gezek ýyly görnüşinde damdyrmaly. Ýagly erginleri gulaga damdyrmak bolmaýar. Käbir ýagdaýda taýýarlanan şol Nowakain 0,5%-10,0+spirt 70% – 10,0+Analgini 1% – 1,0 + Dimedrol 1%-1,0 erginden 1-2 damja 2-3 gezek damdyrmaly. Gulaga ýyladyjy kompres, fizioterapiýa proseduralaryny ulanmak hem gowy netije berýär.

ÝITI LARINGIT

Bu bokurdagyň nemli bardasynyň sowuklamasydyr. Ýiti laringit özbaşdak ýa-da ikilenji kesel bolup biler, käbir ýagdaýlarda ýiti rinitden soň ýüze çykyp biler. Çaganyň sesi bogulýar, gury itiň ürüşi ýaly üsgürýär, gyzgyny kadaly, 5-nji güni çaganyň ýagdaýy gowulaşýar, emma kä halatlarda, köplenç, diatez bilen keselleýän çagalarda bokurdagyň nemli bardasynyň sowuklamasy nemli bardanyň aşagyndaky gatlaklara, ses siňňirleriniň aşagyndaky boşluklara ýaýraýar we çaganyň dem alşynyň kynlaşmagyna getirýär, bu ýagdaýa **ýalan krup** ýa-da **stenoz laringiti** diýilýär. Ýalan krup 2 ýaşdan 8 ýaşa çenli çagalarda köp duş gelýär. Krupuň 4 derejesi bar.

I derejede – stenoz tutgaýy onçakly ýüze çykmaýar. Stenoz tutgaýy birnäçe sagat dowam eder.

II derejede – stenoz döş kapasasyndaky myşsalaryň gatnaşmagy bilen yzygider ýa-da wagtal-wagtal gaýtalanyp durýar.

III derejede – agyr stenoz ýagdaýy bolup, dem alşyň ýetmezçiligi bilen dowam edýär. Çaganyň dodaklary, deri örtükleri gögerýär. Çaga gaty biynjalyk. Öýkene howa gowşak ýa-da az geçýär. Pulsy gowşak we çalt.

IV derejede – çaga asfiksiýa ýagdaýa düşüp, aňy ýok, her dem alyşda öýkene howa barmaýar. Öýkende dem alyş sesleri eşidilmeýär. Bradikardiýa güýjäp ýüregiň togtamagyna getirýär.

Ýalan krup

Ýalan krup – ýiti sowuklama kesellerinden soň başlanyp duýdansyz gijara ýa-da daňdanara başlanýar. Çaganyň dem alşy kynlaşyp, gögermegi mümkin.

Bejerilişi:

1. Ýiti laringitde köp mukdarda ýyly suw içmeli (süýt, mineral aşgarly içgiler), kükrege gorçişnikler goýmaly. Uly ýaşly çagalarda bolsa aşgarly ingalýasiýalar (mineral suw, çaý sodasy), güýçli üsgülewikde bromgeksin, larkof, buýan köküniň toşaby, doktor mom we ş.m.
2. Içmäge kalsiý hloridiniň 5-10% erginini gaty biynjalyk bolanda bromkamfora, waleryanka damjasy ulanylýar.
3. El-aýaklaryna gyzgyn wannalar, soňabaka gakylygy gopduryjy dermanlar.
4. Antigistamin derman serişdeler – dimedrol, pipolfen, tawegil we ş.m.
5. Agyr ýagdaýda antibiotikler, gormonal serişdeleri ulanylýar.
6. Asfiksiýa ýagdaýynda traheostomiýa trupkasy ulanylýar.

ANGINA

Angina – bu badam şekilli mäzleriň ýiti sowuklamasydyr. Anginany, esasanam, streptokokklar, stafilokokklar döredýär.

Anginanyň görnüşleri:

1. Kataral görnüşi.

2. Follikulýar görnüşi.
3. Lakunar görnüşi.

Kataral anginada – damak mäzleri we damagyň nemli bardalary gyzarýar, çişýär. Soňra damagyň yzky diwarlaryna ýaýraýar.

Follikulýar angina – damak mäzleriniň gyzarmasyndan, çişmesinden başga-da damak mäzlerinde sarymtyl reňkli tegmiljikler emele gelýär.

Lakunar anginada – damak mäzleriniň üstünde agymtyl reňkdäki iriňli dykylar emele gelýär.

Keseliň umumy alamatlary: kesel gyzgyny galmakdan başlanýar 39-40° ýuwdunanda damagynda agyry peýda bolýar. Çaganyň bütin bedeni ýenjilen ýaly agyrýar, äň asty limfa düwünleri çişýär we agyryly bolýar. Follikulýar we lakunar anginalarda zäherlenme güýjeýär. Kesel 5-7 gün dowam edýär. Keseli anyklamakda bakteriologiki barlag üçin hem almalydyr. Angina doly bejerilmese ýürege, bogunlara zyýan ýetirip, ýitileşýär.

Bejerilişi:

1. Çagany aýratyn otagda saklamaly.
2. Keseliň kliniki alamatlary ýitýänçä düşekde ýatyrmaly.
3. Çaganyň iýmiti witaminlere mikroelementlere baý bolmaly, köpräk ýyly süýt, limonly çaý, şirelerden içirmeli.
4. Antibiotiklerden bermeli.
5. Witaminoterapiýa.
6. Ýerli bejergi – çagalar damagyny günde birnäçe gezek çaýkamaly (duzly ergin, furasilliniň, kaliý permanganatyň gowşak erginini, çopan telpegiň erginini).
7. Fizioterapiýa («*UWÇ*», «*UFO*», sollýuks) ulanmaly.

Öňüni almak: çagalaryň bedenini berkleşdirmeli. Çüýrük dişleri bejermeli. Çagalar bagyna her gün damagyny görüp soň kabul etmeli. Anginasy bar diýip güman edilen ähli çagalaryň damak mäzlerinden, burun boşlugyndan barlag üçin nem almaly.

DOWAMLY TONZILLIT

Bu damak mäzleriniň dowamly sowuklamasydyr. Aýratyn ýagdaýlarda dowamly tonzillit angina bilen kesellemezden hem ýüze çykyp biler. Onda damak mäzleri ulalýar, gyzarýar, käbir ýagdaýlarda kiçi diljagaz bilen bitişýärler. Dowamly tonzillitiň esasy alamaty mäzlerde iriň bolmagydyr, aşaky äň limfatiki düwünleri ulalýar. Dowamly tonzillit ýerli üýtgeşmeler bilen çäklenmän bütin bedeniň zäherlenmesi ýüze çykýar. Bu ýagdaý çagalarda uzak wagtlap subfebril temperatura, wagtal-wagtal 38-39°C-ä çenli ýokarlanýar. Näsag çagalar ýadamaklyga, ysgynsyzlyga, işdäsiniň peselmegine, kellesiniň agyrýandygyna arz edýär. Dowamly tonzillit rewmatizmiň, gazanylan ýürek kemisliklerinň ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Käbir ýagdaýlarda böwrek keselleriniň ýüze çykmagyna getirýär.

Bejerilişi – edil angina ýalydyr, 5-6 ýaşly çagalarda zäherlenme alamatlary güýçli bolsa beterleşmeleriň öňüni almak üçin operasiýa ýoly bilen bejerilýär, ýagny mäzler aýrylýar. Bu operasiýa – tonzilektomiýa diýilýär.

ÝITI BRONHIT

Bronhit – bronhlaryň nemli bardalarynyň ýiti sowuklama keselidir. Esasan, bronhit çagalarda ýiti sowuklama keselleriniň beterleşmesi bolup ýüze çykýar. Ýiti rinit, ýiti laringit keselleri doly bejerilmedik ýagdaýynda sowuklama bronhlara ýaýraýar. Bronhiti, köplenç, wiruslar, bakteriýalar döredýär. Köplenç, bronhlaryň iki taraplaýyn sowuklamasy duş gelýär. Kiçi ýaşly çagalarda bronhlardaky sowuklama has kiçi bronhlara ýaýrap bronhiolitiň alamatlary ýüze çykýar. 1 ýaşa çenli çagalarda bronhiolit has agyr geçýär.

Alamatlary: Çaganyň gyzgynynyň ýokarlanmagy, işdäsiniň peselmegi, gury üsgülewik, umumy ysgynsyzlyk ýaly alamatlar ýüze çykýar. Öýkende gury hyžžyldylar eşidilýär. Kiçi ýaşly çagalarda bronhit bronhiolit görnüşde geçýär, ýagny bronhlaryň çişmegi, daralmagy netijesinde olarda nemler emele gelýär. Bu ýagdaý çagalaryň umumy ýagdaýyny agyrlaşdyryp inspirator görnüşli dem gysmanyň,

dem alşynyň 1 *min* 60-80 gezege çenli ýetmegi, burun ganatlarynyň giňelmegi, burun-dodak üçburçlugynyň gögermegi emele gelmegi bilen geçýär. Çaganyň gyzgyny 38-39°C-ä çenli ýetýär. Öýkende çygly we gury hyžžyldylar eşidilýär. Rentgen barlagy netijesinde näsag çaganyň keseli takyk anyklanylýar. Rentgen barlagynda öýken meýdanynyň durulygynyň ýokarlanmagy, öýken köküniň gurluşynyň peselmegi anyklanylýar. Bronhit diatez bilen kesellän çagalarda asmatik bronhit bilen geçýär.

Bejerilişi: Ilki bilen çaga gowy gözegçilik etmeli. Çaganyň ýatýan otagy arassa, howasyny çalşyp durmaly, witamine baý bolan iýmitleri iýmeli, çaganyň gözüne, derisine, nemli bardasyna gözegçilik etmeli.

1. Antibiotik derman serişdelerinden: Penisillin, ampisillin, sefazolin ýaly antibiotikleri çaganyň ýaşyna görä sançmaly.
2. Wena damardan 5-10%-li glýukoza, 10%-li kalsiý glýukonatyň erginlerini goýbermeli.
3. Myşsa aralygyna *B* witamin topar dermanlary sançmaly.
4. Antigistamin topar derman serişdeleri (dimedrol, suprastin).
5. Üsgülewige garşy, gakylyk goparyjy dermanlar (lorkof, trawesil, doktor mom, bromgeksin we ş.m.)
6. Fizioterapiýa bejergi.
7. Simptomatiki bejergi.
8. Üsgülewige garşy, gakylyk goparyjy dermanlyk otlary.
9. Ýerli bejergiler (gyzdyrgyç, wannalar, ingalýasiýalar).

ÖÝKEN SOWUKLAMASY

Pnewmoniýa – bu öýkeniň sowuklama keselidir. Çaga kesellerinin arasynda has giň ýaýran kesellerin biridir. Öýken sowuklamasy çaga ölümçiliginiň esasy sebäbidir. Şonuň üçin şepagat uýalary öýken sowuklamasynyň esasy sebäplerini, alamatlaryny öz wagtynda anyklamagy hökman bilmelidir.

Sebäpleri: köplenç, bu kesel çagalarda ýiti sowuklama keselinden soň ýüze çykýar. Ol özbaşdak hem döräp biler. Kesel dörediji bakteriýalara 50-70% stafilokokk. 10-15% streptokokk, dürli wirus-

lar, adenowiruslar, paragrip, pnewmokokklar we ş.m. degişlidir. Öýken sowuklamasy çagalaryň bedenine gatyşyk infeksiýanyň düşmegi netijesinde ýüze çykýar (bakteriýalar, wiruslar).

Öýken sowuklamasynda çagalaryň bedeni bütinleý zaýalanýar; dem alşynyň ýetmezçiligi, madda çalşygynyň bozulmagy, böwreklerin we bagryň işiniň bozulmagy, immunitetiniň peselmegi, *MNU* bozulmagy, ganyň düzüminde üýtgeşikliklerin bolmagy bilen häsiýetlendirilýär.

Alamatlary: başlangyç döwründe çaganyň gyzgyny 37,5--37,8°C, işdäsi peselýär, asgyrýar, üsgürýär, ukusy bozulýar, birahat bolýar. Bejergi geçirilip başlanda hem ýagdaýy gowlaşman ýene beterleşip başlaýar. Gyzgyny 38-39°C-ä çenli ýokarlanýar, dem alşy kynlaşýar, derisi agarýar, burun-dodak üçburçlugy gögerýär. Kä halatlarda sowuklama ýiti başlanýar. Ojaklaýyn öýken sowuklamasy çagalarda 2 taraplaýyn bolýar. Auskultasiýada onuň gaty dem alşy eşidilýär, soňa baka hyžžyldyly sesler eşidilýär. Rentgen barlagynda öýkeniň ýagty zolagynda garalan kiçirak ojagyň bardygy anyklanylýar. Ganyň umumy barlagynda köp bolmadyk leýkositoz we eritrositleriň çöküş tizliginiň ýokarlanandygy anyklanylýar.

Bejerilişi:

1. Kesel çagalary hassahanada aýratyn otagynda ýerleşdirmeli.
2. Çaganyň ýatan otagy arassa, ýyly bolmaly, howasyny çalşyryp durmaly.
3. Çaganyň derisine, nemli bardasyna gözegçilik edip durmaly.
4. Çaga emýän bolsa ony ejesiniň süýdi bilen emdirmäni dowam etmeli, ýeterlik mukdarda suw içirmeli.
5. Kesel çagalary tiz-tiz elde götermeli, ýatyranda kellesi, döş kapasasy ýokarrak bolmaly.
6. Çaga çyglandyrylan kislorod bermeli.
7. Antibiotikler (giň spektrli) sançmaly. Ampisillin, Sefazolin, Seftriakson, Penisillin.
8. Witaminoterapiýa B_1, B_6, B_{12}, C.
9. Wena damarlaryna plazma, 5% glýukoza, gemodez goýbermeli.
10. Bedeniň goraýyş işini dikeltmek üçin immunal içirmeli.

11. Fizioterapiýa bejergi: elektroforez, *UWÇ*, parafin.
12. Simptomatiki bejergi: üsgülewige, gipertermiýa garşy derman serişdeler.
13. Ýerli bejergi: uly çagalara gyzdyryjylar, banka, ingalýasiýalar.

Keseliň öňüni alyş çäreleri:

1. Göwreli aýallara gözegçilik etmeli, olary ýokanç kesellerden goramaly.
2. Çagalaryň bedenini berkitmek üçin çäreler geçirmeli.
3. Çagalaryň iýmiti witamine, mikroelementlere, gök-önümlere baý bolmaly.
4. Çagalarda wagtynda rinit, otit kesellerini anyklap bejermeli.
5. Ilatyň arasynda wagyz-nesihat, düşündiriş işlerini geçirmeli.

BRONHIAL DEM GYSMASY

Astma – diýmek, güýçli tutgaýly dem gysma diýmekdir. Dem gysmanyň ýüze çykmagy orta we kiçi bronhlaryň güýçli daralmagy, olarda kyn bölünip çykýan süýkeşip gakylygyň toplanmagy bilen düşündirilýär. Bronhial dem gysma mekdebe çenli çagalarda duş gelýär.

Keseliň sebäbi: bronhial dem gysma ýokanç allergiki kesele degişlidir. Allergenler – käbir iýmitler (ýumurtga, sitruslar, ýer tut we ş.m.), öý tozanlar, haýwanlaryň ýüňi, gülüň, dermanlaryň ysy astmanyň ýüze çykmagyna sebäp bolýar.

Alamatlary: bronhial dem gysmanyň tutgaýy, köplenç, gijelerine, daňdan ara, ertir irden başlanýar, ýagny çagada güýçli ekspirator görnüşli dem gysma başlanýar (näsag çaganyň dem almasy aňsat, dem çykarmasy kynlaşýar). Şeýle güýçli dem gysma birnäçe minutdan birnäçe sagada, hatda birnäçe güne çenli hem dowam etmegi mümkin. Haçanda astmanyň tutgaýy birnäçe güne çekse, onda «status astmatikus» (tutgaý ýagdaý) diýilýär. Näsag üsgürip kynlyk bilen süýkeşik gakylyk çykarandan soň astmanyň tutgaýy ýazylýar.

Tutgaý döwründe näsagyň ýagdaýy agyr, ol «mejbury oturma» ýagdaýy kabul edýär. Çaganyň ýüzünde howsalaly, gorkuly, naýynjar görnüş duýulýar. Dodaklary gögerýär, dem alşy çalt, sesli bolýar. Bronhial dem gysmanyň tutgaýy aýrylandan soň hem çaganyň ýagdaýy doly gowlaşmaýar. Olarda sähel fiziki agram salmada dem gysma, öýkende gury hyžžyldylar eşidilýär, ýürek sesleri gowşak. Bronhial dem gysmanyň agyr görnüşinde çagalar fiziki ösüşden yza galýar, döş kapasasy deformirlenip «çelek görnüşli» bolýar.

Ganyň umumy derňewinde leýkositoz, neýtrofilýoz, tizleşen *EÇT*.

Beterleşmesi: öýkeniň dowamly emfizemasy, atelektaz, pnewmotoraks, merkezi nerw ulgamynyň zaýalanmagy.

Bejerilişi: bronhial dem gysmanyň tutgaýyny aýyrmak üçin näsagy oňaýly ýagdaýda oturtmaly. Çaganyň gysýan egin-eşiklerini çykarmaly ýa-da gowşatmaly. Arassa howa geler ýaly gapyny, penjiräni açmaly, kislorod bermeli. El-aýaklaryny gyzgyn suwa batyrmaly, döş kapasasyna gyzdyrgyç goýmaly. Käbir halatlarda çaganyň ünsüni, olara reňkli suratlar, oýnawaçlar bilen, gyzykly ertekiler aýdyp sowmak arkaly hem tutgaýy aýryp bolýar. Näsaglary tutgaý döwründe hökman hassahana ýerleşdirmeli. Bronhlary giňeldiji derman serişdelerinden ulanmaly. Näsagyň wena damaryndan eufilliniň 2,4% erginini 1 *ml* her bir 1 ýaşyna fiziologiki erginiň 100-150 *ml* goýbermeli. Eufilliniň täsiri 1-2 minutdan başlanyp, 8-9 sagat dowam edýär. Bronhial dem gysmanyň agyr tutgaýly döwründe gormonal derman serişdeleri ulanylýar. Deksametazon, gidrokortizon 2-4 *mg*/agramyna, fiziologiki erginde wena damaryndan goýberilýär.

Astmanyň tutgaýynyň aralygynda antigistamin derman serişdeleri ulanylýar: dimedrol, suprastin we ş. m. Bronhial dem gysmanyň bejergisinde fizioterapiýa bejergileri: ultrases, elektroforez, *UFO* giňden ulanylýar.

Soňly wagtlarda astmanyň bejergisinde gistoglobulin giňden ulanylýar. Ol 3 ýaşa çenli çagalara 0,1-0,3 *ml* 3-5 ýaşa 0,2-1,0 *ml* deri astyna sanjylýar. Bejergi 4-6 sanjym 4-7 günden. Çagalar dispanser gözegçiliginde saglyk öýlerinde durýar.

PEŞEW BÖLÜP ÇYKARYŞ ULGAMYNYŇ AÝRATYNLYGY

Täze doglan bäbeklerde peşew bölüp çykaryş synalary doly emele gelendir we öz işini ýerine ýetirmäge ukyplydyr, emma käbir aýratynlyklary bardyr.

Täze doglan bäbekleriň böwrekleri agramyna $^{1}/_{100}$ bölegini, uly adamlaryň $^{1}/_{220}$ bölegini tutýar. Çagalaryň böwrekleri aşakda ýerleşýär we olar süýşýärler hem-de aňsatlyk bilen ýellenilýär. Böwrekleriň gabyk görnüşli we beýni gatlaklary gowşak ösendir.

Peşew akarlary giň, et gatlagy gowşak ösendir.

Peşew haltasy örän ýokarda göbegiň deňinde ýerleşendir. Çagalaryň ulalmagy bilen peşew haltasy kiçi çanaklygyň içine düşýär. Onuň myşsa bölegi gowşak ösendir.

Peşew akdyryjy ýollar täze doglan oglanlarda 5-6 *sm*, 13-14 ýaşly oglanlarda 12-13 *sm*, gyzjagazlarda bolsa gysgadyr. Ýetik doglan bäbek ilkinji günler peşewi az mukdarda bölüp çykarýar. 8-10 günlüginde peşewlenmegiň sany bir günde 20-25 gezege ýetýär. Ýetik doglan bäbekleriň peşewiniň reňki goýudyr. Onuň düzüminde belok köp bolýar ýa-da oňa fiziologiki albuminuriýa diýilýär. Kiçi ýaşly çagalaryň peşewiniň dykyzlygy pes bolýar. Kadaly ýagdaýda peşewiň dykyzlygy 1009-1016-a deň bolýar.

ÝITI DIFFUZ GLOMERULONEFRITI

Ýiti diffuz glomerulonefrit – bu ýokanç allergiki kesel bolup böwrek ýumajyklarynyň sowuklama keselidir.

Sebäpleri: onuň sebäbi *β* gemolitiki streptokokklaryň *A* toparydyr. Ol mikroblar streptokokk ojaklaryndan (çüýrük dişlerden, sowuklan burun pazuhalaryndan, iriňli gulak, dowamly tonzillitden) soň ýüze çykyp öz zäherlerini gana iberýärler. Bu bolsa bedende allergiki ýagdaý döredýär. Ýiti glomerulonefrit çaganyň gaýtadan angina, dowamly tonzillit, deriniň, gulagyň iriňli kesellerinden soň 10-15 gün geçenden soň keseliň alamatlary ýüze çykýar. Çygly, sowuk howanyň çaganyň bedenine köp wagtlaýyn täsir etmegi hem keseliň döreme-

gine sebäp bolup biler. Şonuň üçin hem bu kesel çagalarda güýz-gyş aýlary köp duş gelýär.

Kliniki alamatlary – näsag çaganyň gyzgyny 38-39°C-ä çenli galýar, peşewiň reňki gyzyl, et ýuwlan suwa meňzeýär, gabaklarynda, ýüzünde, bütin bedeninde çiş peýda bolýar. Ol gysga wagtyň içinde köpelýär. Hatda boşluklarda suwuklyklaryň toplanmagy mümkin, bölünip çykýan peşewiň mukdary azalýar (oliguriýa). Näsagyň bilinde iki taraplaýyn agyry peýda bolýar. Arterial gan basyşy ýokarlananlygy üçin çagalarda güýçli kelle agyry, başaýlanma, ýürek bulanma, gusma, demgysma peýda bolmagy mümkin. Mundan başga-da näsaglar ysgynsyzlyk, teşnelik duýýarlar.

Keseliň başlangyç ýa-da möwç alýan döwründe haýsam bolsa 3 alamatyň biriniň bolmagy mümkin:

1. Gematuriýa sindromy (Nefritiki).
2. Nefrotiki sindromy.
3. Aýratyn peşew sindromy.

Gematuriýa sindromy – çiş hem gan basyşy onçakly köp bolmaýar. Emma hemişelik alamatlaryň biri gematuriýa (gyzyl reňkli peşewiň peýda bolmagy) bolup, çiş ertirine peýda bolýar. Haçanda çaga ukudan turanda onuň gabaklary, ýüzi çişýar. Gan basyşy ýokary galsa-da ony wagtynda bejerenimizde 8-10 günüň içinde gan basyşy kadalaşýar.

Gematuriýa – makrogematuriýa hem-de mikrogematuriýa görnüşinde bolmagy mümkin. Makrogematuriýa – haçanda çaganyň peşewiniň reňki gyzyl, et ýuwlan suwa meňzeýär, mikrogematuriýa peşewiň görnüşinde hiç hili üýtgeşiklikler ýok. Emma mikroskop astynda görenimizde peşewiň düzüminde eritrositleriň bardygy anyklanylýar. Bu ýagdaý bolsa eneleri tizräk lukmana ýüz tutmaga mejbur edýär. Bir gije-gündizdäki peşewiň bölünip çykýan mukdary azalýar.

Nefrotiki sindrom – esasanam, mekdebe çenli çagalarda duş gelýär. Bu görnüşde çaganyň bütin bedeninde çiş bolmagy mümkin. Çiş ilki bilen çaganyň ýüzünde başlanyp, soňra bütin bedenine ýaýraýar. Deri asty gatlaklara, serroz boşluklara, köplenç, garyn boşlugyna suwuklyk toplanýar. Suwuklygyň garyn boşlugyna toplanmagyna assit diýilýär. Beýleki esasy alamatlaryň biri-de peşewde bolýan üýtgeşmelerdir. Ýokary proteinuriýa (peşewde belogyň bolmagy), si-

lindruriýa (peşew çökündilerde gialin, däneli, epitelial silindriň) emele gelmegidir).

Gematuriýa hem-de gipertenziýa bu görnüşde bolmaýar. Çagalaryň reňki aksowult, kelle agyry, baş aýlanma, işdäsizlik ýaly alamatlar bolýar.

Aýratyn peşew sindromy – bu görnüşde çagada çiş we gan basyşynyň ýokarlanmagy ýaly alamatlar bolmaýar. Diňe onuň peşewinde üýtgeşmeler emele gelýär. Peşewiň düzüminde belok, silindrler, etitrositler köp bolýar.

Nefrotiki sindrom (gematuriýa gipertenziýa bilen) – uly ýaşly çagalarda duş gelýär (12-15 ýaşda). Esasy alamaty hem arterial gan basyşynyň ýokary galmagy, bedende çişleriň emele gelmegi, proteinuriýa, gematuriýa bilen geçýär. Çagalarda güýçli kelle agyry, demgysma peýda bolýar. Bu görnüşde oliguriýa (bölünip çykýan peşewiň mukdary azalýar), arterial gan basyşy 120-150 *mm sm*, st. ýokary galyp, ýürek-damar ulgamynda dürli hili özgerişleriň bolmagy mümkin.

Gematuriýa çagalarda köp wagta çenli saklanyp durýar.

Öňüni almak. Bu keseliň öňüni almakda çagalaryň bedenini berkitmegiň, streptokokk kesellerini wagtynda bejermegiň ähmiýeti uludyr. Ondan başga-da çagalary pasyla laýyklykda geýindirmegi ýatdan çykarmaly däldir.

Bejerilişi. Keselli çagalary hökman hassahana ýerleşdirmeli. Olary ýyly, gurak, gowy ýelejiredilýän otaglarda ýerleşdirmeli we 2 hepdä çenli düşek düzgüninde ýatmagyny tabşyrmaly. Berhiz bellemeli. Ilki berhiz 7[a]-2 hepdä çenli, ýagny bu çagalar mal beloklaryny (et) iýmeli däl, naharlary, esasan, uglewodlara we kaliý duzlaryna baý bolan önümlerden duzsuz taýýarlamaly. Köp suw içmeli däl. Soňra berhiz 7[b] bellenilýär. 2 hepdäniň dowamynda her günde 3 *g* köp duz iýmeli däl. Beloklary çaklyrak iýmeli. 2 hepde geçenden soňra 7-nji berhize geçmek bolýar, ýagny olar naharlaryna duzy kem atyp iýmeli.

1. Näsaglara hökmany antibiotikleri ulanmaly. Antibiotiklerden: penisillin, ampisillin, seftriakson, sefazalin ýaly derman serişdeler çaganyň ýaşyna görä bellenilýär.
2. Witaminoterapiýa – wit *B* topar dermanlar, askorbin turşusy, nikotin turşusy dermanlar.

3. Nitrofuranyň preparatlary: furagin, nitroksolin, 5-*NOK*, furadonin.
4. Dezintoksikasion bejergi: gemodez, 5% glýukoza, Ringeriň ergini.
5. Simptomatiki bejergi.
6. Gipotenziw derman serişdeler: dibazol, papawerin, platifillin, anaprilin.
7. Diuretikler – laziks, furosemid, gipotiazid.
8. Analgetikler – analgin, nasogen, tramadol.
9. Spazmolitikler – no-şpa, platifillin, spazmalgon.
10. Fitoterapiýa – otlar bilen bejermek. Krapiwa (Çit-çitiniň ýapragy), brýusnika.
11. Şypahana bejergi – Baýram Aly şypahanasy.
12. Agyr ýagdaýlarda garmonal serişdeleri; dekzametazon, gidrokartizon.
13. Antigistamin dermanlar: dimedrol, suprastin, pipolfen.
14. Ähli ýiti glomerulonefrit bilen kesellän çagalar saglyk öýlerinde «*D*» gözegçiliginde durmalydyr.

ÝITI PIÝELONEFRIT

Bu böwregiň käsejikleriniň we böwrek dokumalarynyň sowuklamasydyr.

Sebäbi: streptokokklar, stafilakokklar, içege taýajyklary sebäp bolup biler. Peşew bölüp çykaryş ýollarynyň keselleri ekssudatiw-kataral diatezli, gipotrofiýaly çagalarda köp duş gelýär. Böwregiň käsejiklerine mikroplar üç ýol bilen düşüp biler:

1. Gematogen ýol bilen.
2. Limfogen ýol bilen.
3. Peşew bölüp çykaryş ýollarynyň sowuklamagyndan soň keseliň döremegi mümkin.

Keseliň alamatlary. Ýiti piýelonefrit näsagyň üşedip gyzdyrmagy bilen başlanýar, onuň gyzgyny 38-39°C-ä çenli ýetýär. Çaganyň bilinde bir ýa-da iki taraplaýyn agyry peýda bolýar we näsag eglip galanda agyry güýçlenýär, çalt-çalt agyryly peşewläp başlaýar, gabak-

larynda we ýüzünde çiş peýda bolýar. Näsagda kelle agyry, ýürek bulanma, gusmak ýaly alamatlar ýüze çykýar.

Peşewiň umumy derňewinde, peşew biraz bulançak, belogyň bardygy anyklanylýar. Mikroskopiýa barlagynda peşewde leýkositler, epiteliýalaryň köpdügini görmek bolýar. Ganyň derňewinde leýkositoz, *EÇT* ýokarlanýar. Bu keseli anyklamakda peşewi Addisa-Kakowskiniň usuly boýunça anyklamagyň ähmiýeti uludyr.

Bejerilişi. Näsagy tizräk hassahana ýerleşdirip laborator instrumental barlaglaryndan geçirmeli. Antibiotikleriň giň spektr täsir edýänlerinden penisillin, ampisillin, sefazalin ýaly dermanlary ulanmak maslahat berilýär. Sowuklama garşy kalsiý hloridiň, kalsiý glýukonadyň erginlerini wena damaryndan goýbermeli. Spazmolitiklerden platifilin, no-şpa, spazmalgon ýaly dermanlar çaganyň ýaşyna görä myşsa aralygyna sançmaly.

ÇAGALARDA SÜÝJÜLI DIABET KESELI

Süýjüli diabet – bu endokrin keseli bolup, aşgazan asty mäziň β – öýjükleri tarapyndan insulin gormonyň az bölünip çykmagy netijesinde madda çalşygynyň hem-de uglewod çalşygynyň bozulmagydyr.

Dünýäde 7 *mln* gowrak adam süýji diabet keseli bilen ejir çekýär, şonuň 5-10% çagalardyr, esasanam, mekdebe çenli we mekdep ýaşly çagalarda duş gelýär (5-13 ýaşly çagalar).

Sebäpleri:

1. Çenden-aşa uglewoda, ýaga baý bolan iýmitleri, süýjüni köp iýmeklik.
2. Çaga güýçli nerw-psihiki faktorlaryň täsiri (güýçli gorky, tolgunma, gaýgylanma).
3. Aşgazan asty mäziň infeksiýalar tarapyndan zaýalanmagy (hapgyrtma, gyzamyk, garamyk, täjihoraz, we ş.m.).
4. Nesilden-nesle geçmek.

Süýji diabetiniň döremegine kömek edýän faktorlar:

a) semizlik;

b) az hereketlenmek, köp oturmak we ş.m.;

ç) uglewodly iýmitleri çakdan aşa köp iýmeklik degişlidir.

Kliniki alamatlar: süýji diabet keseli käbir çagalarda ýuwaş-ýuwaşdan başlanýar, käbirinde duýdansyz ýüze çykýar. Ilkinji ýüze çykýan alamatlarynyň biri teşnelikdir – polidipsiýa, näsag günüň dowamynda 1500-3000 *ml*-e çenli suw içýär. Beýleki esasy alamatlarynyň biri peşewiň köp mukdarda bölünip çykmagydyr. (Poliuriýa). Gije-gündizki bölünip çykýan peşewiň mukdary 31 we ondan hem köpräk bolýar. Teşnelik we poliuriýa çaganyň gijeki ukusyny bozup, onuň ýagdaýyny agyrlaşdyrýar.

Peşewiň reňki açyk, onda glýukozanyň mukdarynyň ýokarylygy sebäpli otnositel dykyzlygy örän ýokary bolýar. Bir ýaşyna çenli çagalarda peşewde glýukozanyň bölünip çykýandygyny olaryň arlyklarynyň gaty, krahmallanan ýaly bolýandygyny görse bolýar. Näsaglaryň işdäsi ýokary, çalt-çalt ajygýar, olaryň köp iýýändigine seretmezden çakdan aşa ysgynsyz, hor, agramyny 5-6 *kg*-a çenli ýitirýärler.

Näsagyň nemli bardalary, deri örtükleri, agzy guraýar. Çagalaryň bedeninde gijilewükler bolýar, her dürli iriňli ýaralar (çybanlar) köp çykýar, ol ýaralaryň bitmegi kynlaşýar.

Barlap görlende käbir näsaglaryň ýaňaklarynyň, maňlaýynyň, äňleriniň gyzarandygyny görmek bolýar. Bagry ulalýar. Agyr ýagdaýlarda ýürek-damar ulgamy tarapyndan üýtgeşmeler ýüze çykýar: arterial gan basyşy peselýär, ýürek sesleri gowşak, ýürek depesinde sistoliki äheňli sesler eşidilýär.

Mekdep ýaşly çagalaryň ýatkeşligi gowşak, ýadawlylyk duýlup, okuwa ýetişigi peselýär. Süýji diabet keselini laboratoriýa barlaglarynyň kömegi bilen anyklap bolýar.

Näsagyň ganyny irden ajöze anyklananda onda glýukozanyň mukdarynyň (11,1-16,65 *mmol/l*) çenli ýokarlanandygyny, (kadada glýukozanyň mukdary ganda 3,5-5,6 *mmol/l*) görmek bolýar. Peşewde glýukoza emele gelýär – oňa glýukozuriýa diýilýär. Peşewde glýukoza ganyň düzümindäki glýukozanyň mukdary 8,32 – 11,1 *mmol/l* köp bolan ýagdaýynda emele gelýär. Süýji diabetiň iň howply beterleşmeleriniň biri diabetiki we gipoglikemiki komasydyr.

Diabetiki komasy: süýjüli diabet keseli öz wagtynda anyklanmasa, ýa-da insulin ýeterlik mukdarda sanjylmadyk ýagdaýda ýüze

çykýar. Predkomatoz ýagdaýda (komanyň öň ýany) näsagda teşnelik duýulýar, agzy guraýar, köp peşewleýär, gowşaklyk, biperwaýlyk, ukuçyllyk, gusma, kelle agyry, işdäsizlik ýaly alamatlar ýüze çykýar. Eger-de näsaga wagtynda kömek edilmese onda ol koma ýagdaýyna düşýär. Näsag huşuny ýitirýär, dem alşy çuň we sesli, agzyndan asetonyň ysy uzak aralykdan duýulýar, derisi gurak, toniki titremeleriň ýüze çykmagy mümkin.

Gipoglikemiki komasy – haçanda insulin näsaga çenden aşa köp sanjylanda we ol özüne gerek bolan mukdardaky uglewodly iýmitleri almadyk ýagdaýynda ýüze çykýar.

Alamatlary: gipoglikemiki komasy duýdansyz ýüze çykyp, çaga ajygýar, agzyndan tüýkülikleri gelip, el-aýaklary, äňleri sandyraýar, köp derleýär, reňki agarýar, kellesi agyrýar. Soňra çaga huşuny ýitirip, onda toniki we kloniki titremeler ýüze çykýar. Ganda glýukozanyň mukdary azalýar.

Bejerilişi – keseli bejermekde berhiziň uly ähmiýeti bardyr. Bu keselde 9-njy belgili berhiz bellenilýär. Olar gyzyl undan (II-III hilli un) bişirilen çörekler iýmelidir, onda uglewodlaryň mukdary azdyr. Et önümleriniň ähli görnüşlerini, kolbasa önümlerini iýmek bolýar, ýöne olar ýagly, ýiti duzly bolmaly däldir. Ýagsyz balyk iýmek maslahat berilýär. Süýji diabetli näsaglara ter gök önümleri, ter miweler örän peýdalydyr. Hyýardan, pomidordan, rediskadan bolan salatlara gaýmak, ösümlik ýagy goşulyp iýilse, has peýdalydyr. Miwelerden alma, ülje, mandarin, limon iýmeklik bolýar. Süýt önümlerinden gaýmak, gatyk, dorog (tworog) iýmek bolýar. Mekgejöwen, günebakar ýaglary has peýdalydyr.

Diabetde – glýukozany peseldiji dermanlar bellenilýär. Olaryň iň köp ulanýany insulindir. Insulin aşgazan asty mäziň bölüp çykarýan gormonydyr. Ol uglewodlary özleşdirýär. Insulin doňuzlaryň, iri şahly mallaryň, kitleriň aşgazan asty mäzinden alynýar. Insulin flakonda 5 *ml*-den goýberilýär, 1 *ml* -40 *ED* deňdir. Insulin lukman tarapyndan näsagyň peşewinde glýukozanyň mukdary hasaba alnyp, soňra bellenilýär.

Insulin deri astyna 30-45′ nahardan öň 2-3 gezek sanjylýar. Insulin sanjymy geçirilenden soňra näsag 15-30′ naharlanmalydyr,

1,5-2 sagatdan soň ýene-de naharlanmaly. Insulin bedene 8-10 sagatlap täsir edýär, ýönekeý insulinden başga-da uzak wagtlap täsir edýän insulinler ulanylýar.

Olara: sink – insulin suspenziýasy (20-24 *sag*), protamin sink insulin suspenziýasy (32-36 *sag*) ulanylýar. Insulin deri astyna sanjylýar, onuň sanjym ýerlerini her gezek çalyşmaly, aseptikanyň kadalaryny doly berjaý etmeli. Süýji diabet keselini bejermekde witaminler B_1, B_6. B_{12}, askorbin, nikotin turşusy giňden ulanylýar. Bagra zyýan ýetmeginiň öňüni almak üçin metionin, karsil, galsten, apkosul, jetepar ýaly dermanlar ulanylýar.

Keseliň öňüni almak

Uglewodlary, süýji önümler, ak undan bolan önümleri, ýagly naharlary çenden aşa köp iýmeklik maslahat berilmeýär. Süýji diabetini ýüze çykarýan faktorlaryň biri nerw-psihiki şikeslenmedir. Gorky, gaýgylanmak, otrisatel emosiýalar ganda adrenaliniň mukdarynyň köpelmegine getirýär. Gormon adrenalin glikogeni glýukoza öwrüp ganda glýukozanyň ýokarlanmagyna getirýär. Ol bolsa bedeniň unsuline bolan talabyny artdyrýar. Tebigatyň bedene bolan zyýanly täsirlerini azaltmak, okuwda we durmuşda hoşniýetli aragatnaşygy berjaý etmek ol diňe bir saglygy berkitmän, eýsem, süýji diabetiň hem öňüni almagyň bir möhüm çäresidir.

TÜRKMENISTANDA ÝOKANÇ KESELLERE GARŞY IMMUNO-ÖŇÜNI ALYŞ IŞLERINIŇ GURNALYŞY, GEÇIRILIŞI BOÝUNÇA DÜZGÜNLER WE KADALAR

I. Umumy düzgünler

Ýokanç kesellere garşy immuno-öňüni alyş işleriniň gurnalyşy, geçirilişi boýunça düzgünler we kadalar «Türkmenistanda 2003-2020-nji ýyla çenli döwür üçin immuno-öňüni alyş» Milli maksatnamasynyň we Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň immunizasiýa syýasatynyň esasynda işlenip düzüldi.

Düzgünlerde Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň immunizasiýasynyň giňişleýin Maksatnamasynyň talaplary we Türkmenistanda hereket edýän immuno-öňüni alyş ulgamynyň hem-de

ýokanç keselleriň ýagdaýy, ulanylýan waksinalaryň netijeliligi we howpsuzlygy göz öňünde tutuldy.

Immuno-öňüni alyş ulgamynyň esasy maksady sanjym bilen öňüni alyp bolýan ýokanç keselleriň birnäçesini düýbünden ýok etmäge, keselçiligiň we ölümiň derejesini peseltmäge gönükdirilen umumy döwlet çärelerden ybarat bolup durýar:

– ýurdy ýiti poliomiýelit keselinden azat ýagdaýda saklamak;
– gyzamyk we gyzylja kesellerini ýok etmek we ýetilen derejede saklamak;
– difteriýa keseliniň köpçülikleýin ýüze çykmagyna we çagalaryň bu keselden ýogalmagyna ýol bermezlik;
– ýaş çagalaryň arasynda difteriýanyň, gökbogmanyň, hapgyrtmanyň, wirusly gepatitiň «*B*» görnüşiniň keselçiligini 100 müň ilata görä 1,0-e çenli peseltmek;
– bir ýaşa çenli çagalaryň arasynda inçekeseliň agyr görnüşleriniň döremegine ýol bermezlik;
– ýurtda dogabitdi gyzylja ýokanjynyň we dogabitdi gyzylja sindromynyň öňüni almak;
– iki ýaşa çenli çagalaryň arasynda Haemophilus infiuenzae «*b*» görnüşiniň döredýän keselleriniň öňüni almak.

Öňde goýlan maksatlary amala aşyrmak üçin şu aşakdaky meseleleri çözmeli:

– her ýyl ähli administratiw çäklerde iki ýaşyna çenli çagalaryň inçekesel, poliomiýelit, difteriýa, gökbogma, bürme, gyzamyk, gyzylja, hapgyrtma, wirusly gepatitiň «*B*» görnüşine, Haemophilus infiuenzae «*b*» görnüşiniň döredýän (*Hib* ýokançlaryna) kesellerine garşy sanjymlar bilen gurşawyny 95-98%-de saklamaly.
– Esasy waksinalary yzygiderli satyn almaga halkara ölçeglerine laýyk bolan garaşsyz, durnukly maýa goýumlary bilen üpjün etmeli:
– howpsuz immunizasiýa we sanjymdan soňky gaýra üzülmelere epidemiologiki gözegçiligi yzygiderli kämilleşdirmeli;
– waksinalaryň daşalyşynda, saklanyşynda we ulanylyşynda «sowuklyk zynjyryny» yzygiderli kämilleşdirmeli;

– 2010-2020-nji ýyllar aralygynda öňüni alyş sanjymlaryň tertibine täze waksinalaryň girizilmegini göz öňünde tutmaly we durmuşa geçirmeli;
– kesel ýokuşmaga howpy ýokary bolan ilat toparlarynyň öňüni alyş sanjymlar bilen gurşalmagyny kepillendirmeli;
– lukmanlaryň we orta saglygy goraýyş işgärleriniň diplomdan öňki we soňky taýýarlyk döwründe immunizasiýa soraglary boýunça bilimlerini kämilleşdirmeli;
– döwlet edaralarynyň, köpçülikleýin guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen «Türkmenistanda 2003-2020-nji ýyla çenli döwür üçin immuno-öňüni alyş» Milli maksatnamanyň soraglary boýunça ilata düşündiriş işlerini geçirmeli;

Bellenilen keselleriň öňüni alyş sanjymlary döwletiň raýatlar baradaky ählitaraplaýyn aladasynyň bir bölegi bolup durýar. Öňüni alyş sanjymlara garşy görkezmesi bolmadyk raýatlaryň hemmesine bellenilen keselleriň öňüni alyş sanjymlarynyň geçirilmegi hökmandyr (*1-nji tablisa*).

Çaga doglanda oňa geçirilen öňüni alyş sanjymlary barada maglumatlary bellenilýän «Sanjym pasporty» mugt berilýär.

1-nji tablisa

Keselleriň öňüni alyş sanjymlaryň tertibi

Öňüni alyş sanjymlaryň geçirilýän wagty	**Öňüni alyş sanjymlaryň görnüşleri**	
1	**2**	**3**
Bäbeklerde ilkinji 24 sagadyň dowamynda	Wirusly gepatitiň *B* görnüşine garşy	WGB_1
2-3 günlükde	Inçekesele garşy Poliomiýelit keseline garşy	BSZ_1 $Polio_0$
2 aýlykda	Gökbogma, difteriýa, bürme kesellerine, wirusly gepatitiň *B* görnüşine, Hib ýokanjyna garşy. Poliomiýelit keseline garşy	$AGDB_1$-WGB_2-Hib_1 $Polio_1$

1	2	3
3 aýlykda	Gökbogma, difteriýa, bürme kesellerine, wirusly gepatitiň *B* görnüşine, Hib ýokanjyna garşy. Poliomiýelit keseline garşy	$AGDB_2$-WGB_3-Hib_2 $Polio_2$
4 aýlykda	Gökbogma, difteriýa, bürme kesellerine, wirusly gepatitiň *B* görnüşine, Hib ýokanjyna garşy. Poliomiýelit keseline garşy	$AGDB_3$-WGB_4-Hib_3 $Polio_3$
12-15 aýlykda	Gyzamyga, gyzylja, hapgyrtma kesellerine garşy	MMR_1
18 aýlykda	Gökbogma, difteriýa, bürmä garşy. Poliomiýelit keseline garşy	$AGDB_4$, $Polio_4$
6 ýaşda	Difteriýa, bürme kesellerine garşy. Gyzamyga, gyzylja, hapgyrtma kesellerine garşy	*ADB*, MMR_2
14 ýaşda	Inçekesele garşy	BSZ_2
15 ýaşda	Difteriýa, bürme kesellerine garşy	ADB-M_1
25 ýaşda	Difteriýa, bürme kesellerine garşy	ADB-M_2

TSG we *DSM*-ň 2009-njy ýylyň 7-nji dekabryndaky № 380-nji buýrugy bilen tassyklanan.

ÇAGALARDA INÇEKESELIŇ GEÇIŞI

1882-nji ýylda Robert Koh tarapyndan inçekeseli dörediji mikrob açylýar. Häzirki wagtda oňa «Inçekesel mikobakteriýasy» ýa-da «Kohuň bakteriýasy» diýip atlandyrylýar. Inçekeseli dörediji mikobakteriýalar daşky gurşawa örän duýgurdyr – 262-269° C-ä çenli sowuga we +80° C-ä 20 *min*-a, çenli gaýnadylanda ol mikrop ölýär.

Inçekesel mikobakteriýasynyň üç görnüşi bardyr. Adamlardaky, mallardaky, guşlardaky görnüşleri. Çagalar, köplenç, birinji görnüşi bilen köp keselleýärler.

Infeksiýanyň geçiş ýollary: infeksiýa, köplenç, howa-damja we howa, tozan ýollary bilen çaga bedenine aralaşýar.

Inçekeseliň esasy kliniki görnüşleri we alamatlary.

Ilkinji inçekesel – diýip ilkinji gezek çagalarda položitel tuberkulin synagy anyklanan ýagdaýynda aýdylýar (tuberkulin synagynyň wiraży). Çaganyň umumy ýagdaýy kanagatlanarly. Periferiki limfa düwünleri 0,8-1,5 *sm*-e çenli ulalan. Ganynda eozinofil leýkositoz, monositoz. *EÇT*-15-20 *mm/sag*. Tubazid bilen 3 aýyň dowamynda bejerenimizde keseliň öňüni alyp bileris we çaga sagdyn galýar.

Irki inçekesel zäherlenmesi

Inçekesel ýokuşandan soň bir ýylyň dowamynda ilkinji položitel tuberkulin synagynyň anyklanmagyna aýdylýar ýa-da ýüze çykýar.

Esasy alamatlary: çaganyň özüni alyp barşy üýtgeýär, ol sähel zada gaharlanýar, ýadawlylyk duýýar, işdäsi peselýär, gyzgyny 37-37,5°C-ä çenli ýokary galýar. Limfa mäzleri ulalýar, çişýär, palpasiýa edenimizde agyryly.

Ganynda eozinofil leýkositoz, limfopeniýa, *E.Ç.T.* ýokary galýar. Tuberkulin synagy položitel.

Haçanda irki inçekesel zäherlenmesini öz wagtynda anyklap bilmän ýagdaýymyzda ýa-da näsag çaga lukmana giç ýüz tutan ýagdaýynda kesel dowamly görnüşine ýa-da dowamly inçekesel zäherlenmesine (intoksikasiýasyna) geçýär.

Dowamly inçekesel zäherlenmesi

Položitel inçekesel synagyndan soň bir ýyldan gowrak wagt geçip, bedende dürli funksional özgerişler bolmagy bilen ýüze çykýar.

Näsag çagalarda artykmaç ýadawlylyk, ysgynsyzlyk, işdäsizlik, gyzgynynyň ýokary galmagy, bedeni gurak bolýar. Periferiki limfa düwünleri ulalýar. Köp çagalaryň ýüreginde sistoliki äheňli sesler eşidilýär.

Rentgen barlagyny geçirip görenimizde köp näsaglarda bronhial limfa düwünlerinde petrifikatlar (kalsinat) emele gelýär.

Ilkinji inçekesel kompleksi

Çaganyň gyzgyny ýokary galyp, ol 4-7 güne çenli ýokary derejede saklanýar. Perkussiýa edip görenimizde zeper ýeten öýken çäginde perkutor sesiň gysgalýandygy, auskultasiýasynda dem alyş sesiniň bronhial äheňi kesgitlenilýär.

Periferiki limfa düwünleri ulalýar. Mantu synagy položitel.

Bejerilişi: inçekeseliň bejergisini öz wagtynda başlap, uzak wagtlaýyn geçirmelidir. Çagalar ýyl dowamynda açyk howadan peýdalanmalydyr, ýagny tämiz howada gezelenç, arassa howada uklamalydyrlar. Bolýan otagyny günde 2-3 gezek şemalladyp durmalydyrlar.

Çaganyň sagalmagy üçin onuň iýmitine gözegçilik edip durmaly. Olaryň iýmiti witaminlere, mikroelementlere, kuwwata baý bolmalydyr, ýagny: et, süýt önümlerini, ir-iýmişleri, gök önümleri köpräk iýmelidirler.

Keseli bejermekde spesifiki inçekesele garşy I topar dermanlar: izoniazid (tubazid) 0,008-0,015 *gr/kg* agramyna, ftiwazid 30-40 *mg/kg* agramyna, streptomisin et aralygyna 0,015-0,02 *gr/kg* agramyna, *PASK* 0,15 *gr/kg* agramyna 2 gezek bellenilýär.

Ilkinji inçekesel infeksiýasynda izoniazid ýa-da ftiwazid we *PASK* 4-6 aýyň dowamynda, bronhoadenitde 6-9 aýyň dowamynda bellenilýär. Inçekeseliň işjeň döwründe (aktiw) I topar dermanlardan bir wagtlaýyn 3-üsi bellenilýär. Bejergi geçirmek bilen çaganyň bedeninde zäherlenme (intoksikasiýasy) alamatlary aýrylýar, gyzgyny kadalaşýär, ganyň görkezijileri gowulaşyp agramy artýar.

Eger inçekesel uzak wagtlaýyn geçip I topar dermanlar gowy netije bermedik ýagdaýynda II topar dermanlar bellenilýär. Bu topar dermanlara: etionamit, sikloserin, rifampisin, etambutal degişlidir.

II topar dermanlary 4-6 aýdan 1 ýyla çenli bellenilýär.

Inçekeseli anyklamak:

1. Mantu synagy. Ähli sagdyn çagalara 1 ýaşy dolandan soň geçirilýär.

2. Ganyň we peşewiň umumy derňewi.
3. Flýurografiýa barlagy.
4. Rentgen barlagy.

Öňüni almak

Dogrum öýlerinde bäbegiň ilkinji günlerinden başlanýar. Ähli sagdyn doglan bäbeklere 2-3 günlüginde inçekesele garşy immunizasiýa geçirilýär. Ony ýörite taýýarlanan şepagat uýasy, aýratyn şprisde, aýry otagda geçirilýär. *BSŽ* waksinasy agramy 1800 *gr* ýokary bolan bäbeklere geçirilýär. *BSŽ* waksinasy çep eliň çigin böleginiň ýokary daşky tarapyna 0,05 *ml* deri içine usuly bilen sanjylýar.

II waksinasiýa çagalara 14 ýaşynda $BSŽ_2$. Mantu synagy otrisatel bolan ähli çagalara 0,1 *ml* et içine usuly bilen sanjylýar.

Himiýa öňüni alyş çäreleri: ilkinji himiýa öňüni alyş çäreleri kesellemedik, tuberkulin synagy otrisatel bolan, ýöne çagalar kesellän näsaglar bilen galtaşmada bolup, inçekesel taýajyklaryny bölüp çykaran ýagdaýynda geçirilýär. Ilkinji öňüni alyş çäreleri – kesellän çagalar ýöne häli keseliň alamatlary ýüze çykmadyk we bedeniň goranyş funksiýasy gowşak ýagdaýynda geçirilýär. Himiýa öňüni alyş çäreleri izoniazid bilen ýylda 2-3 aýyň dowamynda geçirilýär, agyr ýagdaýlarda ýylda 2 gezek 3 aýyň dowamynda geçirilýär. Izoniazidiň dozasy 5-8 *mg/kg* agramyna. Bu derman serişdeler witaminler B_1, B_2 bilen utgaşdyryp geçirilýär. Mundan başga-da çaganyň talabalaýyk iýmitlenmegi, bedeni berkleşdirmek, sport we bedenterbiýe maşklary bilen meşgullanmagy hem amatlydyr.

DOTS – inçekesele garşy göreşiň täze ýörelgesidir

Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy 1991-nji ýylda inçekeseliň ilat saglygyna günsaýyn howp salýandygyny belläp, inçekesele garşy göreşmegiň usullaryna gaýtadan seretmekligi we täze baş ugurlary işläp taýýarlamaklygy teklip etdi.

Häzirki döwürde ol göreş 1995-nji ýyldan *DOTS* resmi adyna eýe boldy.

DOTS ýörelgesine laýyklykda inçekeselli näsaglaryň bejergisi kadalaşdyrylan gysga möhletli we saglygy goraýyş işgärleriniň pugta gözegçiligi esasynda geçirilýär. *DOTS* ýörelgesiniň baş wezipeleri inçekesele şübheli adamlarda gakylyk mikroskopiýa barlaglaryny geçirip ýüze çykarmakdan we gysga möhletleýin (4-6 aý) bejeriş bilen bejerginiň netijeleri 85% ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Türkmenistanda inçekeseliň öňüni almak baradaky işler Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň hünärmenleriniň ýolbaşçylygynda häzirki wagtda *DOTS* ýörelgesi Türkmenistanyň ähli şäherlerinde we welaýatlarynda dünýäniň iň öňde barýan ýurtlarynyň derejesinde alnyp barylýar.

Häzirki wagtda Hormatly Prezidentimiziň aladasy bilen, «Türkmenistany syýasy ykdysady we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli Baş ugry» Milli maksatnamasyny amala aşyrmakda geçirilýän işleriň netijesinde ilatyň maddy durmuş şertleriniň gowulaşmagy, keseliň öňüni alyş çäreleriniň talabalaýyk geçirilmegi esasynda ýurdumyzda inçekesel bilen keselleýjilik ýyl-ýyldan azalýar.

WIRUS GEPATITI (SARYGETIRME)

Wirus gepatiti has giň ýaýran, bejermesi kyn we kesellän näsagyň saglygyna uly zyýan ýetirýän ýokanç kesselleriň hataryna girýär.

Wirus gepatiti özünde gepatiti *A*, *B*, *C*, *D* görnüşleri birleşdirýär, ýagny infeksion gepatiti *A*, syworatkaly gepatiti *B*, *C*.

Kesel dörediji filterleýji wirus bolup durýar. Wirus *A* gepatitiň ýokançlyk häsiýeti 1888-nji ýylda rus terapewt lukmany Botkin tarapyndan kesgitlenildi we ilkinji bolup onuň kesel adamdan sag adama ýokuşmak häsiýetini we näbelli ýokuşdyryjyly aýratyn görnüşli keseldigini subut etdi, şonuň üçin bu kesel uzak wagtlap özüni ilkinji açan Botkiniň ady bilen mälim boldy.

Gepatitiň wirusynyň sowukda, gyzgynda we ultramelewşe şöhlelerinde hem-de beýleki amatsyz şertlerde ýaşaýşa ukybynyň ýokarydygy anyklanyldy.

Wirus gepatiti *A* – sag adama iýmitleriň, gowy ýuwulmadyk gök we miwe önümleriň, gaýnadylmadyk (hapa) agyz suwuň üsti bilen

hem-de şahsy gigiýenanyň iň ýönekeý kadalarynyň berjaý edilmezliginden geçip biler.

Wirus gepatiti *B*, *C* – dürli medisina melhemlerinden soň (sanjym, gan we onuň önümleri, ýeterlik arassalanmadyk medisina gurallary we başgalar) geçip biler. Keseli ýaýradyjy hemişe keseliň alamatlary bolmadyk keselli ýa-da onuň gizlin görnüşi bilen kesellän çagadyr. Wirus gepatiti bilen çagalar islendik ýaşda keselläp biler, esasanam, mekdep ýaşyndaky we mekdebe çenli çagalaryň, arasynda köp duş gelýär. Kesel ýylyň islendik paslynda duşýar, ýöne ol güýzde sentýabr, oktýabr, noýabr aýlarynda has ýokary.

Keseliň gizlin döwri 10 günden 45 güne, käwagt 6 aýa (gepatit *B*) çekip biler. Soňra keseliň birnäçe günden 1-2 hepdä çekýän dürli görnüşdäki ýüze çykmasynyň başlangyjy (sarygetirmäniň öňýany) başlanýar. Bu döwürde näsag çagalaryň käbiri az-kem gowşaklyk, çalt ýadawlyk kelle agyry, ukuçyllyk, sussupeslik, gaharjaňlyk duýýar. Olar ögemek, gusmak, süňňi agyrlyk we sag gapyrgasynyň aşagynda agyry duýýar, işdäsi peselip, agzynyň içi ajaýar. Soňra peşewi saralyp başlaýar, uly täretiniň reňki üýtgeýär, ol has agaryp ýag ýa-da palçyk ýaly bolýar. Peşewiniň, täretiniň reňkiniň üýtgemegi wirusly gepatitiň ilkinji alamatydyr. Ondan soňra keseliň **sarygetirme** döwri başlanýar. Şonda onuň göze görnüp duran alamatlaryny görmek bolýar – çaganyň bedeni saralýar, aýratyn-da gözüniň agy, döşüniň, garnynyň, el-aýagynyň derisi saralýar, bedeniň derisi gijeýär, ynjalyksyzdan gaçýar. Bagry ulalýar, peşewi «piwonyň» reňki ýaly bolup, uly täretiň reňki agarýar. Bu döwürde ganda umumy we göni bilirubiniň mukdary, fermentleriň işjeňligi, timol synagynyň görkezijisi ýokarlanýar. Peşewde öt pigmenti we urobilin peýda bolýar. Ganda leýkopeniýa, monositoz *EÇT* – üýtgemeýär. Ilki bada saralma alamatlar bedeniň ähli ýerine ýaýrap soňra azalyp başlaýar.

Saralma döwrüniň dowamlylygy ortaça 2-3 hepde bolup, soňra saralmadan soňky döwre geçýär. Sarylyk kem-kemden gaýdyşyp başlaýar, näsagyň özüni duýşy az-kem gowulaşýar, peşewiň, täretiň reňki kadalaşýar.

Keseliň anyklanyşy:

1. Peşewiň öt pigmentine barlagy.
2. Ganyň bagyr barlagy.

3. Timol we sulema barlagy.
4. *ALT* we *AST* barlagy.
5. Protrombin indeksini anyklamak.
6. Ganyň umumy derňewi.

Bejerilişi. Näsagy hökman ýokanç keseller hassahanasyna ýerleşdirip ýatymlaýyn bejergi geçirmeli. Näsaga berk düşek düzgünini bellemeli.

Keseliň orta agyrlyk görnüşinde düşek düzgünini 1 aý, agyr, görnüşinde köpräk keseliň agyrlyk derejesine baglylykda.

Esasy ünsi näsagyň iýmitine bermeli. Çaganyň iýmitinden ýiti ajy, duzly ýagly, kakao, şokolad şeýle-de ýagly etlerden (goýun, doňuz, ördek, gaz), gowrulan eti, balygy aýyrmaly.

Çaganyň iýmitine turşy süýt önümlerini (dorog, gatyk), gök önümleri, ir-iýmişleri, kompot, kisel, şireler (berýoza, erik we ş.m.) goşmaly. Olaryň iýmiti witaminlere, mikroelementlere baý bolup çaganyň talabyny ödemelidir.

Çaga köp mukdarda suwuklyk içirmeli (120-150 *ml/kg* gije-gündizde). Mineral suwlardan: boržom, essentüki 17-nji belgili, 4-nji belgili we ş.m.

Keseliň ýeňil görnüşiniň bejergisini berhiz we çaganyň gün tertibini dogry ýola goýmak bilen çäklense bolýar. Keseliň orta agyrlyk we agyr derejesinde hökman wena damaryndan 5% glýukozanyň, Ringeriň, ergini gemodez 5-10 *ml/kg* agramlykda goýberilýär. Witaminlerden askorbin turşusy, wit B_6, B_{12} çaganyň ýaşyna görä sanjylýar. Keseliň agyr görnüşinde albumin, plazma, gormonal serişdelerden: prednizalon, deksametozon 1-2 *mg/kg* agramlykdan 7-10 gün goýberilýär.

Antibiotikler (penisillin, ampisillin) diňe keseliň gaýra üzülmelerinde ýa-da goşmaça keseller ýüze çykanda (pnewmoniýa, bronhit, otit) çaganyň ýaşyna we agramyna baglylykda sanjylýar. Öt haltanyň we öt bölüp çykaryş ýollarynyň sowuklama keselleri ýüze çykanda allahol, apkosul, holosas, dýubaž Demýanowyň usuly boýunça, hemde otlardan mekge gulpagy, öt bölüp çykarýan otlar toplumy bellenilýär.

Şeýle-de bejergi döwründe çagalara karsil, metionin, galsten ýaly derman serişdelerini çaganyň ýaşyna laýyklykda bellemek amatlydyr.

Keseliň öňüni almak

Çaga doglandan soň ilkinji 24 sagadyň dowamynda wirus gepatitine garşy dogrum öňünde *WGB* sanjymy geçirilýär.

2 aýlykdan WGB_2, 3 aýlykda WGB_3, 4 aýlykda WGB_4, wirus gepatiti bilen kesellän çagalar maşgala lukmanynda dispanser gözegçiliginde durmalydyrlar we 1, 3, 6, 12 aýdan ganyň bagyr barlagyny, peşewiň öt pigmentini tabşyrmalydyrlar. Çagalar agyr fiziki işlerden, bedenterbiýe sapagyndan boşadylýar. Eger çagalar baglarynda wirus gepatiti ýüze çyksa, 45 günüň dowamynda karantin goýulýar we galtaşmada bolan çagalar ganyň, peşewiň derňewini tabşyrmalydyrlar. Infeksiýanyň ojagynda dezinfeksiýa geçirilýär.

Galtaşmada bolan ähli çagalara 1 *ml* gamma globulin sanjylýar.

DIFTERIÝA

Difteriýa – bu ýiti ýokanç kesel bolup, bedeniň umumy zäherlenme alamatlary we nemli bardalarda ýerli sowuklama bilen fibrin örtük emele gelmekligi bilen häsiýetlendirilýär.

Sebäbi: difteriýa taýajygy 1883 – 1884-nji ýyllarda Kleps we Leffler tarapyndan anyklanýar.

Keseliň çeşmesi: näsag çaga we bakteriýa göterijiler.

Geçiş ýollary: howa-damja arkaly, iýmit, gap-çanaklar arkaly, oýunjaklar arkaly geçýär.

Görnüşleri: Damak difteriýasy, bokurdak difteriýasy, seýrek görnüşi (göz, burun, deri we ş.m.)

Damak difteriýanyň görnüşleri: Ýerli. Ýaýran. Zäherlenme. Ýerli görnüşi adajyk we örtük görnüşinde bolýar. Hem-de kataral görnüşi bolýar.

Kataral görnüşinde – çaganyň gyzgyny 37,5-37,6°C işdäsi pes umumy ysgynsyzlyk, damak agyry, badam şekilli mäzleri ulalan, reňki açyk gyzyl ýöne örtükler bolmaýar.

6-njy surat.
Damak difteriýasy

Adajyk görnüşinde – umumy zäherlenme alamatlary güýçlenýär we badam şekilli mäzleriniň üstünde agymtyl ýalpyldyly ýöne ol ýuka, soňabaka galyň gatlak görnüşinde örtükler emele gelýär. Olaryň gyralary edil galam bilen çyzlan ýaly görünýär, şpateliň kömegi bilen aýrylmaýar. Çaganyň agzyndan çüýrän alma ýaly ýakymsyz ys gelýär (*6-njy surat*).

Ýaýran görnüşinde – örtükler damagyň hemme ýerine kiçi diline, gaty we ýumşak kentlewügine hem ýaýraýar.

Zäherlenme görnüşinde – keseliň boýun deri asty ýag gatlaklarynda çiş emele gelýär. Bu çişler:

1-nji derejede 1-nji boýun gatlaga çenli ýaýraýar.

2-nji derejede ýaýjyk süňke çenli ýaýraýar.

3-nji derejede ýaýjyk süňkünden aşaga hem ýaýrap başlaýar. Bu görnüşinde çaganyň ýagdaýy has agyr bolýar hem dürli beterleşmeler ýüze çykyp başlaýar: newritler, miokarditler, ysmazlar.

Hakyky krupda berilýän kömek

1. Difteriýa garşy «Bezredko» usuly boýunça syworotka sançmaly.
2. Ýyly wannalar, gyzdyrgyçlar.
3. Dimedrol – 1%, Pipolfen, Suprastin sançmaly.
4. Wenadan – Plazma, albumin.
5. Gormonlar: Prednizalon, Gidrokortizon.
6. Stenoz döwründe intubasiýa ýa-da traheostomiýa geçirmeli.

Keseliň öňüni alyş çäreleri

1. Ýöriteleşdirilen çäreler:
   2 aýlykda 0,5 *ml* – $AGDB_1$;
   3 aýlykda – $AGDB_2$;
   4 aýlykda – $AGDB_3$;
   18 aýlykda – $AGDB_4$;
   6 ýaşda – *ADB*;

15 ýaşda – *ADB-M*$_1$;
25 ýaşda – *ADB-M*$_2$ waksinalary sançmaly.

7. Ýöriteleşdirilen däl çäreler:

a) bakteriýa göterijileri anyklap bejermeli;
b) kesel barada tiz habar beriş kartasyny doldurmaly;
ç) epid ojakda 10 güne çenli karantin saklamaly;
d) gatnaşykda bolanlardan damaklaryndan we burnundan bakteriologiki ekmek üçin çyrşak almaly.

Gowşak çagalary 7 gün antibiotikler bilen bejermeli: Penisillin, Ampisillin.

GARAMYK

Garamyk (wirus döredýän) – ýokanç kesel, bedeniň gyzgynynyň ýokarlanmagy bilen derini hem-de nemli bardalary, käbir halatlarda bolsa içki synalary kiçi limfa bilen doly dury gabarjyklaryň peýda bolmagy we olaryň gaýtadan siňmegi hem-de gabarjyklaryň ýerine gury kesmekleriň emele gelmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Döredijiji: filtrleýji wirus.

Bu wirus daşky gurşawa durnuksyz we çalt ölýär, wirus diňe adamyň bedeninde ýaşamaga we köpelmäge ukyply hem-de deriniň epitelial öýjüklerini zaýalaýar.

Keseliň çeşmesi: näsag adam bolup ol gizlin döwrüň soňky 2 günden we bütin örgün döwründe daş-töwerekdäkiler üçin howply hasaplanýar. Kesmekleriň emele gelýän we düşýän döwründe näsag çaga howply hasaplanýar.

Geçiş ýollary: howa damja ýoly. Keseliň geçmegi üçin näsag bilen göni gatnaşykda bolmagyň geregi ýok. Wirus örän çaltlyk bilen goňşy otaglara, ýaşaýyş jaýlaryna geçip biler. Çagalar bu kesele örän duýujydyr, aýratynam 5 ýaşyna çenli.

Klinikasy: keseliň 4 döwri bardyr:

1. Gizlin (inkubasion) döwür – 14-21 güne çenli.
2. Başlangyç döwri bolmaýar ýa-da gowşak ösendir. Käýagdaýda keseliň başlangyç döwründe täjihoraza ýa-da gyzamyga meňzeş örgün peýda bolýar we örgün 3-5 sagat saklanyp tizlik bilen hem ýitýär.

3. Keseliň güýjän ýa-da örgün döwri – garamyk örgünleri bedeniň gyzgynynyň ýokarlanmagy bilen peýda bolýar, ol çaganyň ýüzüne, saçlaryň arasyna, bedenine, el-aýaklaryna örýär, eliň aýasynda we dabanynda örgün bolmaýar, ilkibada örgün tegmil-güberçek görnüşinde, dänäniň ululygynda, emma tizlik bilen tegmiliň ortasynda içi dury suwly gabarçak peýda bolýar. Garamygyň gabarçaklary 1-2 gün durýar. Soňra olar ýarylýar we mele kesmek emele getirip tiz guraýar. Örgün wagty gijilewük biynjalyk edýär. Örgün 1-2 gün arakesme bilen 2-3 gezekde çykyp gutarýar. Keseliň güýjän döwründe bedeniň bellibir böleginde tegmili, gabarçagy we kesmegi görüp bolýar. Gyzgyn ýokarlananda çaganyň umumy ýagdaýy üýtgeýär, biynjalyk bolýar, ukusy bozulýar, işdäsi peselýär.
4. Sagalyş döwri – keseliň başlanyndan 3-5 gün geçenden soň gabarçaklar kesmege öwrülýär, bedeniň gyzgyny peselýär, özüni duýşy gowulaşýar. Kesmekler 1-2 hepde deride saklanýar we düşüp, soňra deride örgüniň yzy galýar. Garamygyň käbir görnüşlerinde gabarçaklaryň sany örän az bolup, bedeniň gyzgyny kadada bolýar, beýleki bir ýagdaýlarda örgün örän köp bolup, bedeniň gyzgyny 39-40° C-e ýokarlanýar, seýrek ýagdaýlarda gabarçaklar iriňleşip pustula öwrülýär, kesmekden soň bolsa rubes (yz) galýar.

Bejergi:

1. Gigiýeniki talap.
2. Dyrnaklaryny gysga kesmeli.
3. Düşegini arassa saklamaly.
4. Gabarçaklary gowy guratmak üçin 2% permanganat kaliý ýa-da göwherli ýaşylyň 2% spirtli ergini çalýarlar.
5. Kesmekler düşýän döwri ýyly wanna kabul etmeli.
6. Iriňli beterleşmelerde antibiotikler ulanmaly.

Öňüni almak:

1. Öýde aýratyn saklamaly, agyr we beterleşme görnüşinde ýokanç keseller hassahanasyna ýerleşdirmeli. Örgün çykyp başlandan soň 9 güne çenli çagany aýratyn saklamaly.
2. Çaganyň bolýan otagyny şemallatmaly we çygly arassalamaly.

3. Karantin 21 gün. Garamyk bilen kesellänleri kesmekler düşüp bolandan soň, çagalar bagyna goýberilýär.

GYZAMYK

Gyzamyk ýiti ýokanç kesel bolup, ýokary dem alyş ýollaryň nemli bardalarynyň sowuklamagy (üsgülewük, burun dykylma, konýuktiwit) we bedene tegmil-papula görnüşli örgünleriň örmegi intoksikasiýanyň (zäherlenmäniň) ýaýramagy bilen ýüze çykýar.

Keseli filtrleýji wiruslar döredip, olar adam bedeninden daşda durnuksyzdyr we tiz ölýär.

Epidemiologiýasy: infeksiýanyň çeşmesi näsag çagalar bolup, infeksiýa howa damja ýollary arkaly ýaýraýar. Kesellemedik we öňüni alyş sanjymlary almadyk çagalaryň ählisi gyzamygy özüne kabul edip bilýär. Esasanam, çagalar 1 ýaşdan 8 ýaşa çenli keselleýärler we özünde ömürlik immunitet galdyrýar. 1 ýaşa çenli çagalar az keselleýär, sebäbi ene süýdünden çaga passiw immunitet geçýär.

Alamaty: kliniki geçişi boýunça 4 döwre bölünýär.

1. Inkubasion (gizlin) döwri.
2. Prodromal (başlangyç) döwri.
3. Örgün örýän döwri.
4. Pigmentasiýa (örgüniň yz galdyran) döwri.

Keseliň inkubasion döwri 9-10 güne çenli dowam edip, çaganyň gyzgyny 38-39°C-den ýokaryk galýar, onda üsgülewük, burun dykylma, konýunktiwit, ýagta seredip bilmezlik ýaly alamatlar ýüze çykýar. Bu döwürde gyzamygyň esasy alamatlarynyň biri çekgäniň iç tarapynyň nemli bardasynda kiçi ak nokatjyklaryň emele gelmegidir. Muňa Belskiý-Filatowyň-Koplikanyň alamaty diýilýär. Bu ak nokatjyklar 2-3 güne çenli saklanýar, örgün örüp başlandan soň ýitýärler. Beýleki esasy alamatlarynyň biri çaganyň kentlewügine gyzyl nokatjyklaryň emele gelmegidir. Muňa «gyzamyk enantemasy» diýilýär, olary tampon bilen aýryp bolmaýar.

Keseliň örgün örýän döwri – çaganyň gyzgyny 39-40°C-ä çenli ýokary galyp, ol 2-3 güne çenli dowam edýär. 1-nji gün örgün çaganyň ýüzüne, gulagynyň arkasyna, boýunlaryna, burun-dodak üçburçluklaryna örýär.

7-nji surat.
Gyzamygyň örgün döwri

2-nji gün gyzgynyň ýokary galmagynda örgün çaganyň göwresine, 3-nji gün bolsa ellerine, aýaklaryna örýär. 3-4 günden soň örgün nähili çykan bolsa, şol yzygiderlikde, hem gaýdyp başlaýar. Örgün çykan döwründe çaga gözüni ýumup ýatýar, daş-töweregindäki adamlar bilen goşulyşmaýar, kellesi agyrýar, işdäsi peselip, ukusy bozulýar. Pigmentasiýa döwri – çaganyň gyzgyny kadalaşyp, örgünler yza gaýdýar, käbir ýagdaýda olar yz galdyrýarlar (*7-nji surat*).

Beterleşmesi: Traheobronhit, pnewmoniýa, dispersiýa.

Bejerilişi: çaganyň bolýan otagynda gigiýenanyň talabyny berk berjaý etmeli.

Çaganyň bolýan otagy hemişe arassa, tämiz howa, aýnalaryny açyşdyryp, ýelejiredip durmaly. Çaganyň derisine, nemli bardalaryna her gün gözegçilik edip durmaly, gözüni arassalamaly, burun deşijeklerini pagta piltejikleriniň kömegi bilen arassalamaly, dodaklaryny ölläp çalgy ýaglardan çalmaly. Agyz boşlugyny arassa saklamak üçin çagalar köpräk çaý, glýukozanyň erginini, gök önüm şirelerini içirmeli, uly çagalar suw bilen agzyny çaýkap durmaly, her gün çagalary suwa düşürmeli, bedenini arassa saklamaly. Çaganyň iýmiti witaminlere mikroelementlere baý bolmaly, suýuk bolmaly. Kesel çagalara askorbin turşusyny, retinol witamin *B* toparyna bermek has peýdalydyr.

Eger gyzamykda beterleşme ýagdaýlary: pnewmoniýa, laringit ýüze çyksa, onda antibiotikler bellenilýär. Penisillin, ampisillin, sefazolin we ş.m. üsgülewük, ýagdaýynda bromgeksin, lorkof, doktor mom ýaly gakylyk goparyjy dermanlar sirop görnüşinde bellenilýär. Rahatlandyryjy dermanlardan: bromuň preparatlary, waleryanka damjasy, biopassit we ş.m.

Öňüni almak. Häzirki wagtda gyzamygyň öňüni almak üçin gyzamyga garşy aktiw immunizasiýa geçirilýär. Ähli sagdyn çagalara 12-15 aýlykda gyzamyk, gyzylja, hapgyrtma MMR_1, 6 ýaşda MMR_2, waksinasy 0,5 *ml* deri astyna usuly bilen geçirilýär.

GYZYLJA

Gyzylja – iň bir ýeňil geçýän infeksiýa hasaplanyp, soňky wagtda çagalaryň arasynda ýygy-ýygydan duş gelip başlady. Göwreli aýal göwrelilik döwri gyzylja bilen kesellese, ondan çaganyň dürli hilli kemislikler, poroklar bilen dogulmagy ähtimaldyr.

Gyzyljany filtrleýji wirus çagyryp ilkinji gezek ol wirus 1938-nji ýylda açylan. Ol daşky gurşawa durnuksyzdyr.

Epidemiologiýasy: wiruslaryň çeşmesi näsag adam bolup, ol howa damja ýoly ýa-da galtaşma arkaly näsag adamdan sag adama geçip biler. Çagalar 3 ýaşdan 10 ýaşa çenli köp keselleýärler. Gyzylja bilen bir gezek keselländen soň bedende ömürlik immunitet galýar.

Kliniki alamatlary. Keseliň inkubasion döwri 12 günden 21 güne çenli bolup käbir ýagdaýda 24 güne çenli uzalyp biler. **Keseliň başlangyç döwri** – 1-2 günden birnäçe sagada çenli bolup duýdansyz hem geçýär. Käbir ýagdaýda näsagda ysgynsyzlyk, burny dykylyp ýuwdunanda damagynda agyry peýda bolýar. Kesel bedene örgün örmek bilen başlanyp, ilkinji örgünler çaganyň ýüzüne örüp, günüň dowamynda bütin bedene ýaýraýar. Örgünler tegmil – papula görnüşinde bolup, solgun gülgüne reňkdedir. Olar biri-biri bilen goşulyşmaýarlar. Örgün bedende 2 gün saklanýar, 3-nji gün bedenden doly gaýdýar, örgünden soň yz galdyrmaýar. **Keseliň kataral döwri:** gowşak ýüze çykyp, näsagyň damagy, ýüzleri gyzarýar, örgün çykan döwründe çaganyň gyzgyny 37-38°C-ä çenli ýokarlanyp, 2-3 güne çenli saklanýar (*8-nji surat*).

8-nji surat.
Gyzylja

Näsagyň limfa düwünleriniň ulalmagy, ganyň umumy derňewi kesele anyklamaga doly esas döredýär. Esasanam, näsagyň ýeňse limfa mäzleri nohudyň göwrümine çenli ulalyp bilýärler. Ganyň umumy derňewinde leýkopeniýa, limfasitoz, ganda plazmatik öýjükler emele gelýär.

Keseliň geçişi amatly

Keseliň beterleşmesi örän seýrek bolýar, ýöne kä ýagdaýda ensefalit, ensofalomiýelit, gysga wagtlaýyn ysmazlar ýüze çykýar.

Göwreli aýallaryň, esasanam, göwreliligiň ilkinji 3 aýynda gyzylja bilen kesellemegi düwünçege uly howp salýar.

Göwreliligiň möhletine baglylykda göwreli aýallaryň gyzylja bilen kesellemegi 5-6 hepdelikde – katarakta (çaganyň kör dogulmagy), 9 hepdelikde ker, 5-10 hepdelikde – kardiomiopatiýa (miokardyň zaýalanmagy) bilen dogulmagyna getirip biler.

Bejerilişi: gyzylja bejergi talap etmeýär, ýöne käbir ýagdaýda çaganyň ýagdaýyna baglylykda simptomatiki bejergi geçirilýär.

Öňüni almak: 12-15 aýlykda MMR_1, 6 ýaşda MMR_2 sanjymy ähli sagdyn çagalara geçirilýär.

TÄJIHORAZ

Ýiti ýokanç kesel bolup, köplenç, zäherlenme alamaty bilen ýüze çykýar, çagalarda duş gelýär, damakda angina görnüşinde üýtgeşmeler, umumy alamatlary we gyzaran deri örtükleriň üstünde nokat görnüşindäki örgünler örtmek bilen häsiýetlendirilýär.

Keseliň döredijiji: β – gemolitik streptokokk.

Keseliň geçiş ýollary: kesel adamdan we göterijiden.

1. Howa-damja ýollary bilen.
2. Galtaşma ýollary bilen.

Keseliň alamatlary:

1. **Gizlin döwri** – ortaça 2-7 gün dowam edýär. Käbir ýagdaýlarda 1 güne çenli gysgalmagy ýa-da 12 güne çenli uzalmagy mümkin.
2. **Kesel ýiti başlanýar.** Çaganyň endamynyň gyzgyny tiz ýokarlanýar, kelle agyry, ysgynsyzlyk, ýürek bulanma ýa-da gaýtarma peýda bolýar. Damak mäzleri has gyzarýar, çişýär, soňra tizlik bilen iriňli angina öwrülýär. Keseliň agyr görnüşinde çüýreýän angina ýüze çykýar. Kesel başlanyndan 3-4-nji günleri güýjeýär. Çuňňur we ýaýran anginada çaganyň agzyndan ýakymsyz iriň ysy gelýär. Keseliň 1-nji gününden başlap lim-

fatiki düwünler çişýär, gaty we agyryly bolýar. Dil özboluşly häsiýete eýe bolýar. Ilki bilen ol ak örtük bilen örtülen, 2-3-nji günlerden başlap dil ujundan we gyrasyndan arassalanyp başlanýar. Soňra bütinleý arassalanyp, diliň emzijekleri ulalyp, açyk gyzyl reňke geçýär, dil edil «malina» ýaly bolýar. Keseliň ilkinji gije-gündizde, käbir ýagdaýlarda ikinji gününde çaganyň bütin endamynyň reňki gyzarýar we onuň üstünde açyk gyzyl reňkli maýda nokat görnüşli örgün peýda bolýar. Bu täjihorazyň esasy alamatydyr. Örgün tizlik bilen çaganyň ýüzüne, endamyna, el-aýaklaryna ýaýraýar. Bu örgün diňe burun-dodak üçburçlugynda bolman hem örýär, ýagny burun-dodak üçburçlugy örgünden arassa bolýar. Bu Filatowyň alamatydyr. Endamyň gapdal böleklerinde el-aýaklarynyň iç ýüzünde tirsek epinlerinde, goltugynyň aşagynda, but, dyz epinlerinde örgün has köp bolýar. Örgün barmak ýa-da eliň aýasy bilen basylanda ýitýär, soňra ýene peýda bolýar. Deri epinlerinde örgün maýda gan öýmelerine öwrülmegi mümkin we basylanda ýitmeýär. Täjihorazyň agyr görnüşlerinde örgün gemorragiki häsiýete eýe bolýar. Çaganyň derisi gurak, açyk gyzyl reňkde bolýar. Keseliň 2-3-nji güni täjihorazyň ähli alamaty gowy anyklanýar. Keseliň güýjän döwründe 2-5-nji gün näsagyň ýagdaýy agyr. Gyzgyny 38-39°C-ä çenli ýokarlanýar. Zäherlenme alamatlary güýjeýär. Netijede, *MNU*-ň zaýalanýan alamatlary peýda bolýar (aşa gyjynjylyk, samramak, aňynyň bulaşmagy). Şu ýagdaý 3-5-nji gün dowam edýär. Soňra keseliň alamatlary ýuwaş-ýuwaşdan azalyp başlaýar. Keseliň 1-hepdesiniň ahyryndan başlap näsag çaganyň deri örtükleri gopup başlaýar. Çaganyň eliniň aýasynda, aýaklarynyň aşagynda, barmaklarynyň ujunda deri örtügi uly bölek bolup gopýar. Şu döwürde beterleşmeler ýüze çykmagy mümkin (5-15-nji günlüginde). Çaganyň gan basyşy peselýär, pulsy seýreklenýär, ýüreginde sistoliki ses eşidilýär. Ýüregiň çäkleri giňelýär. Bu ýagdaýa «täjihorazly ýürek» diýilýär. Kesel öz wagtynda bejerilende beterleşmesiz geçip, 10-15 günde sagalýar, emma käbir çagalarda keseliň 2-3 hepdelerinde giçki

beterleşmeleri; iriňli otit, etmoidit, limfoadenit, glomerulonefrit, artrit ýüze çykmagy mümkin.

Bejerilişi: çagany ýokanç keseller hassahanasyna ýerleşdirmeli. Eger çaga keseliň ýeňil görnüşinde bolsa, onda özbaşdak bir otagda saklamaly ýa-da öýde bejermeli. Ýokanç keseller hassahanasynda esasy kesel anyklanylýar. Kesel anyklanan badyna çagany beýleki çagalardan aýratyn saklamaly. Çaga gowy gözegçilik etmeli. Antibakterial bejergi – antibiotikler ulanylsa, ähmiýeti uludyr. Keseliň ýeňil görnüşinde penisilliniň preparatlary ulanylýar. 1 kurs bejergisi 5-7 gün. Içmäge fenoksimetilpensillin gowy peýda edýär. Bissilin ýaly derman serişdeleri ulanmak maslahat berilýär. Täjihorazyň beterleşme görnüşinde antibiotiklerden başga dezintoksikasion terapiýa geçirilýär, ýürek-damar ulgamyna täsir edýän dermanlar, antigistaminler, witaminler, bedeni gurplandyrmak üçin plazma we onuň ornuny tutýan dermanlar sançmaly.

Ýerli bejergi

Çaganyň agyz boşlugyna 2% nahar sodasynyň ýa-da furasiliniň, kaliý permanganatynyň gowşak ergini, duzly erginler bilen günde birnäçe gezek çaýkamaly. Kiçi ýaşly çagalaryň agyz boşlugyny rezin topjagaz bilen ýokarda agzalan erginler bilen ýuwmaly.

Çagada kesmekler eliniň aýasynda, aýaklarynyň aşagynda, barmaklarynyň ujunda derisi galyň gatlak bolup gopýar, bedeninde deri örtük ýuka gatlak bolup galýar.

GÖKBOGMA

Bu kesel dem alyş ýollarynyň, *MNU*-ň zaýalanmagy we tutgaý görnüşli üsgülewük bilen häsiýetlenýär.

Keseli dörediji: Borde we Jangu taýajygy. Gökbogma taýajyklary adamyň bedenine düşmegi bilen endotoksinleri bölüp çykarýar, dem alyş ýollarynyň nemli bardalaryna we nerw reseptorlaryna zeper ýetirýär. Diňe adam bedeninde ýaşamaga we köpelmäge ukyply.

Keseliň çeşmesi: näsag çaga.

Alamatlary: 4 döwre bölünýär.

1-nji döwür: gizlin döwri – 3 günden 14 güne çenli dowam edýär.

2-nji döwür: kataral döwri – kesel ýuwaş-ýuwaşdan başlanýar. Işdäsi gowy, umumy ýagdaýy üýtgeýär. Keseliň ilkinji gününden başlap gury üsgülewük başlanýar, ol soňa baka güýjeýär. Temperaturasy 37-37,5°C-ä çenli ýokarlanýar, käwagt kadaly bolýar, birneme sesi bogulýar. Birinji hepdäniň soňunda üsgülewük has güýjeýär. Öýkende gury hyžžyldylar eşidilýär. Bu döwür 1-2 hepde dowam edýär. Bu döwürde töwerekdäkiler üçin howpludyr. Şu döwrüň ahyrynda çaganyň üsgülewügi tutgaýly bolup, 3-nji döwri başlanýar..

3-nji döwür: tutgaýly üsgülewük döwri–birden duýdansyz başlanýar ýa-da çaganyň damagynyň gijemegi, kükreginde basyş we biynjalyk bolýar. Bu döwür 2 hepdeden 8 hepdä çenli dowam edýär. Tutgaý çuňňur dem almakdan başlanýar we üsgülewük birnäçe gezek arakesmesiz gaýtalanmagy netijesinde, dem alan howasynyň ählisi harçlanýar. Çaganyň ýagdaýy erbetleşýär. Soňra çaga täzeden çuňňur dem alýar. Bu ýagdaýa «repriz ýagdaýy» diýilýär. Ol sesli bolýar. Sebäbi howa daralan ses perdeleriniň arasynda geçýär, üsgülewük hatarlary we sesli dem alyş çaga gakylyk üsgürip çykarýança ýa-da gaýtarýança dowam edýär. Üsgülewük sany näçe köp bolsa, agyr geçýär. Tutgaýly üsgülewük döwründe çaganyň daşky görnüşi: ýüzi gyzarýar, boýun wenalary çişip, gözlerinden ýaş akýar. Çaganyň dilini sallap üsgürmegi netijesinde diliniň aşagynda ýaralar peýda bolýar. Diliniň gyralarynda, gapdallarynda dişiniň yzy bolýar. Çaganyň tutgaý wagtynda uly we kiçi täretleriniň bolmagy mümkin. Soňa baka çaganyň ýüzi sallanýar, gabaklarynda çişler, konýuktiwalarynda gan öýmeler emele gelýär. Üsgülewük tamamlanandan soň çaganyň umumy ýagdaýy kanagatlanarly, tutgaýyň aralygyndaky döwründe çaga oýnaýar, işdäsi gowy, bedeniň gyzgyny kadaly. Eger-de şu döwürde gyzgyny ýokarlansa, onda beterleşmeleriň bardygyny aňladýar. Soňra ýuwaş-ýuwaşdan üsgülewük tutgaýyň sany azalýar, sesli dem alma ýitýär.

4-nji döwür: sagaldyş döwri 2-4 hepde dowam edýär, keseliň ähli alamatlary ýitýär.

Gökbogmanyň geçişinde ýeňil, orta agyr, has agyr görnüşleri tapawutlanýar.

Ýeňil görnüşinde: 1 gije-gündizde 5-15 gezege çenli tutgaýly üsgülewük bolýar.

Orta agyr görnüşinde: 1 gije-gündizde 15-24 gezege çenli tutgaýly üsgülewük bolýar.

Has agyr görnüşinde: 1 gije-gündizde 24-30 gezege çenli tutgaýly üsgülewük bolýar.

Gökbogma kiçi ýaşly çagalarda has agyr geçýär. Keseliň gizlin we kataral döwri örän gysga bolýar. Çaga duýdansyz gögerýär, aňy bozulýar, titreýär, dem alşynyň durmagy mümkin. Bu ýagdaý keseliň beterleşmesine getirýär.

Beterleşmeleri: bronhit, atelektaz, bronhopnewmaniýa.

Anyklanyşy: keseliň esasy görnüşleri tiz anyklanylýar. Kiçi ýaşly çagalarda zyýansyzlandyrylan pamyk bilen damakdan ýa-da diliň aşagyndan çyrşak alynýar. Uly ýaşly çagalara bolsa tutgaý wagtynda Petriniň käsejigini çaganyň agzynyň ýanyna tutmaly we ony derrew bakteriologiki laboratoriýasyna ibermeli.

Bejerilişi: gün tertibini dogry düzmeli, yzygiderli arassa howada gezdirmeli, gowy gözegçilik etmeli, çaganyň ünsüni gyzykly oýunlar bilen keselinden sowmaly. Maşgala rahatlyk döretmeli. Çaganyň iýmiti witaminlere baý bolmaly.

Antibiotiklerden: penisillin, eritromissin, ampisillin.

Keseliň başlangyç döwründe kiçi ýaşly çagalarda gökbogma garşy gammaglobulin etiň içine 3 *ml*-den 3 gün sançmaly. Emma globulini antibiotikler bilen bile ulanmak maslahat berilýär.

Neýroleptiki serişdelerinden; aminazin, propazin, diprazin. Antigistamin serişdelerini ulanmaly.

Dem alşy durup başlanda emeli dem bermeli, kislorod bilen bejermeli. Ýürek damar serişdelerinden bermeli, gurplandyryjy serişdeler, plazma ulanmaly.

Gökbogma garşy öňüni alyş sanjymy 380-nji buýruk esasynda çagalara geçirilýär.

MENINGOKOKK INFEKSIÝASY

Bu ýiti ýokanç kesel bolup, dürli hili kliniki alamatlary bilen häsiýetlendirilýär, ýagny hiç hili alamatsyz bakteriýa göterijiden we ýeňil nazofaringitden meningitiň meningoensofalitiň agyr görnüşleri

we meningokokksemiýanyň ýyldyrym çaltlygyndaky görnüşinde geçip biler.

Sebäpleri: kesel döredijiji meningokokk mikroby taýajygy bolup, ol kiçi gramotrisatel diplokokk-kofe dänejigini ýada salýar. Adam bedeninden daşda ol durnuksyzdyr, +50°C temperaturada ol 5 minutyň dowamynda ýogalýar.

Epidemiologiýasy: infeksiýanyň çeşmesi diňe adamdyr. Kesel howa-damja ýollary bilen näsag adam arkaly sagdyn adama ýa-da kesel göterijilerden (bakterionositel) geçip bilýär. Kesel gyş-bahar aýlarynda köp duş gelýär. Meningit bilen kesellän çagalaryň bedeninde ömürlik immunitet galýar, olar gaýdyp bu kesel bilen keselleme-ýär. Keseliň esasy kliniki görnüşleri we alamatlary.

Keseliň gizlin döwri 2-10 gün aralygy, ortaça 5-7 gün.

Ýiti nazofaringit: kelle agyry, damak gijemek ýaly duýgy, burnuň dykylmagy, burunda dem almagyň kynlaşmagy, damagyň arka diwary gyzarýar, çişýär, limfa follikulalary ulalýar. Bedeniň gyzgyny kadaly, ýöne käbir ýagdaýda 37,1-38,5°C ýokarlanýar we 1-3 güne çenli saklanar. Köplenç, näsagyň başy aýlanýar. Ganda neýtrofil leýkositleriň sany köpelýär (leýkositoz).

Nazofaringit, köplenç, sagalmak bilen gutarýar.

Meningit: meningokokk infeksiýanyň iň agyr görnüşi bolup, kelle beýnisiniň we oňurga gabygynyň sowuklama ýagdaýydyr. Kesel ýiti başlanýar, çaga üşäp başlaýar, gyzgyny 39-40° C-ä çenli galýar, güýçli kellesi agyrýar, gusup başlaýar. Ilki başda çaga öz aňynda bolup, soňra huşuny ýitirýär. Keseliň ilkinji sagadynda meningial alamatlary ýüze çykyp başlaýar: ýeňse myşsalarynyň dartylmagy, Kernigiň Brudzinskiniň alamatlary, kiçi çagalarda uly çeşmejigi çişip, dartylyp durýar. Bu näsaglar üçin «meningial ýatyş» ýagdaýy häsiýetlidir. Näsag gapdal ýatyp kellesi arka tarapa sallanýar, aýaklary dyz we but bogunlarda epilip garnyna berk dartylandyr. Näsag dürli hilli gyjyndyrmalara aşa duýgurlyk bilen jogap berýär. El-aýaklary titreýär, bütin bedeninde titreme ýagdaý ýüze çykýar. Kelle beýni nerw damarlarynyň zaýalanmagy mümkin: nistagm, gözleri çaşarýar.

Ganyň umumy derňewinde giperleýkositoz neýtrofilleriň hasabyna, *EÇT* tizleşýär.

Oňurga beýni punksiýasynda onuň suwuklygy basyş astynda akýar. Keseliň ilkinji günleri oňurga beýni suwuklygy dury, emma tiz wagtda bulançak, belogyň mukdary köpelýär (10-30 *g/l*).

Keseliň geçişi öz wagtynda bejergi başlansa amatlydyr. 12--14 günden bejergiden soň näsaglar sagalyp gidýär.

Beýni çişiniň alamatlary: gipertermiýa, aňynyň bozulmagy, titreme alamatlary, dem alyş, ýürek-damar ulgamynyň işiniň bozulmagy, derisi gyzarýar, emma örän tiz wagtda gögerýär, derleýär, bradikardiýa. Gan basyşy ýokarlanýar. Bu ýagdaýda dem alşynyň bozulmagy häsiýetlidir. Ilki bilen dem alşy çaltlanýar 1 min 50-60 gezek dem alýar, soňra dem alşyň ritmi bozulýar, ýüzleý sesli bolup, kömekçi myşsalar gatnaşýar. Dem alşyň durmagyndan näsag ýogalýar.

Meningokokksemiýa – esasy alamatlarynyň biri kesel başlanandan 5-15 sagat geçenden soň çaganyň bedenine gemorragiki örgünler örýär, gyzgyny galýar. Bogunlary hem-de göz almasynyň damarlary zaýalanýar. Örgünler köpräk otyr ýerlerinde, butlarynda, ellerinde bolýar.

Anyklanyşy: meningokokk infeksiýasy üçin esasy alamatlary: keseliň ýiti başlanmagy, gyzgynynyň ýokarlanmagy, näsagyň aňynyň ýitmegi, kellesiniň agyryp, başynyň aýlanmagy, käbir ýagdaýlarda aşa gyjynyjylyk häsiýetlidir. Mundan başga-da meningitde meningial alamatlaryň bolmagy degişlidir.

Esasy zat keseli anyklamak oňurga-bil punksiýasy. Oňurga suwuklygy bulançak, iriňli bolýar. Öýjük elementleriniň sany (sitoz) köpelýär.

Bejerilişi:

1. Öz wagtynda anyklamaly. Bejergi kompleksleýin bolýar.
2. Antibiotikler, penisillin ýokary dozada 200.000-400.000 *ED* çenli çaganyň agramyna baglylykda gije-gündizde her 3-4 sag sanjylýar. Eger-de pensilliniň peýdasy degýän bolsa näsagyň ýagdaýy gowulaşýar. Beden gyzgyny kadalaşýar. Meningial alamatlar peselýär. Oňurga beýni suwuklygynda gowlaşma alamatlary peýda bolýar.
3. Patogenetiki ýa-da dezintoksikasion bejergi berilýär. Bejerginiň bu görnüşinde intoksikasiýanyň alamatlary bilen göreşmeli:

a) näsaga köp mukdarda suw içirmeli.
b) wena damaryndan suwuklyklary goýbermeli dekstroza, glýukoza, Ringeriň ergini, kokarboksilaza, askorbin turşusy, gemodez.
4. Keseliň agyr ýagdaýynda gormonlar ulanylýar prednizalon, gidrokortizon.
5. Simptomatiki bejergi: neýroleptikler aminazin, galopridol, droperidol. Beýni çişinde degidratasion terapiýa geçirmeli. Şonuň üçin wena damaryndan 10-25% mannitol, laziks, furosemid ýaly derman serişdeler sanjylýar.

Näsagy bejermekde oňa gowy gözegçilik etmegiň gün tertibini dogry ýola goýmak, iýmitiň ýokary kuwwatly bolmagy zerurdyr.

HAPGYRTMA

Hapgyrtma – bu ýiti infeksion kesel bolup, gulak ýany, tüýkülik mäzleriniň sowuklap çişmegi we nerw ulgamynda üýtgeşmeleriň bolmagy bilen geçýän keseldir.

Hapgyrtmany filtrleýji wirus döredýär.

Keseliň gizlin döwri 18-20 günüň dowamynda bolup geçýär.

Epidemiologiýasy: infeksiýanyň çeşmesi näsag adam. Infeksiýa howa-damja ýoly arkaly geçýär, seýrek ýagdaýda gap-çanak, oýnawaçlaryň üsti bilen geçmegi mümkin.

Hapgyrtma bilen çagalar 5 ýaşdan 12 ýaşa çenli köp keselleýärler. Keselländen soň bedeninde ömürlik immunitet galýar. Kesel gyş-bahar pasyllarynda köp duş gelýär.

Alamatlary: kesel ýiti başlanýar, gyzgyny 38-39° C-ä çenli ýokary galyp, çaganyň gulak ýany mäzi bir taraplaýyn, käýagdaýda iki taraplaýyn çişýär. Çişiň ortasy gatyrak, gyralary ýumşak edil tegelenip goýlan hamyr ýalydyr. Çişi elläp basyşdyryp görenimizde agyry duýulýar, deriniň reňki üýtgemeýär. Çaga çeýnände, ýuwdanynda agyry güýçlenip, ol agyry gulagyna, boýnuna ýaýraýar. Çiş ilkinji 3-5 güne çenli saklanyp, soňra 8-10 günden çiş ýitip, tekizlenýär.

Beterleşmesi: submaksillit (tüýkülik mäzleriniň sowuklamasy), pankreatit, orhit (oglanlarda jyns mäzleriniň sowuklamasy), gyzjagazlarda ofarit, meningit.

Orhit – oglanlarda duş gelip, çagalaryň gyzgynynyň ýokary galmagy, ysgynsyzlyk, üşetme, tohumlyklarynda güýçli agyry, agyrynyň gasyklaryna, biline ýaýramagy bilen geçýär. Çaganyň ýumurtgasy çiş, ulalan, agyryly. Agyry zerarly çaganyň ýöreýşi üýtgeýär. Keseliň alamatlary 2-3 gün güýçli ýüze çykyp, 3-5 günden agyry azalyp, gyzgyny düşüp, ýagdaýy oňatlaşyp başlaýar.

Bejerilişi: simptomatiki bejergi ulanylýar.

Çagalara düşek düzgünini bellemeli. Esasanam, oglanlar hapgyrtma bilen kesellände dürli hereketli oýunlary, welosiped sürmek ýaly oýunlardan daşda durmaly. Çagalara köpräk suwuklyk içirmeli, agzyny 2% gidrokarbonat natriniň ergini bilen çaýkap durmaly. Iýmit suwuk ýa-da ýarym suwuk bolmaly.

Ulalan gulakýany mäziň duşuna sollýuks-lampasyny, *UWÇ*-terapiýa, minininiň lampasy, ýyly pagta goýmak maslahat berilýär. Simptomatiki bejergiden parasitamol siropda ýa-da gerdejik, doktor «Mom», ortofen ýaly derman serişdeleri bellenilýär.

Meningial alamatlary ýüze çyksa oňurga ýilik punksiýasyny geçirip, antibiotikleriň giň spektr täsirlisinden bermeli.

Öňüni almak: 12-15 aýlykda *MMR*, 6 ýaşda MMR_2 sanjymy ähli sagdyn çagalara 0,5 *ml* sanjylýar.

GANLY IÇGEÇME

Ganly içgeçme (dizenteriýa) bu ýokanç kesel bolup, içegäniň ýogyn bölegini zaýalaýar we garynda burgy görnüşinde agyry ýüze çykýar, täretde iriň we gan bolýar.

Bu keseli şu aşakdaky mikroblar döredýär:

1. Şigella Zonne.
2. Şigella Fleksnera.
3. Şigella Grigoryewa-Şiga.
4. Şigella Ştutsera-Şmitda.

Bu mikroblar daşky gurşawda örän tiz ýok bolýar hem-de hloramin, lizol, gipohlorid ýaly erginler tiz ýok edýärler. Ganly içgeçme keseliniň esasy çeşmeleri:

1) näsag adam,

2) bakteriýa göteriji.

Geçiş ýollary suw arkaly, hapa gök önümler arkaly, hapa el, siňekler arkaly ýokuşyp biler. Esasanam, bu kesel tomus-güýz aýlary köp duş gelýär.

Kliniki alamatlary: ganly içgeçme keseli şu aşakdaky görnüşinde ýüze çykýar. Onuň gizlin döwri 1-7 gün.

1. Kolit görnüşinde.
2. Gastroenterit görnüşinde.
3. Gastroenterokolit görnüşinde:
   a) ýeňil;
   b) orta agyr;
   ç) agyr görnüşi.

Ýeňil ganly içgeçmede syrkawyň gyzgyny üýtgemeýär ýa-da az-kem ýokary galýar, uly täreti 10 gezege çenli, täretinde iriň gan bolmaýar.

Orta agyr ganly içgeçmede uly täreti 10-15 gezekden tä 25 gezege çenli, güýçli burgy görnüşinde göbegiň daşynda agyry ýüze çykýar, täretinde iriň, gan bolýar, syrkawyň gyzgyny 38-39°C, ýüregi çalt urýar (tahikardiýa) gan basyşy peselýär, kellesi aýlanýar, kelle agyry, ysgynsyzlyk, işdäsi bolmaýar, syrkawy der basýar.

Agyr ganly içgeçmede näsag çaganyň haly agyrlaşýar. Uly täreti sansyz, diňe iriňli, ganly täret, soňra bolsa iriňem, ganam çykmaýar, ýöne näsagyň özünden gitmegi hem mümkin.

Ganly içgeçme keseli ýiti hem-de dowamly görnüşde bolmagy mümkin. Näsag 2-3 hepdeden oňat bolýar. Eger-de berhizi bozaýsa gaýtalanmagy mümkin.

Anyklanylyşy:

1. Kliniki alamatlaryň esasynda (ganly iriňli içgeçme, göbeginiň daşynda güýçli burgy görnüşinde agyry we ş.m.).
2. Laborator barlag esasynda:
   a) täretiň koprologiki barlagy;
   b) täretiň bakteriologik barlagy.
3. Rektoromanoskopiýa barlagy.

SALMONELLÝOZ

Salmonellýoz – bu ýiti ýokanç kesel bolup, salmonellalaryň döretmeginde, dürli kliniki formalarda, ýagny simptomsyz görnüşden tä agyr septiki görnüşe geçmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Sebäpleri: kesel döredigi salmonellalar, gram otrisatel taýajyklar bolup daşky gurşawyň faktorlaryna çydamlydyrlar. Salmonellalar suwda – 120 gün, et we kolbasa önümlerinde – 2-4 aý, doňdurylan etde – 1 ýyla çenli, süýtde – 10 güne çenli, mesge ýagda – 4 aýa çenli, syrda – 1 ýyla, ýumurtga poroşogynda – 3 aýdan 9 aýa çenli, toprakda – 28 aýa çenli saklanyp bilýärler, Salmonellalar et we et önümlerinde diňe bir saklanman, eýsem, önümiň daşky görnüşini, tagamyny üýtgemezden köpelýärler. Köp duş gelýän görnüşi *S* tiphimurium.

Epidemiologiýasy:

Keseliň çeşmesi: salmonellalar sagdyn haýwanlaryň ýagny iri we ownuk şahly mallaryň, doňuzlaryň, gemrijileriň, şeýle hem guşlaryň (ördek, gaz, towuk) aşgazan-içege ýollarynda ýerleşýärler. Şonuň üçin keseliň çeşmesi bolup iri we maýda şahly mallar, guşlar hyzmat edýär.

Keseliň çeşmesi bolup – näsag we sagdyn salmonella göterijiler hem bolup bilerler. Soňky wagtlarda salmonellýoz bilen çaga hassahanalarynda, dogruş öýlerinde kesellemeklik ýüze çykýar. Bu bolsa sanitar-gigiýeniki düzgünleriň berjaý edilmeýändigi sebäpli ýüze çykýar. Bu ýagdaýda keseliň çeşmesi medisina işgärleri, çaganyň enesi bolup biler.

Geçiş ýollary:

1. Galtaşma ýoly – çagalara gözegçilik edýän enesiniň, medisina işgärleriniň elleriniň üsti bilen, şeýle hem düşekleriniň, oýnawaçlaryň üsti bilen geçip biler.
2. Iýmitleriň üsti bilen, ýagny salmonellalar bilen zäherlenen et we et önümleri, süýt we süýt önümleri.

Sanitar-gigiýeniki şertler bozulan ýagdaýda ýaýrap biler.

Kliniki alamatlary: gizlin döwri 6-12 sagatdan 2-3 güne çenli. Kesel ýiti başlanýar. Ol ýeňil, orta agyr we agyr görnüşde geçip biler.

Ýeňil görnüşinde – näsagyň umumy ýagdaýy onçakly erbet däl, bedeniniň gyzgyny kadaly, ýöne garnynda agyry, birnäçe gezek içi geçýär, näsag gaýtarýar we birnäçe sagatdan bejergi geçirmezden ýagdaýy gowulaşýar.

Orta agyr görnüşinde – näsagyň bedeniniň gyzgyny ýokarlanýar, 38-39°C, garny agyrýar, köp gaýtarýar, täreti ýakymsyz ysly, aýaklary titreýär, gan basyşy peselýär, pulsy çalt. Birdenkä kollaps ýa-da suwsuzlygyň alamatlary ýüze çykmagy mümkin.

Agyr görnüşinde – intoksikasiýa alamatlary güýçli, ýagny näsagda üşetme, ýokary temperatura 39-40°C-ä çenli, näsag köp gaýtarýar, içi geçýär, ilki täretli, soňra täretsiz diňe suw (tüwi ýuwuntgysy) ýaly geçýär, ýakymsyz ysly. Aýaklarynyň myşsalarynda titreme ýüze çykýar. Sesi tutuk, boguk. Peşewiň bölüp çykyşy azalýar, sianoz artýar, gan basyşy düşýär, pulsy zordan sanalýar. Deri örtükleri, nemli bardalary gurak, gözüniň aşagynda garamtyl tegelek, deri örtükleri ýygyrt, kynlyk bilen ýazylýar. Gan lagtalanýar. Böwregiň zaýalanandygy anyklanýar, ganyň syworotkasynda bar belok immunoglobulinde azotyň mukdary ýokarlanýar. Şok ýüze çykar. Salmonellýozyň şu agyr görnüşi kähalatlarda mergi bilen deňeşdirmek bolar.

Bakteriýa göterijilik: bu görnüşde adamda kliniki alamatlar bolmaýar, ol diňe bakteriologiki we serologiki barlaglarda anyklanylýar.

Salmonellalary göterijiler 3 topara bölünýärler:

1. Ýiti bakteriýa göterijilik.
2. Dowamly bakteriýa göterijilik.
3. Tranzitor bakteriýa göterijilik.

1. Ýiti bakteriýa göterijiler salmonellalary 15 günden 3 aýa çenli bölüp çykarýarlar.
2. Dowamly bakteriýa göterijiler salmonellalary 3 aýdan köp bölüp çykarýarlar.
3. Tranzitor bakteriýa göterijiler barlag wagty anyklanylmaýar, 1 gezek «+» netije berse aýdylýar.

Anyklanyşy:

1. Keseliň kesgidini anyklamak üçin:

a) anamnezinde (iýmit iýeni bilen baglylygyna, bir önümiň birnäçe adamyň iýendigini) üns berilmeli;

b) kliniki alamatlaryna (gusýar, içi geçýär);
ç) bakteriologiki barlagyň netijesine (gusgy, aşgazan ýuwuntgysy, nejesady we iýmit galyndysy) seretmeli.

Bejerilişi:

1. Ýyly suw ýa-da gidrokarbonat natriniň 3% ergini bilen aşgazany ýuwmaly.
2. Agyr görnüşli näsaglary hassahana ýerleşdirmeli.
3. Ýeňil görnüşinde näsaglar aşgazany ýuwandan soň berhizi saklamaly we duzly erginleri içmek üçin bermeli. Has hem şu aşakdaky düzümli ergini berse boljak:

   Natriý hloridi – 3,5 *g*;
   Kaliýa hloridi – 1,5 *g*;
   Gidrokarbonat natriý – 2,5 *g*;
   Glýukoza – 20 *g*.

Duzly erginleri näçe suwuklyk ýitiren bolsa, şoňa görä hem goýberilýär. Wenadan kwartasol, disol, trisol, asesol ýaly erginleri goýbermeli.

4. Dezintoksikasion bejergi – ýagny poliglýukin, gemodez, reopoliglýukin goýbermeli.
5. Fermentoterapiýa – içegelerde ferment ýetmezçiligi sebäpli, pankreatin, panzinorm, festal bermeli.
6. Antibiotikoterapiýa – lewomisetin suksinat 1 ýaşdan ululara, ampisilin 5-7 gün.
7. Agyr görnüşinde gormonal serişdeler ulanylýar.
8. Näsaglar berhiz saklamaly, ýagny keseliň ilkinji güni dorog, kakadylan çörek, kisel, kampot, miwe şireleri bermek maslahat berilýär.

Öňüni alyş çäreleri:

1. Mallaryň soýluşyna, etiň işlenişine, et önümleriniň taýýarlanyşyna we saklanyşyna berk weterinar-sanitar gözegçiligini ýola goýmaly.
2. Näsag hassahana ýerleşenden soň bir hepde ojakda gözegçilik geçirmeli.
3. Iýmit edaralarynda, çaga edaralarynda işleýän işgärlere bir gezek bakteriologiki barlagdan geçirmeli.

4. Näsaglar doly sagalandan soň we nejesadyň 2 gezek bakteriologiki «–» netije berenden soň öýüne goýberilýär.
5. Iýmit edaralarynda işleýän, çagalar bagyna gatnaýan çagalar üç aýyň dowamynda gözegçilikde durýarlar we aýda bir gezek nejesady bakteriologik barlagdan geçirýärler.
6. Bakteriýa göterijiler iýmit we çaga edaralarynda işleýän bolsa işe goýbermek gadagan.

YSMAZ

Ysmaz keseli – ýiti wirusly ýokanç kesel bolup, merkezi nerw ulgamynyň, esasan hem, oňurga ýiliginiň seýrek ýagdaýlarda kelle beýnisiniň zaýalanmagy bilen häsiýetlendirilýär. Gysga wagtlaýyn ýokary temperaturadan soň el-aýaklarda, bedende ýaýran ysmaz emele gelmegi bilen ýüze çykýar.

Döredijiji: filtrleýji wirus ýa-da poliomiýelit wirusy. Bu wirus Landşteýner we Popper tarapyndan açylypdyr hem-de enterowiruslara degişlidir. Poliomiýelit wirusy daşky gurşawa örän durnukly, sowugy, gurakçylygy gowy geçirýär. Iýmit siňdiriş synalarynyň şireleri bilen ölmeýär. Antibiotiklere duýujy däl. Keseliň çeşmesi näsag adam we göterijiler. Häzirki döwürde ysmaz keseline garşy sanjymlar geçirilýänligi sebäpli ysmaz keseli ýok edildi.

Kliniki alamatlary: gizlin döwri ortaça 5-14 gün dowam edýär. Käbir ýagdaýlarda 2-4 güne çenli gysgalmagy, 35 güne çenli uzalmagy mümkin. Keseliň kliniki alamatlary başlandan soň 4 döwre bölünýär:

a) başlangyç ýa-da ysmazdan öňki döwür;
b) ysmaz döwri ýa-da paraliç döwri;
ç) dikeldiş döwri;
d) galyndy alamatlar döwri.

Keseliň başlangyç döwri: bedeniň gyzgynynyň ýokarlanmagyndan başlanýar. Ilkinji günlerden başlap, kataral alamatlar (rinit, nazofaringit, angina bronhit) ýüze çykýar. Käwagtlar bolsa iýmit siňdiriş ulgamynyň näsazlyklary (içiniň geçmegi ýa-da gatamagy) hem bolup biler. Merkezi nerw ulgamynyň umumy gyjyndyrma ala-

matlary we işiniň näsazlyk alamatlary anyklanýar. Kellesiniň agyrmagy, gaýtarmagy umumy gowşaklyk, ukyplylyk we ukypsyzlyk, käbir ýagdaýlarda samrama, titreme alamatlary bolup biler. Titreme, esasan hem, kiçi ýaşly çagalarda köp duş gelýär. Kelle we oňurga beýnisiniň gyjynyjylyk alamatlary ýüze çykýar. Kellesini we arkasyny öňe epende agyry, oňurga sütüni basylanda el-aýaklarda agyry hem-de umumy aşa duýujylyk alamatlar ýüze çykýar. Käbir ýagdaýlarda ýeňse myşsalarynyň dartylmagy Kernigiň, Brudzinskiniň alamatlary peýda bolýar. Oňurganyň agyrýanlygy sebäpli oňurga alamaty: oturýan näsag dodaklaryny öz dyzyna ýetirip bilmeýär. Sebäbi öňe epilen ýagdaýda iki eline daýanýar muňa bolsa «üçaýaklyk» alamaty diýilýär. Aňyny ýitirmeýär. Örän köp derleýär. Ysmazdan öňki döwür 2-5 gün dowam edýär. Oňurgada beýni suwuklygynyň üýtgemegi kellesiniň esasy alamatlarynyň biri bolýar. Suwuklyk iňňeden basyş netijesinde akýar. Emma ol durudyr. Onuň düzüminde limfositoz pleositoz 1 mm^3 – 100-200 öýjüge çenli anyklanylýar. Suwuklygyň düzüminde belok kadada ýa-da birneme köpräk bolýar. Emma keseliň 5 gününden soň belok köpelip başlaýar.

Ysmaz döwri: ýokary temperatura bilen bilelikde, ysmazlar, ýarym ysmazlar bilen häsiýetlendirilýär. Olar birden ýüze çykan ýaly bolýar. Emma üns berip, gözden geçirilende ysmazlaryň emele gelmesinden öň myşsalaryň gowşaklygy, refleksleriň ýoklugy anyklanylýar. Köplenç ýagdaýlarda, ysmazlar keseliň 5-nji güni, ondan 8-14-nji günleri gijiräk ýüze çykýar. Ysmazlar we ýarym ysmazlar dürli topar myşsalarda has köpräk aýaklaryň myşsalarynda 60-80% ýagdaýlarda, seýrek beden, boýun, garyn, dem alşa gatnaşýan myşsalarda bolup biler. Arka myşsalarynyň ysmazlary kelle beýni nerwleriniň zaýalanmagy bilen; köplenç, ýüz nerwiniň, gözi herekete getiriji, dil-damak, dilasty nerwleri, aşgazan nerwleri zaýalanyp, dem alşy we ýuwdunyşyň näsazlyklaryna getirip bilýär. Ysmaz kesellerinde myşsalar simmetriki däl zaýalanmaga ukyplydyr. Myşsalaryň atrofiýasy ysmaz alamatlary peýda bolandan soň 2-3 hepde geçenden soň ýüze çykýar. Göze görünýän atrofiýa 2-3 hepdeden soň anyklanylýar. Zaýalanan aýaklar sowuk hem-de gögümtil bolýar. Ysmaz döwri birnäçe günden bir iki hepdä çenli ýa-da ondan hem köp dowam etmegi mümkin.

Dikeldiş döwri: ilki bilen kelläniň agyrysy, köp halatlarda bolsa, oňurgalykdaky we el-aýakdaky agyrylar ýitýär. Ýuwaş-ýuwaşdan ysmaz bolan myşsalaryň funksiýasy dikelýär: işjeň hereketli we siňir refleksleri peýda bolýar. Dikeldiş döwri bir ýyldan üç ýyla çenli dowam edýär. Funksiýasy dikelmedik myşsalar atrofirlenýär (eti gurap, diňe süňk bolup galýar). Käbir ýagdaýlarda bogunlardaky hereketler çäklenýär. Oňa kontraktura diýilýär.

Galyndy alamatlar döwri: durnukly gowşak ysmaz, käbir myşsa toparlarynyň atrofiýasy, kontrakturasy we deformasiýasy bilen häsiýetlendirilýär. Köplenç, el-aýaklarda we bedeniň myşsalarynda kontrakturalar we deformasiýalar ýüze çykýar. Ysmaz keseli sanjym edilen çagalarda örän ýeňil geçýär ýa-da ysmaz emele getirmeýän görnüşleri bilen geçýär ýa-da ýeňil ýarym ysmazlar bilen çaga sagalýar. Hiç hili galyndy alamatlar galmaýar.

Keseliň anyklanylyşy: ysmaz wirusy, keseliň birinji hepdesinde näsagyň burun-damak boşlugynda, 6-7 hepdä çenli uly täretinde anyklamagy mümkin.

Bejerilişi:

1. Ysmaz keseline guman edilen näsaglar hökman hassahana ýerleşdirmeli. Düşek, gün tertibi, rahatlyk ýylylyk döretmeli.
2. Ýöriteleşdirilen bejergisi ýok.
3. Keseliň ilkinji günlerinde wit *C*-niň uly mukdary bellenilýär.
4. Ysmaz döwründe agyry aýryjy serişdeler analgin, salisilatlar ulanylýar.
5. Ýyladyjy melhemler bellenilýär: parafin, eger-de dem almak işi bozulan ýagdaýlarda ýöriteleşdirilen bölümlere ýerleşdirmeli we gerek bolan enjamlardan peýdalanmaly.
6. Keseliň ilkinji günlerinden başlap egrelmeleriň öňüni almak çärelerini geçirmeli: bedeni dogry ýagdaýda saklamaly, hem-de zaýalanan el-aýaklary dogry ýagdaýda saklamaly.

Dikeldiş döwründe keseliň 3-4 hepdesinden başlap nerwleriň arasyndaky we myşsa nerwleriň geçirijiliginiň gowulandyrmak üçin dermanlary ulanmaly. Prozerini içmeli ýa-da etiň içine sançmaly 10-15 günüň dowamynda, dibazol 20-30 günüň dowamynda 1 gije-gündizde bir gezek 0,001-0,005, glýutamin turşusy 10-15 günüň

dowamynda we şu döwürde geçirilýän fizioterapiýa aýratyn ähmiýete eýedir. Umumy wannalar: massaž, *UWÇ* bejergileri, diatermiýa. Agyr ýagdaýlarda ortopediň kömegi hökmandyr. Agyr galyndy alamatly çagalar üçin ýöriteleşdirilen mekdep, internatlar gurnalmalydyr.

Öňüni alyş çäreler:

1. Kesellän çagany örän ir anyklamaly we beýleki çagalardan aýratyn saklamaly ýa-da poliomiýelite güman edilen çagalar aýratyn saklanylýar we ýörite hassahanalarda ýerleşdirilýär.
2. Hassahana ýerleşdirilenden soň ýaşaýan öýünde, çagalar baglarynda, çagalaryň bar bolan ähli ýerlerinde gutarnykly dezinfeksiýa geçirmeli.
3. Keselläp sagalan çagalar, keseliň başlan gününden 40 gün geçenden soň öz öňki ýerine goýberilýär. Medisina gözegçiligi – her gün gyzgyny ölçäp durmaly.
4. Lukmanlaryň görkezmesi boýunça 7 ýaşa çenli çagalara we ondan ululara gamma–globulin geçirilýär.
5. Poliomiýelite garşy öňüni alyş sanjymlar ähli sagdyn çagalara 380-nji buýruk esasynda geçirilýär.

PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* «Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy». – Aşgabat, 2007 ý.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* «Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary». – Aşgabat, 2007 ý.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri». – Aşgabat, 2009 ý.
4. *Бисярина В. П.* «Детские болезни с уходом за детьми». – Москва, 1981 г.
5. *Святкина К. А.* «Детские болезни». – Москва, 1981 г.
6. *Бурая А. Н.* «Руководство к практическим занятиям по уходу за здоровым и больным ребенком». – Москва, 1989 г.
7. *Мазурин А. В.* «Общий уход за детьми». – Москва, 1989 г.
8. *Deryaýew Ýe.* «Baldan hem bala süýji». – Aşgabat ş, 1989 ý.
9. *Тур А. Ф.* «Детские болезни». – Москва, 1985 г.
10. *Мазурин А. В.* «Пропедевтика детских болезней». – Москва, 1985 г.
11. «Kiçi ýaşly çagalaryň iýmitlendirilişi». – Aşgabat ş, 2009 ý.
12. «Çaga kesellerini bütewi alyp barmak». – Aşgabat ş, 2009 ý.
13. «Bäbekleriň ilkinji reanimasiýasynyň meselelerine täzeçe garaýyşlar». – Aşgabat ş, 2009 ý.
14. «Sagdyn çagalary ýetişdireliň». – Aşgabat ş, 2005 ý.
15. «Ene süýdi bilen emdirmegiň esaslary. Bäbeklik döwründäki hem-de kiçi ýaşly çagalaryň iýmitlendirilişi». – Aşgabat ş, 2007 ý.

MAZMUNY

Giriş 7
Pediatriýa ylmynyň gysgaça taryhy 8
Çaga döwürleri we onuň häsiýetlendirilişi 10
Çaganyň fiziki ösüşine baha bermek 11
Çaganyň nerw – psihiki ösüşi 14
Çagalaryň nerw ulgamynyň anatomo-fiziologiki aýratynlyklary 14
Çagalaryň iýmit siňdiriş synalarynyň anatomo-fiziologiki aýratynlyklary 16
Kiçi ýaşly çagalaryň iýmitlendirilişi 17
Kiçi çagalary iýmitlendirmegiň dürli görnüşleriniň atlandyrylyşy 18
Garyşyk iýmitlendiriş 21
Emeli süýt garyndylarynyň görnüşleri 22
Emeli iýmitlendiriş 24
Goşmaça iýmitleriň berliş düzgünleri 25
Çagalara goşmaça naharlaryň berilmeli wagty 28
Bir ýaşdan uly çagalary iýmitlendirmek 30
Howpsuz enelik boýunça Milli maksatnamanyň esaslary 31
Ýetik doglan bäbegiň anatomo-fiziologiki aýratynlygy 33
Kemis doglan bäbek. Alamatlary. Gözegçilik etmek 39
Çaganyň deri we deri asty ýag gatlagynyň aýratynlyklary 42
Çaganyň dogabitdi ösüş kemislikleri 44
Nesil yzarlaýan keseller 47
Bäbekleriň gemolitiki sarygetirme keseli 49
Bäbekleriň ilkinji reanimasiýasy 50
Bäbekleriň dogluş şikesleri 54
Bäbekleriň göbek we deri keselleri 56
Bäbekleriň sepsisi 58
Rahit 60
Spazmofiliýa 63
Eksudatiw-kataral diatezi 66
Türkmenistanda içgeçme kesellerine garşy Milli maksatnama diareýalar 69
Diareýalar 69
Gipotrofiýa (igleme) 73